**Penaýew G., Uwdiýew T., Hanaýewa J.,**
**Nyýazgylyjow A., Bakyýew I.,**
**Ekäýew P., Ussaýew Ç.**

# ZÄHMETIŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

**AŞGABAT-2010**

**G.Penaýew, Uwdiýew T., Hanaýewa J., Nyýazgylyjow A., Bakyýew I., Ekäýew P., Ussaýew Ç.**

**Zähmetiň ykdysadyýeti.**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. –A.: 2010

“Zähmetiň ykdysadyýeti” okuw gollanmasy girişden, dört bölümden, ýigrimi bäş bapdan we peýdalanylan edebiýatlardan ybarat. Gollanmanyň I-bölümi-Zähmetiň ykdysadyýetine, II-bölümi-Zähmet görkezijilerine, III-bölümi-Zähmet proseslerini kadalaşdyrmaklyga, IV-bölüm-Zähmetiň şertlerini we goraglylygyny guramaklyga degişlidir. Okuw gollanmasy ykdysady hünärler boýunça okaýan talyplara, ykdysatçylara we zähmetiň ykdysadyýeti bilen gyzyklanýanlara niýetlenendir.

.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**

**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**



# *GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY*

**Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.**

**Gaýtalama:**

**Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.**

**Gaýtalama:**

**Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**



## *Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň*

# *KASAMY*

**EZIZ TÜRKMENISTAN - ATA WATANYM,**
**GURBAN BOLSUN SAŇA BU JANYM-TENIM !**
**EGER-DE MEN SAŇA SÄHELÇE ŞEK ÝETIRSEM,**
**GOÝ, MENIŇ ELIM GURASYN !**
**EGER-DE MEN SAŇA DIL ÝETIRSEM,**
**GOÝ, MENIŇ DILIM GURASYN !**
**EGER-DE MEN TÜRKMENISTAN WATANYMA,**
**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINE**
**DÖNÜKLIK ETSEM,**
**GOÝ, MENIŇ ÖMRÜM KÜL BOLSUN !**

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yglan eden Täze galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasynda alyp barýan içerki we daşarky syýasatlarynyň içinde zähmet bilen baglanşykly meseleler esasylaryň hatarynda durýar. Ilatyň zähmet girdejilerini yzygiderli artdyrmak, işgärleriň aýlyk haklaryny ýokarlandyrmak, zähmet baradaky kanunçylygy kämilleşdirmek, ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak babatda işleri durmuşa geçirmek ýurdumyzda alnyp barylýan sosial syýasatyň mazmunyny düzýär. Toplumlaýyn amala aşyrylýan döwlet maksatnamalarynda, şol sanda, “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin” Milli maksatnamasynda ýurdumyzda sosial-zähmet gatnaşyklaryny kamilleşdirmeklige, ilatyň ýaşaýyş we zähmet medeniýetini ýokarlandyrmaga uly uns berilýär. Zähmetiň ykdysadyýeti ylmy hem, öz gezeginde, tutuş jemgyýetdäki we kärhanalardaky sosial-zahmet gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri çözmegi wezipe edinýär. Şu nukdaý nazardan alanyňda, “Zähmetiň ykdysadyýeti” dersi boýunça okuw gollanmanyň taýýarlanmagynyň ähmiýeti örän ýokarydyr.

“Zähmetiň ykdysadyýeti”okuw gollanmasynyň esasy maksady Hormatly Prezidentimiziň zähmet meselesinde alyp barýan syýasatynyň mazmunyny talyp ýaşlara düşündirmekden, şeýle hem talyplaryň zähmet bilen baglanyşykly düşünjelerini has-da giňeltmekden we çuňlaşdyrmakdan ybaratdyr.

Zähmetiň ykdysadyýeti ylym hökmünde zähmet gatnaşyklarynyň çäginde ykdysady kanunalaýyklyklary öwrenýär. Okuw gollanmasynda zähmet we zähmet gatnaşyklarynyň nazaryýet we amaly taraplary giňden öwrenilýär.

“Zähmetiň ykdysadyýeti” okuw gollanmasy girişden, dört bölümden, ýigrimi bäş bapdan we peýdalanylan edebiýatlardan ybarat. Okuw gollanmasy ykdysady hünärler boýunça okaýan talyplara, ykdysatçylara we zähmetiň ykdysadyýeti bilen gyzyklanýanlara niýetlenendir.

# I-BÖLÜM ZÄHMETIŇ YKDYSADYÝETI

## I-bap. “Zähmetiň ykdysadyýeti” dersiniň predmeti we mazmuny

Zähmet adamyň hem-de jemgyýetiň ösmeginde uly rol oýnaýar. Zähmet jemgyýetçilik hadysasydyr. Zähmet diňe bir öndürijiniň islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem jemgyýetçilik isleglerini hem göz öňünde tutýar.

***Zähmet*** – munuň özi jemgyýetçilik we şahsy isleglerini kangatlandyrmak üçin zerur bolan maddy hem-de ruhy gymmatlyklary öndürmekdlige gönükdirilen adamlaryň maksada laýyk işidir.

Zähmet prossesi adamlaryň maksadalaýyk işlerinden, ýagny, zähmetiň özünden, zähmet predmetlerinden we zähmet serişdelerinden ybarat bolup durýar.

Zähmet predmeti-bu adamyň zähmetiniň gönükdirilen zadydyr.

Zähmet serişdesi-bu adamyň zähmet predmetine täsir etmekde ulanýan guralydyr. Zähmet serişdeleri we zähmet predmetleri birleşip, önümçilik serişdelerini emele getirýärler.

Zähmet prossesini doly öwrenmek üçin oňa ikitaraplaýyn çemeleşilýär.

1. Zähmete maddy we ruhy baýlyklary dörediji hökminde garamak;
2. Zähmete jemgyýetçilik prossesi hökmünde garamak.

Önümçilik prossesinde adamlar diňe bir tebigat bilen däl, eýsem biri-birleri bilen hem zerur bolan önümçilik aragatnaşyklaryna girýärler. Zähmet prossesinde adamlaryň arasyndaky döreýän aragatnaşyklar zähmetiň jemgyýetçilik häsiýetini emele getirýär.

***Zähmetiň ykdysadyýeti ylym*** hökmünde diňe bir adamyň tebigata bolan gatnaşygyny ýa-da takyk zähmetiň maddy tarapyny däl-de, eýsem zähmeti tehniki tarapdan guramagyň kadalaryny hem öwrenýär. Şelýle hem, zähmetiň ykdysadyýeti jemgyýet tarapyndan önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakda, ony

maddy we ruhy taýdan höweslendirmekde, işçi güýjüni taýýarlamakda, zähmeti guramakda ykdysady kanunlaryň takyk usullarynyň ulanylyşyny öwrenýär. Öwrenilýän dersiň mazmuny jemgyýetçilik zähmetiň guralyşyndan we öndüriji güýçleriniň ösüşi bilen önümçilik gatnaşyklarynyň arabaglanyşygyndan ybaratdyr.

Zähmet döräli bäri jemgyýetçilik görnüşe eýedir. Sebäbi, zähmet köplenç halatda, kollektiwleýin alnyp barylýar.

***Zähmetiň ykdysadyýeti dersi şu*** aşakdakylary öwrenýär:

- Zähmeti guramagy;
- Zähmete hak tölenilişini;
- Zähmet öndürijilgini;
- Zähmet görkezijilerini;
- Kadrlary taýýarlamgyň, gaýtadan taýýarlamagyň we hünärini ýokarlandyrmagyň usullaryny;
- Zähmeti prosseslerini kadalaşdyrmagy;
- Zähmetiň şertlerini we goraglylygy guramagy;

***Zähmet isiniň mazmuny*** kesgitlenilende şu aşakdakylar hasaba alynýar:

1. Zähmet adamlaryň we tebigatyň arasyndaky zatlaryň çalşygyny özünde jemleýär;
2. Zähmet tebigat bilen bir hatarda islendik baýlygyň çeşmesidir;
3. Zähmet prossesinde adam täze islegi-isleg ödeýiş gymmatyny döredýär, biologiki hem-de sosial ynsan hökmünde üýtgeýär. Adamda zähmete bolan ukyplylyk ösýär, bilim we önümçilik tejribesi toplanýar. Zähmet adamyň ilkinji we esasy ýaşaýyş şertine öwrülýär;
4. Zähmet adamlaryň öňde goýan maksatlaryna ýetmek üçin alyp barýan işleridir;
5. Zähmet prossesiniň aňly-düşünjeli guralmagy adamlary beýleki jandarlardan tapawutlandyrýar;
6. Zähmet kesgitli jemgyýetçilik toparlarynyň, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çäginde adamlaryň amala aşyrýan toplumlaýyn işleriniň jemini özünde jemleýär. Şeýlelikde,

zähmet jemgyýetçilik görnüşe eýe bolýar we sosial gatnaşyklaryň kemala gelmegine esas bolýar;

7. Zahmet prossesiniň dowamynda jemgyýetçilik ähmiýeti bolan maddy we ruhy gymmatlyklar döreýär.

Zähmet adamlaryň durmuşy we jemgyýet üçin zerur bolanlygy, şeýle hem zähmetiň köptaraplaýynlygy sebäpli birnäçe ylymlar tarapyndan öwrenilýär. Zähmete degişli ylymlaryň hersi zähmetiň özboluşly aýratynlyklaryna seredip geçýär. Zähmeti öwrenýän ylymlary şertleýin böleklere bölüp bolar:

1. Zähmetiň sosial-ykdysady taraplaryny-zähmetiň ykdysadyýeti, zähmetiň sosiologiýasy, zähmetiň statistikasy, zähmet prosseslerini kadalaşdyrmak dersleri öwrenýärler;
2. Biologiki tarapyny-zähmetiň psihologiýasy, zähmetiň gigiýenasy, zähmetiň fiziologiýasy dersleri öwrenýärler;
3. Hukuk tarapyny- zähmet hukugy, zähmeti goramak dersleri öwrenýärler.

Agzalan dersleriň her biri özara baglanyşyklydyr. Sebäbi, olaryň hemmesiniň öwrenýän obýekti zähmet prossesisidir. Mysal üçin, zähmetiň sosiologiýasy zähmet prosessini sosial şertler bilen arabaglanyşykda öwrenýär.

Zähmetiň ykdysadyýeti ylmynda statistiki maglumatlar, barlaglary geçirmekde toparlama, ortaça, indeksleýin usullary giňden ulanýar. Öz gezeginde zähmetiň statistikasy zähmeti guramak boýunça zähmetiň ykdysadyýetiniň gelen netijelerini ulanýar. Bu ylymlaryň arabaglanyşygy zähmet öndürijiligi, kärhanalarda işçileriň sany we hili, hak tölenilişi öwrenilende has hem artýar. Zähmet görkezijileri zähmet boýunça statistiki hasabatyň görkezijilerini kesgitleýär.

“Zähmetiň ykdysadyýeti” “Zähmeti kadalaşdyrmak” dersi bilen hem arabaglanyşyklydyr. “Zähmetiň ykdysadyýeti” zähmet öndürijiligi hasaplanylanda, işçileriň sany kesgitlenilende, zähmeti guramagyň görnüşleri kämilleşdirilende, hak tölenilişi kesgitlenende zähmeti kadalaşdyrmagyň maglumatlaryny ulanýar.

Öz gezeginde zähmet kadalaşdyrylanda zähmetiň ykdysadyýetiniň netijeleri ulanylýar.

Zähmet prosessiniň psihofiziologiki taraplary birnäçe biologiki ylymlaryň üsti bilen öwrenilýär. Zähmetiň gigiýenasy, zähmetiň fiziologiýasy, zähmetiň psihologiýasy ýaly ylmy dersler muňa mysal bolup biler. Bu ylymlar ykdysady hadysalara baha bermäge, zähmet prosessini we zähmeti guramagy kämilleşdirmegiň usullaryna oňat düşünmeklige mümkinçilik berýär.

"Zähmetiň ykdysadyýeti" "Zähmet hukugy" dersi bilen hem arabaglanyşyklydyr. "Zähmet hukugy" zähmet gatnaşyklaryny, kärhanalaryň we işgärleriň hukuklaryny we borçlaryny sazlaşdyrýar. "Zähmet hukugy" zähmeti guramaga uly täsir edýär. Adamlaryň zähmet çekmäge bolan hukuklarynyň ýerine ýetirilmegine, işgärler bilen üpjünçilik meselesesinň çözülmegine, zähmet tertibiniň berkidilmegine, hak tölenilişiginiň ýörelgeleriniň berjaý edilmegine has hem täsir edýär.

"Zähmetiň ykdysadyýeti" "Zähmeti goramak" dersi bilen hem arabaglanyşyklydyr. Zähmeti goramaklygyň we tehniki howpsuzlygyň talaplaryny doly we dogry berjaý etmeklik zähmeti guramaklygyň we netijeliligini ýokarlandyrmagyň möhüm şertleriniň biri bolup durýar.

Agzalyp geçilen jemgyýetçilik we tebigy ylymlar zähmetiň dürli taraplaryny öwrenýärler. "Zähmetiň ykdysadyýeti" bolsa olaryň hemmesini birikdirip, zähmet baradaky syýasaty alyp barmakda ulanylýar.

***Zähmeti guramak*** – bu önümçilikdäki işgärleriň arasyndaky netijeli gatnaşyklardyr. Zähmeti guramak bilen önümçiligi guramagy tapawutlandyrmak bolýar. Zähmeti guramagyň maksady önümçilikde adamyň zähmeti üçin oňaýly şertleri döretmekden ybarat. Önümçiligi guramagyň maksady bolsa, ulanylýan çig mallary we enjamlary ýokary netijeli peýdalanmakdan durýar. Bu hadysalar özara baglanyşyklydyr. Zähmeti, önümçiligi guramak täze tehnikanyň, tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy bilen üýtgeýär we kämilleşýär. Şeýlelikde, öndüriji güýçleriniň ösmegi we önümçilik gatnaşyklarynyň

kämilleşmegi zähmeti we önümçiligi guramagyň özgermegine getirýär.

Zähmeti guramagyň birnäçe görnüşleri bar. Zähmeti guramagyň görnüşleriniň her biri önumçiligiň derejesine görä belli bir wezipeleri çözýär. Olara:

1. Halk hojalygynyň pudaklarynda zähmeti guramak;
2. Kärhanalarda zähmeti guramak;
3. Iş ýeriniň çäginde zähmeti guramak;

Agzalan görnüşleriň her biri zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak we işgärler üçin oňaýly şertleri döretmek maksady bilen anyk wezipeleri çözýärler.

Mysal üçin, zähmeti halk hojalygynyň derejesinde guramak halk hojalygynda döredilýän täze iş ýerleri, olaryň pudaklaryň arasynda paýlanyşyny, bir pudakdan başga pudaga işçileriň geçmeginiň sanyny we sebäbini öwrenýär.

Zähmeti halk hojalygynyň pudaklarynda guramak (senagat, oba hojalyk, gurluşyk, ulag) her bir pudaga degişli wezipeleri çözýär. Munda pudaga degişli kärhanalaryň hojalyk aragatnaşygynyň berkligini hem-de zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin pudakda bar bolan şertleriň doly ulanylmagyny gazanmak esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Zähmeti kärhanalarda guramak has takyk wezipeleri çözýär. Bir pudaga degişli aýry kärhanalarda hem zähmeti guramagyň dürli görnüşleri ulanylýar. Sebäbi, her bir kärhanada enjamlaryň ulanylyşy, tehnologiki prosessleriň, ýokary hünärli işgärleriň sany dürli-dürlidir. Kärhanada zähmeti guramagyň esasy wezipesi- işgärler bilen ulanylýan enjamlaryň, zähmet serişdeleriniň we çig mallaryň arasyndaky önümçilik gatnaşygyny gowulandyrmakdan durýar.

Zähmet hadysalaryny öwrenmek zähmeti guramagyň ýene bir wezipesidir. Önümçilikdäki işi ýerine ýetirmek üçin kabul edilen zähmet hereketleri işçiniň we enjamyň sarp edýän wagtyna, işçiniň ukybyna, öndürilýän önümiň mukdaryna we hiline uly täsir edýär. Zähmet usuly enjamyň netijeli ulanyljak wagtyna we oňa

hyzmat etmegiň tertibini kesgitlemegi, köp enjama hyzmat edilende, işçiniň hereketini saýlap almagy göz öňünde tutýar.

Zähmet usullary öwrenilende üç bölege bölmek maksada laýyk hasaplanylýar:

1. Öňdebaryjy tejribäni toplumlaýyn öwrenmek;
2. Zähmetiň öňdebaryjy tejribesini umumylaşdyrmak we olary ornaşdyrmak üçin zerur bolan guramaçylyk çärelerini taýýarlamak;
3. Öňdebaryjy tejribäni önümçilige ornaşdyrmak.

Önümçilikde iş ýerini dogry guramaklyga köp zat bagly bolup durýar. Iş ýeri diýen düşünjä işçiniň zähmet çekýän ýeri, ony zerur bolan enjamlar, gurallar, çig mallar, ulag we aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün etmek, olaryň işini guramak degişlidir.

Iş ýerini dogry guramagyň esasy wezipeleriniň biri zähmet prossesini ýerine ýetirmek üçin öňdebaryjy tejribeleri ulanmaga amatly şertleri döretmek bolup durýar. Bu bolsa öz gezeginde işi ýerine ýetirmek üçin wagtyň az sarp edilmegine, işçiniň we enjamyň ýokary netijeli peýdalanylmagyna, işçiniň iş ukybynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Zähmeti guramaklygyň çözýän wezipelerini üç topara bölmek bolar:

1. Ykdysady;
2. Sosial;
3. Psihofiziologiki wezipeler.

Zähmeti guramagyň ykdysady wezipeleri zähmet prossesine gatnaşýan zähmet resurslaryny we ulanylýan enjamlary, gurallary, çig mallary netijeli peýdalanmakdan ybaratdyr.

Sosial wezipeler zähmet şertlerini kämilleşdirmekden, zähmetiň häsiýetini üýtgetmekden, işçileriň zähmete bolan höwesini artdyrmakdan ybaratdyr.

Psihofiziologiki taýdan zähmeti guramak işçileriň saglygyna zeper ýetirmezden, olaryň işe ukyplylygynyň ýokarlanmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

Zähmeti guramagyň esasy ýollary şulardan ybarat:

- önümçilige ornaşdyrylýan täze enjamlary göz öňünde tutup, zähmetiň netijeli usullaryny peýdalanmak;
- iş ýerine hyzmat edilişi we onuň guralyşyny gowulandyrmak;
- oňaýly iş şertlerini döretmek;
- iş we dynç alyş wagtynyň möçberini kesgitlemek, olary kämilleşdirmek;
- hünär taýýarlygynyň netijeli görnüşlerini we usullaryny ulanyp, ýokary hünärli, işe ukyply we höwesli işçileri taýýarlamak;
- zähmeti maddy we ruhy taýdan höweslendirmek.

Zähmeti guramaklyk işçi güýjüniň netijeli peýdalanmagyny üpjün edýän çäreler toplumyndan ybaratdyr. Başgaça aýdylandya, olara zähmeti guramagyň elementleri diýilýär. Zähmeti guramagyň esasy elementleri aşakdakylardan ybaratdyr:

- zähmet bölünişigi we birleşmegi;
- zähmet haky we zähmeti kadalaşdyrmak;
- işgärleri taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak;
- zähmet düzgün-nyzamy;
- iş ýerlerini guramak we olara hyzmat etmek;
- zähmet şertleri we zähmeti goramak;

Zähmet bölünişigi we zähmetiň birleşmegi ony guramagyň esasyny düzýär. Olar her bir işgäriň zähmet prosessindäki ornuny, onuň funksiýasyny we borçlaryny, şeýle hem zähmetiň hiline we işgärleriň hünärine bolan talaplaryny kesgitleýärler.

Zähmet bölünişigi we zähmetiň birleşmegi zähmet prosessiniň oňaýly geçmegini üpjün edýän tehniki we tehnologiki serişdelere baglydyr. Sebäbi, olar zähmet bölünişiginiň esasyny emele getirýärler. Şeýle hem, dürli önümçilik prosessleriň böleklere bölünmegiň ýa-da birleşdirilmegiň netijeli usullaryny ýüze çykarýar we işi ýerine ýetirmegiň yzygiderlilikde alnyp barylmagyna getirýär.

Tehnikanyň we önümçilik tehnologiýasynyň kämilleşmegi bilen işgärleriň hünärlerine bolan talaplar yzygiderli artýar. Şu sebäpli işgärleri taýýarlamak we olaryň hünärmenlik derejesini ýokarlandyrmak zähmeti guramagyň esasy elementleriniň biri bolup durýar.

Zähmeti guramaklyk diňe belli bir kärdäki we hünärli adamlaryň önümçilik üçin zerur bolan sanyny hasaplamak bilen çäklenmän, eýsem olary önümçilikde ýerleşdirmek, işleri öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gazanmak ýaly çäreleri öz içine alýar. Şeýlelikde, zähmet düzgün-nyzamy zähmeti guramakda ähmiýetli elementleriň biri bolup durýar.

Zähmeti guramagyň esasy elementi höküminde zähmet düzgün-nyzamy Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilýär. Hususanda. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň X-bölümi zähmet düzgün-nyzamyny kadalaşdyrmaklyga bagyşlanandyr.

***Zähmet düzgün-nyzamy*** – munuň özi Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, ähli işgärler üçin özüni alyp barmagyň kesgitlenen kadalaryna boýun egmegidir.

Zähmet düzgün-nyzamy kadaly iş üçin zerur bolan durmuş-ykdysady we guramaçylyk-tehniki şertleri döretmek arkaly yhlasly zähmet üçin höweslendirmegiň usullary bilen, yhlassyz işgärlere temmi çärelerini ulanmak bilen üpjün edilýär.

Iş beriji Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, işgärleriň zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmek üçin zerur şertleri döretmäge borçludyr.

Kärhanada zähmet tertibi içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen kesgitlenýär.

Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary Türkmenistanyň Zähmet Kodeksine we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işgärleri işe kabul etmegiň we işden boşatmagyň tertibini, zähmet şertnamasynyň taraplarynyň esasy hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini, iş düzgünini, dynç alyş wagtyny, işgärlere ulanylýan höweslendiriş we temmi

çärelerini, şeýle hem kärhanada zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki meseleleri öz içine alýar.

Işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan tertipnamalar, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnamalar hereket edýärler.

Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy ýa-da kärhananyň işgärleriniň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tassyklanylýar. Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) goşundysy bolup durýar.

Işgäre işde gazanan üstünligi üçin höweslendirme çäreleri ulanylýar. Höweslendirmäniň görnüşleri, olary ulanmagyň tertibi, artykmaçlyklaryň we ýeňillikleriň berilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda zähmet düzgün-nyzamy hakynda zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk), tertipnama we düzgünnama bilen kesgitlenilýär. Işgärler jemgyýetiň we döwletiň öňünde bitiren aýratyn zähmet hyzmatlary üçin döwlet sylaglaryna hödürlenilip bilner.

Zähmete hak tölemegiň ulgamy tarapyndan göz öňünde tutulan goşmaça tölegleri, goşmaça haklary, sylaglary we beýleki tölegleri goşmak bilen zähmet haky höweslendirmäniň görnüşlerine degişli däldir.

Düzgün-tertip nyzamynyň temmisiniň hereket edýän möhletiniň dowamynda işgäre höweslendiriş çäreleri ulanylmaýar.
Zähmet üçin höweslendirme çärelerine şular degişlidir:

1. Minnetdarlyk bildirmek;
2. Birwagtlaýyn baýrak bermek;
3. Gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak;
4. Hormat haty bilen sylaglamak.

Köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen höweslendirmegiň beýleki çäreleri hem göz öňünde tutulyp bilner. Işgäriň sylaglary we höweslendirmeleri hakyndaky maglumatlar zähmet depderçesine girizilýär.

Türkmenistyň kanunçylygynda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin şu aşakdaky düzgün-nyzam temmileri göz öňünde tutulýar:

1. Duýduryş;
2. Käýinç;
3. Berk käýinç;
4. Işden çykarmak.

Şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylyk namalary, tertipnamalar, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnamalar bilen işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin beýleki düzgün-nyzam temmileri hem ulanylyp bilner.

Düzgün-nyzam temmileri ulanylanda işgäriň eden etmişiniň agyrlygy, ol amal edilendäki ýagdaýlar, işgäriň şol etmişden öňki döwürde özüni alyp barşy, işe bolan garaýşy göz öňünde tutulýar. Iş beriji edilen etmişiň agyrlyk häsiýetine baglylykda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulandygy üçin düzgün-nyzam temmi çäreleriniň islendigini ulanmaga haklydyr. Zähmet hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda, tertipnamalarda, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnamalarda göz öňünde tutulmadyk düzgün-nyzam temmilerini ulanmaklyga ýol berilmeýär.

Düzgün-nyzam temmisi bu işgäri işe kabul etmäge (saýlamaga, tassyklamaga we wezipä bellemäge) hukuk berlen edara ýa-da adam tarapyndan ulanylýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna, tertipnama, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnama laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligini çekýän işgärlere düzgün-nyzam temmileri edaranyň ýokarda duran edaralary tarapyndan hem berlip bilner. Saýlawly wezipeleri eýeleýän işgärler diňe olary saýlan edaranyň karary boýunça we diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça işden boşadylyp bilner.

Düzgün-nyzam temmisini ulanmazdan öň işgärden ýazmaça düşündiriş talap edilýär. Işgäriň ýazmaça düşündirişi ýazmakdan ýüz öwürmegi onuň öň eden etmişine temmini ulanmak üçin päsgel bolup bilmeýär. Her bir etmiş üçin diňe bir düzgün-nyzam temmisi ulanylýar.

Düzgün-nyzam temmisi gös-göni etmiş ýüze çykandan soň bir aýdan gijä goýman, ýöne şol etmiş edilenden alty aý geçmedik bolsa, işgäriň kesel bolan wagtyny ýa-da onuň zähmet rugsadyndan bolan wagtyny hasaba almazdan, derňewiň netijeleri, maliýe-hojalyk işiniň barlagynyň ýa-da auditor barlagynyň netijeleri boýunça onuň amal edilen gününden iki ýyldan gijä goýman berilýär. Görkezilen möhletlere jenaýat işi boýunça önümçiligiň wagty goşulmaýar. Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, karar delillerini görkezmek bilen işgäre üç iş gününiň dowamynda gol çekdirilip mälim edilýär. Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, onuň çykarylan gününden başlap karar bilen tanyşdyrylmadyk işgäriň düzgün-nyzam temmisi ýok hasap edilýär. Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, karar bilen tanyşmakdan ýüz öwren işgäre, oňa gatnaşan şaýatlary görkezmek arkaly nama bilen resmileşdirilýär. Şeýle halatda işgär düzgün-nyzam temmisiniň ulanylandygy hakyndaky buýruk, karar bilen tanyşdyrylan hasap edilýär.

Eger bir ýylyň dowamynda işgäre ulanylan düzgün-nyzam temmisinden soň, oňa täze düzgün-nyzam temmisi berilmedik bolsa, onda onuň düzgün-nyzam temmisi ýok hasaplanýar. Şunda düzgün-nyzam temmisi buýruk, karar çykarylmazdan öz-özünden aýrylýar.

Düzgün-nyzam temmisini ulanan iş beriji, eger temmi berlen täze etmiş etmän we özüni ynamly işgär hökmünde görkezen bolsa, bir ýyl dolmanka hem öz başlangyjy, işgäriň haýyşy, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň teklipnamasy ýa-da zähmetkeşler toparynyň, şeýle hem gös-göni işgäriň ýolbaşçysynyň haýyşy boýunça temmini aýyrmaga haklydyr.

Iş beriji öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary tarapyndan zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň kanunçylygy, köpçülikleýin şertnamanyň, ylalaşygynyň şertleri bozulan halatynda kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasynyň ýüztutmasyna seretmäge we onuň netijeleri hakynda kärdeşler arkalaşygyna ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasyna habar bermäge borçludyr. Eger düzgün

bozulmalar hakyndaky faktlar tassyk bolsa, iş beriji öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärhananyň ýolbaşçysyna, onuň orunbasarlaryna eýeleýän wezipesinden boşadylmagyna çenli düzgün-nyzam temmisini bermäge borçludyr.

Zähmetiň aýratyn häsiýeti bolan işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň düzgün-nyzam jogapkärçiliginiň aýratynlyklary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Düzgün-nyzam temmisine Türkmenistanyň zähmet kanunçylgyna laýyklykda, bellenilen tertipde şikaýat edilip bilner. Zähmet jedellerine seredýän edara edilen etmişiň agyrlygyny, onuň amala aşyrylan ýagdaýlaryny, işgäriň ozalky tertibini, onuň zähmete bolan garaýşyny, şeýle hem eden etmişiniň agyrlygynyň düzgün-nyzam temmisine laýyklygyny göz öňünde tutmaga borçludyr. Düzgün-nyzam temmisi edilen etmişiň agyrlygyna laýyk gelmeýär diýip hasap eden mahalynda zähmet jedellerine garaýan edara düzgün-nyzam temmisini ulanmak hakyndaky buýrugy ýatyrýar.

## II-bap. Zähmet öndürijiligi: mazmuny, görkezijileri, kesgitleniş usullary, täsir edýän faktorlary we ösüş mümkinçilikleri

Ykdysadyýetiň ösüşi üçin zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak hemişe esasy meseleleriň biri bolup durýar. Häzirki wagtda zähmet öndürijiliginiň ähmiýeti has hem artýar. Bu bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde eýeçiligiň köpdürliligi we bäsleşigiň giňden ýaýbaňlanmagy bilen düşündirilýär. Zähmet öndürijiligi diýip önüm öndürilýän hadysasynyň netijeliligine düşünilýär. Zähmet öndürijiligi belli bir wagtyň dowamynda öndürilen önümiň mukdary bilen ölçelýän görkezijidir. Zähmet öndürijiliginiň göni we garşylyklaýyn görkezijilerini tapawutlandyrýarlar. Zähmet öndürijiliginiň göni görkezijisi belli bir wagtda öndürilýän önümiň mukdaryny artdyrmaklygy aňladýar. Zähmet öndürijiliginiň garşylyklaýyn görkezijisi belli bir önüm birligini öndürmek üçin sarp edýän iş wagtyny azaltmakdan ybaratdyr. Başgaça, öndürijiliginiň garşylyklaýyn görkezijisine önümiň zähmet sarp edijiligi diýilýär.

Zähmet öndürijiligi öwrenilende janly hem-de jemgyýetçilik zähmetiň öndürijiligini tapawutlandyrýarlar. Janly zähmetiň öndürijiligi kärhanada önümiň bir işgäre görä öndürilişini görkezýär. Jemgyýetçilik zähmet öndürijiliginiň görkezijisi hökmünde önümçilige gatnaşýan işgärleriň hersine düşýän milli girdejiniň ululygy çykyş edýär.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy ykdysady ösüşiň ýeke-täk çeşmesi bolup durýar. Öndürilen önümiň mukdarynyň we milli girdejiniň artdyrylmagynyň esasy ýollary höküminde zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy ýa-da işgärleriň sanynyň artmagy çykyş edýär. Işgärleriň sanyny köpeldip, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak belli bir derejede çäklidir. Şol sebäpli, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak önümiň mukdaryny we milli girdejini artdyrmagyň amatly ýoly hasaplanylýar .

Ylmy tejribede zähmet öndürijiligi we zähmetiň öndürijilik güýji diýen düşünjeleri hem tapawutlandyrýarlar. Zähmetiň

öndürijilik güýji belli bir önümçilik şertlerinde öndürip boljak önümiň mukdaryny aňladýar. Öndürilen önümiň hakyky mukdaryny bolsa zähmet öndürijiligi görkezýär. Zähmet öndürijiligi we zähmetiň öndürijilik güyjini tapawutlandyrmak zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň mümkinçiliklerini açyp görkezmäge we esaslandyrmaga amatly şert döredýär. Şol mümkinçilikleri aşakdaky formulanyň üsti bilen görkezip bolar:

$$\mathbf{M = Z_{ög} - Z_{ö}}$$

bu ýerde, **M**- zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň mümkinçiligi;

$\mathbf{Z_{ög}}$ - zähmetiň öndürijilik güýçleri;

$\mathbf{Z_{ö}}$ - zähmet öndürijiligi.

Görnüsi ýaly, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň mümkinçilikleri zähmetiň öndürijilik güýjiniň umumy mümkin bolan derejesiniň we onuň hakyky derejesiniň arasyndaky tapawut bilen hasaplanylýar. Bu bolsa zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň şertlerini we täsir edýän güýçleri peýdalanmak bilen baglydyr. Şol şertleriň we täsir edýän güýçleriň biri hem zähmetiň dartgynlylygydyr. Zähmetiň öndürijilik güýji önüm öndürmek üçin sarp edilýän wagtyň dowamlylygyny kemeldýär. Şeýlelikde, zähmetiň öndürijilik güýji bilen bir hatarda, zähmetiň dartgynlylyk derejesini hem tapawutlandyrýarlar. Zähmetiň dartgynlylygy önümçilik prossesinde zähmetiň alnyp barlyşynyň depgininiň derejesini görkezýär. Ol işçiniň fiziki we nerw energiýasynyň sarp edilişi bilen ölçenilýär. Zähmetiň öndürijilik güýji bilen zähmetiň dartgynlylygynyň arasynda umumylyk bar. Olaryň ikisi hem belli bir wagtyň dowamynda önümiň mukdaryny artdyrmaga täsir edýär. Eger zähmet öndürijiligi ýokarlananda önümiň özüne düşýän gymmaty peselýän bolsa, onda zähmetiň dartgynlylygynyň güýçlenmegi önümiň özüne düşýän gymmatyna täsir etmeýär.

Kärhanalarda zähmet dartgynlylygy kadaly ýagdaýlarda bolmaly. Sebäbi, zähmetiň dartgynlylygy kadaly bolanda, işçiniň fiziki hem-de nerw güýçleriniň sarp ediliş derejesi dogry ulanylýar we olaryň zähmete bolan ukyby kadaly ösýär.

Her bir jemgyýetde önümçiligiň şertlerine görä ortaça zähmet dartgynlylygy döreýär. Zähmetiň kadaly dartgynlylygy zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň möhüm şertleriniň biridir. Zähmetiň dartgynlylygynyň aşa pes bolmagy ýa-da juda ýokary bolmagy jemgyýet üçin peýdaly däldir. Zähmetiň dartgynlylygy ýokary bolanda işçi güýjüniň döremeginde, ony peýdalanmakda ýaramaz netijeler ýüze çykýar. Olaryň zähmet prossesinde sarp eden energiýalary öz wagtynda dikelmeýär. Zähmetiň dartgynlylygynyň aşa pes bolmagy, köp halatlarda, zähmeti we önümçiligi guramagyň kemçilikleriniň netijesi bolýar. Ol öz gezeginde, kärhanada artykmaç işgärleriň saklanmagyna, işçi güýjüniň pes derejede peýdalanmagyna we zähmet öndürijiliginiň pes bolmagyna getirýär.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak jemgyýetiň ösmegi üçin möhüm ykdysady, syýasy, sosial we medeni şertleriň biridir. Şeýle hem, zähmet öndürijiligi öndürilýän önümiň mukdarynyň artmagy, sarp edilýän wagtyň tygşytlanylmagy, halkyň maddy we durmuş derejesiniň ýokarlanmagy bilen kesgitlenilýär. Bu bolsa zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda, anyk sosial, ykdysady we guramaçylyk wezipeleriň çözülmegini talap edýär.

Zähmet öndürijiligi, bir tarapdan, öndüriji güýçleriniň ösüşiniň görkezijisi we netijesi höküminde çykyş edýär. Önümçilik serişdeleriniň artmagy we kämilleşmegi, işgärleriň medeni we tehniki derejesiniň ýokarlanmagy, olaryň hünärmenlik derejesiniň artmagy zähmet öndürijiliginiň ösmegine getirýär. Beýleki tarapdan, zähmet öndürijiligi öndüriji güýçleriň ösüşiniň çeşmesi bolup, önümçiligiň maddy-tehniki binýadynyň berkemegine täsir edýär. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy senagatyň, oba hojalygynyň ösmegine, hyzmatlar ulgamynyň giňelmegine, mahlasy, ykdysadyýetiň sazlaşykly ösmegine alyp barýar.

Zähmet öndürijiligini häsiýetlendirýän görkezijiler zähmetiň netijeliligini aňladýar. Şeýle hem, ol belli bir wagtda öndürilen hemme önümi göz öňünde tutýar. Zähmet öndürijiligini ölçemek özara bagly bolan iki usuldan ybarat bolup durýar:

1. Zähmet öndürijiliginiň ykdysady mazmunyny kesgitlemekden;
2. Zähmet öndürijiliginiň ösüşini ölçemäge ýardam berýän görkezijileri kesgitlemekden.

Kärhanalarda önümçiligiň, ulanylýan enjamlaryň, çig mallaryň aýratynlyklaryna, ykdysady barlaglara we gözegçiligiň maksadyna görä zähmet öndürijiliginiň dürli görkezijileri we ölçeg usullary peýdalanylýar.

Önümiň mukdary zähmet öndürijiliginiň derejesiniň görkezijisidir. Şeýle hem, zähmet öndürijiligi işi ýerine ýetirmek ýa-da önüm öndürmek üçin sarp edilýän wagtyň dowamlylygyny aňladýar. Önümiň mukdary bilen birlikde zähmet öndürijiliginiň derejesiniň görkezijisi hökmünde zähmet sarp edijiligi hem ulanylýar. Zähmet sarp edijiligi, ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, zähmet öndürijiliginiň garşylykly görkezijisidir. Ol belli bir önüm birligini öndürmek üçin sarp edilen wagtyň dowamlylygyny görkezýär.

Zähmet öndürijiligi natural, gymmat, zähmet usullarynda hasaplanylýar. Natural usulda önümiň mukdary fiziki ölçeglerde aňladylýar. Mysal üçin, öndürilen önümiň agramy (kilogram, tonna), göwrümi (m.kub,sm.kub), uzynlygy (sm., m., km.) boýunça ölçenilýär. Zähmet öndürijiligini kesgitlemegiň natural usulynyň käbir ýetmezçilikleri bar. Natural usulda zähmet öndürijiligini diňe birmeňzeş önüm öndürýän önümçiliklerde ulanylyp bolýar. Natural usulda zähmet öndürijiligini kesgitlemeklik tokaý hojalygynda, ýangyç senagatynda giňden ulanylýar. Dürli görnüşli önüm öndürilýän pudaklarda hem-de tutuş halk hojalygynyň möçberinde natural görkezijileri peýdalanmagyň mümkinçilikleri çäklidir. Sebäbi, dürli görnüşli önümleriň gymmaty, olara sarp edilen zähmet dürli-dürli bolýar. Şonuň ücin natural ölçegler jemleýji görkeziji bolup hyzmat edip bilmeýärler. Natural ölçegleri ulanmak bilen bir adamyň zähmet öndürijiligi umumy öndürilen önümiň mukdaryny işgärleriň sanyna ýa-da sarp edilen wagta bölmek arkaly hasaplanylýar:

$$\mathbf{Z_{ön} = Q/I_s}$$

bu ýerde $\mathbf{Z_{ön.}}$- natural görnüşde bir adamyň zähmet öndürijiligi;
**Q**-öndürilen önümiň mukdary;
$\mathbf{I_s}$ –önümi öndürmäge gatnaşan işçileriň sany.

Mysal üçin, 20 sany işçi 1 çalşygyň dowamynda 220 tonna önüm öndürse, bir işçiniň zähmet öndürijiligi 11 tonna (220:20) bolýar bolýar. Natural usul janly zähmetiň öndürijiligini takyk häsiýetlendirýär. Şeýle hem, bu usul birmeňzeş önüm öndürýän binäçe kärhanalaryň zähmet öndürijiligini deňeşdirmekde giňden ulanylýar.

Dürli görnüşli önüm öndürýän önümçilik bölümlerinde, sehlerde, iş ýerlerinde zähmet öndürijiliginiň görkezijilerini kesgitlemek üçin zähmet ölçegleri ulanylýar. Zähmet ölçegleri belli bir wagtyň dowamynda öndürilen önümiň mukdaryny görkezýär. Tutuş pudagyň zähmet öndürijiligini kesgitlemek üçin zähmet ölçeglerini ulanyp bolmaýar. Sebäbi, önüm öndürmek üçin sarp edilýän wagtyň dowamlylygy hemme kärhanalar üçin deň däldir. Sarp edilýän zähmetiň mukdary kärhananyň işçi güýjüniň hiliniň, tehniki taýdan ornaşdyrylyşynyň aýratynlyklaryna bagly bolýar.

***Öndürijiligi zähmet usulynda hasaplamagyň mysaly.***

tablisa №1

| Öndürilen önüm, (sany) | | 1önüm üçin sarp edilmeli wagt, (normo-sagat) |
|---|---|---|
| Başlangyç döwür | Hasabat döwri | |
| 960 | 1150 | 7,0 |
| 700 | 920 | 5,1 |
| 580 | 670 | 2,2 |

***Çözgüdi:*** Ilki bilen başlangyç döwrde öndürilen önümiň mukdaryny tapýarys:

$$(960 \cdot 7{,}0)+(700 \cdot 5{,}1)+(580 \cdot 2{,}2)=11766 \text{ normo-sagat};$$

Soňra hasabat döwründe öndürilen önümiň mukdaryny hasaplaýarys:

$$(1150 \cdot 7{,}0)+(920 \cdot 5{,}1)+(670 \cdot 2{,}2)=14216 \text{ normo-sagat};$$

Şeýlelikde, zähmet öndürijiliginiň ösüşini kesgitleýäris:

$14216:11766 \cdot 100 - 100 = 20{,}6\%$

Zähmet usulynda zähmet öndürijiligini indeksler arkaly hem aňladyp bolýar. Mysal üçin, başlangyç döwründe işçiler 20 müň norma-sagatlyk iş ýerine ýetiripdirler. Hakykatda bolsa 18 müň norma-sagat işläpdirler. Hasabat döwründe bolsa 28,5 müň norma-sagat işi 24,0 müň norma-sagatda ýerine ýetiripdirler.

Bu mysalyň çözgüdini ýerine ýetirilen işiň mukdarynyň we sarp sarp edilen iş wagtynyň indekslerini tapmakdan başlalyň:

$$I_{öö.(b)} = \frac{28{,}5}{20{,}0} = 1{,}42; \qquad I_{öö.(h)} = \frac{24{,}0}{18{,}0} = 1{,}33;$$

Şeýlelikde: $I_{zö.} = \frac{1{,}42}{1{,}33} = 1{,}06;$

Bu ýerde, zähmet öndürijiligiň indeksi 1,06-a deň, ýagny, zähmet öndürijiligi 6% ýokarlanypdyr.

Biz bu netijäni başga usul bilen hem alyp bileris:

(28,5:24,0) : (20,0:18,0)= 1,18:1,11=1,06

Zähmet usulynda zähmet öndürijiligini wagt normasynyň ýerine ýetirilişi arkaly hem kesgitläp bolýar. Wagt normasynyň ýerine ýetirilişi norma boýunça işlenilmeli wagty hakyky işlenilen wagta bölünip hasaplanýar. Mysal üçin, 8 sagatlyk iş gününde 15 sany işçi 24 iş gününiň dowamynda 3300 sagatlyk işi ýerine ýetiripdirler. Şeýlelikde, zähmet öndürijiligi 114,5% ýokarlanypdyr. $(3300 \cdot 100):(24{,}8 \cdot 15) = 114{,}5\%$.

Şu usuly peýdalanyp, öndürilmeli önümiň normasyny hem hasaplap bolýar. Ýöne, iki ýagdaýda-da hakyky işlenen wagtyň arasyndaky boş durmalar we ýitgiler göz öňünde tutulmaýar.

Zähmet öndürijiligi gymmat usulynda hem kesgitlenilýär. Onda öndürilen önümiň mukdary gymmat ölçeglerinde (manat,teňňe)aňladylýar. Ol aşakdaky formula arkaly hasaplanýar:

$$\mathbf{Z_ö = \sum_{i=l}^{n} Q_n \ X \ B_l / I_s}$$

bu ýerde $Q_n$ – önümiň natural görnüşindäki mukdary;

$B_l$ – önümiň birliginiň lomaý bahasy;

$I_s$ – işgärleriň sany.

Zähmet öndürijiligini gymmat usulynda kesgitlemek natural görkezijilere garanyňda has giňden ulanylýar. Bu usuly dürli görnüşli önüm öndürilýän kärhanalarda, pudaklarda we tutuş halk hojalygynda ulanmak mümkin.

Zähmet öndürijiligini gymmat usulynda kesgitlemegiň hem birnäçe ýetmezçilikleri bar. Hususan-da, önümçiligiň ýöriteleşdirilişine görä, öndürilýän önümleriň düzüminiň we assortimentiniň üýtgemegi sebäpli umumy önümiň gymmaty üýtgemegi mümkin. Şeýle hem, önümi gaýtadan işleýän pudaklarda öndürilen önüm gaýtalanyp hasaba alynýar.

Öndürilen önümiň mukdaryny häsiýetlendirmek üçin harytlyk önüm görkezijisi ulanylýar. Harytlyk önüm kärhananyň satuw üçin taýýarlan senagat häsiýetli önümini aňladýar.

Şeýle hem önümiň mukdary satylan önüm görkezijisi arkaly aňladylýar. Gymmat usulynda zähmet öndürijiligini kesgitlemegiň esasy ýetmezçilikleriniň biri hem, onda diňe bir sarp edilen janly zähmet däl, eýsem geçen zähmet hem hasaba alynýar. Bu bolsa zähmet öndürijiliginiň derejesiniň ýoýulmagyna getirip biler. Zähmet öndürijiligi häsiýetlendirilende geçen zähmetiň täsirini azaltmak üçin dokma, tikin, aýakgap öndürilýän kärhanalarda gaýtadan işlenýän önümiň normatiw gymmaty hem ulanylyp bilner.

Zähmet öndürijiligini gaýtadan işlenýän önümiň normatiw gymmaty boýunça hasaplamak usuly onçakly çylşyrymly hem däl.

Mysal üçin, bir adama düşýän gaýtadan işlenen önümiň normatiw gymmatyny aşakda getirilişi ýaly kesgitlemek bolar:
Eger, önümiň umumy mukdary kärhananyň goýberiş bahasynda 110250 manat bolsa;
Normatiw boýunça esasy çykdajylaryň paýy:

- esasy işçileriň zähmet haky-9%;
- sehleriň çykdajysy–13%;
- kärhananyň umumy çykdajylary-8%;

- çig mallar we esasy materiallar-36%;
- başga kärhanalardan gelýän materiallar-20%;
- kärhanada işçileriň ortaça sany-218 adam.

Ilki bilen umumy öndürilen önümde gaýtadan işlenen önümiň normatiw gymmatyny kesgitleýäris:
Ngö=9+13+8=30%;
Bö=110250 manat X 0,3=33075 manat;
Zö=33075:218=15172 manat.

Şeýlelikde, bir işgäre görä gaýtadan işlenen önümiň normatiw gymmaty 15175 manada deň bolýar.

Zähmet öndürijiligini önümiň normatiw gymmaty arkaly aňlatmagyň esasy mazmuny kärhananyň ýerine ýetiren işiniň mukdaryny normatiwler boýunça kesgitlemekden duryar. Ol normatiwler bolsa kärhananyň işçileriniň ortaça zähmet hakynyň, durmuş ätiýaçlandyrmasyna we öndürilen önüm birligi üçin edilýän çykdajylaryň jeminden ybaratdyr.

Zähmet öndürijiligini sap önüm görkezijisi arkaly kesgitlenilende geçen zähmetiň täsiri täze önümde doly ýitýär. Sap önüm öndürilen önümiň mukdaryndan sarp edilen zähmet predmetleriniň we zähmet serişdeleriniň harajatlarynyň gymmatyny aýrmak arkaly kesgitlenilýär. Bu görkeziji diňe senagat önümçiliginde ulanylýar. Zähmet öndürijiliginiň sap önüm arkaly hasaplanylmagy wagt birliginde senagatda milli girdejiniň ululygynyň artyşyny aňladýar.

Zähmet öndürijiligi belli bir wagta, ýagny, bir sagada, bir güne, bir aýa ýa-da bir ýyla kesgitlenýär.

Zähmet öndürijiliginiň görkezijisi bolan önümiň zähmet sarp edijiligini önüm öndürmek üçin sarp edilen wagty önümiň mukdaryna bölmek arkaly tapylýar:

$$\mathbf{Z_s = B/M;}$$

bu ýerde **B**- önüm öndürmek üçin sarp edilen wagt.
**M**-öndürilen önümiň mukdary.

Önümiň zähmet sarp edijiliginiň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

1. Tehnologiki zähmet sarp edijiligi;
2. Önümçilige hyzmat etmek üçin zähmet sarp edijiligi;
3. Önümçilik zähmet sarp edijiligi;
4. Önümçiligi dolandyrmak üçin zähmet sarp edijiligi;
5. Doly zähmet sarp edijiligi;

Tehnologiki zähmeti sarp edijiligi $\mathbf{Z_{s/t}}$ -bu esasy işçileriň tehnologiki prossesi ýerine ýetirmek üçin sarp edýän zähmetini aňladýar.

Önümçilige hyzmat etmek üçin zähmet sarp edijiligi $Z_{s/h}$ diýip, kömekçi işçileriň esasy önümçilige hyzmat etmek üçin sarp edýän zähmetine düşünilýär.

Önümçilik zähmet sarp edijiligi $\mathbf{Z_{s/ö}}$ diýip, önümçilik prossesini ýerine ýetirmek üçin gatnaşýan esasy hem-de kömekçi işçileriň sarp edýän zähmetine aýdylýar. Önümçilik zähmet sarp edijiligi aşakdaky formulanyň üsti bilen hasaplanýar:

$$\mathbf{Z_{s(ö)} = Z_{s/t} + Z_{s/h};}$$

Önümçiligi dolandyrmak üçin sarp edilýän zähmet $Z_{s(d)}$ dolandyryş işgärleriniň sarp edýän zähmetini öz içine alýar.

Doly zähmet sarp edijiligi $\mathbf{Z_{s/(doly)}}$ kärhanada zähmet çekýän işgärleriň hemmesiniň sarp edýän zähmetini göz öňünde tutýar we şu formula boýunça hasaplanýar:

$$\mathbf{Z_{s/(doly)} = Z_{s/(t)} + Z_{s/(h)} + Z_{s/(d)} = Z_{s/(ö)} + Z_{s/(d)};}$$

Önümçiligiň tejribesinde zähmet sarp edijiligiň normalaşdyrylan, şertleýin, hakyky we meýilnamlaşdyrylan görnüşlerini ulanýarlar. Zähmet prossesiniň alnyp barylýan ýerine görä zähmet sarp edijiligi kärhana, seh ýa-da iş ýeri üçin kesgitlenilýär.

Zähmet öndürijiliginiň görkezijileri kesgitlenilende pudaklaryň aýratynlyklaryny göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, oba hojalygynda zähmet öndürijiliginiň görkezijileriniň önümçiligiň möwsümleýin häsiýete eýedigine we köp halatlarda tebigy şertlere baglydygyna üns berilýär. Şonuň üçin oba hojalygynda zähmet öndürijiliginiň görkezijileri bir ýylyň netijesi

boýunça hasaplanylýar we bolup geçýän üýtgeşmeler bolsa birnäçe ýylyň orta hasaby boýunça hasaba alynýar.

Zähmet öndürjiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän güýçler belli bir ýagdaýlarda herekete girýärler. Şeýle ýagdaýlar önümçiligiň tebigy, maddy-tehniki, ykdysady, guramaçylyk aýratynlyklaryna bagly bolýar. Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynyň ýa-da pese düşmeginiň sebäplerini bilmek zerurlygy ýüze çykýar.

Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän güýçler diýip onuň derejesiniň üýtgemegine getirýän sebäplere düşünilýär. Olary birnäçe toparlara bölüp bolar:

1. Önümçilik serişdeleriniň ösüşi we ulanylyşy bilen bagly bolan maddy-tehniki güýçler;
2. Önümçiligi alyp barmak bilen bagly bolan guramaçylyk güýçler;
3. Işçi güýjini dogry we doly ulanmak bilen bagly sosial-ykdysady güýçler;
4. Önümçiligi we işgärleri dolandyrmak bilen bagly dolandyryş güýçleri;
5. Jemgyýetçilik önümçiliginde adamyň orny bilen bagly sosial-psihologiki güýçler.

Zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmaga täsir edýän güýçleri toparlara bölmegiň dürli görnüşleri duş gelýä. Zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmaga täsir edýän güýçleri toparlara bölmegiň tejribe ähmiýeti olaryň bar bolan mümkinçilikleri ýüze çykarmaga hem-de dogry ulanmaga ýardam berýändiginde ybaratdyr. Şeýle hem-, täsir edýän güýçleri toparlara bölmek zähmet öndürjiligindäki üýtgemeleri dogry kesgitlemäge mümkinçilik döredýär.

Zähmet öndürijiliginiň ösmegine täsir edýän güýçler öwrenilende göni we gytaklaýyn güýçleri tapawutlandyrýarlar. Zähmet öndürijiligine täsir edýän güýçler özara baglanyşyklydyr.

Zähmet öndürijiligine täsir edýän güýçleriň esasylarynyň biri hem ylmy-tehniki progressiň ösüşidir. Ylmy-tehniki progressiň ösüşiniň zähmet öndürijiligine edýän täsiriniň esasy ugurlary aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Önümçiligi mehanizasiýalaşdyrmak we awtomatlaşdyrmak;
2. Önümçilige täze tehnikalary we tehnologiýalary ornaşdyrmak;
3. Ulanylýan enjamlaryň esasynda tehnologiýany kämilleşdirmek;
4. Önümiň tehniki häsiýetini üýtgetmek;
5. Çig mallaryň, materiallaryň, ýangyjyň, energiýanyň ulanylyşyny gowulandyrmak;
6. Çig mallaryň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň has netijeli görnüşlerini ulanmak.

Ylmy-tehniki progressiň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagy, ilkinji nobatda, tehnologiki zähmet sarp edijiliginiň peselmegine getirýär.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda guramaçylyk çäreleriň hem möhüm ähmiýeti bardyr. Zähmet öndürijiligini ösdürmegiň guramaçylyk güýçlerine şu aşakdakylar degişli:

1. Jemgyýetçilik önümçiligini guramagyň görnüşlerini kämilleşdirmek;
2. Zähmeti guramaklygy kämilleşdirmek;
3. Zähmet prosseslerini kadalaşdyrmagy kämlleşdirmek;
4. Zähmete hak tölenişiniň täze görnüşlerini ornaşdyrmak.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň sosial-ykdysady güýçlerine işgärleriň medeni, tehniki we hünärmenlik derejesiniň ýokarlanmagy degişlidir.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga täsir edýän dolandyryş güýçlerine önümçiligi dolandyrmagy kämilleşdirmek, hojalyk gurallaryny ösdürmek, önümçiligi dolandyrmakda guramaçylyk düzümlerini kämilleşdirmek degişlidir.

Häzirki wagtda işçiniň enjamlar bilen we öz aralaryndaky baglanşygy görkezýän sosial-psihologiki güýçleriň ähmiýeti artýar. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň sosial-ykdysady güýçlerine zähmetiň şertlerini gowulandyrmak, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak, hyzmatlar ulgamyny ösdürmek,

kärhanada sosial-psihilogiki klimaty gowulandyrmak, işgärleriň işden boş wagtlaryny rejeli peýdalanmagyny guramak we ş.m. degişlidir.

Zähmet öndürijiligi öwrenilende onuň ösüş mümkinçiliklerini ýüze çykarmak, olary doly, dogry peýdalanmak esasy wezipe bolup durýar. Zähmet öndürijiligine täsir edýän güýçlerden tapawutlylykda ösüş mümkinçilikleri diýip bar bolan, emma käbir sebäplere görä ulanylman galan mümkinçiliklere düşünilýär.

Bar bolan mümkinçilikleriň ulanylmagy kärhanada ýa-da pudakda zähmet öndürijiliginiň derejesini ýokarlandyrýar. Mümkinçilikleriň hakyky ösüşe öwrülmegi olary peýdalanmagyň esasy maksadydyr. Şol sebäpl, jemgyýetçilik zähmetiniň sarp edilişini tygşytlaýan ähli guramaçylyk, hojalyk we tehniki çäreler mümkinçilikleri doly ulanmaga göndükdirilendir.

Islendik ömümçilik prossesinde resurslaryň üç görnüşi ulanylýar. Şundan ugur alyp zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçiliklerini hem üç topara bölmek maksada laýykdyr:

1. Zähmet serişdelerini ulanmagyň mümkinçilikleri;
2. Zähmet predmetlerini ulanmagyň mümkinçilikleri;
3. Zähmeti ulanmagyň mümkinçilikleri.

Zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçiliklerini şeýle toparlara bölmek olaryň gelip çykyşyny kesgitlemek üçin amatlydyr.

Köplenç, zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçilikleri kärhananyň içinde döreýär we ulanylýar. Ýöne olaryň kärhananyň içindäki ýagdaýlar bilen bagly bolmaýan halatlary hem bolýar. Şonuň üçin, zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçiliklerini önümçiligiň içindäki we daşyndaky mümkinçiliklere bölýärler. Zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçiliklerini şeýle böleklere bölmek şertleýin häsiýete eýedir. Sebäbi, içerki we daşarky mümkinçilikler özara baglanyşyklydyr.

Zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň kärhananyň daşyndaky mümkinçiliklerini hem 3-topara bölýärler:

1. Tutuş halk hojalygynyň derejesinde ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler;
2. Pudaklaryň arasyndaky ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler;
3. Pudaklaýyn ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler;

Tutuş halk hojalygynyň derejesinde ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler ylmy-tehniki progressiň çalt we ýerlikli ulanmak, öndüriji güýçleri rejeli ýerleşdirmek, hojalyk gurallaryn netijeli ulanmak bilen baglydyr.

Zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň pudakara ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikleriniň hem ähmiýeti uludyr. Olar halk hojalygnyň bir pudagynyň mümkinçiliklerini beýleki pudaklarda ulanmaklygy aňladýar. Mysal üçin, pagta arassalaýan kärhananyň önüminiň hiliniň gowulanmagy şol önümleri çig mal hoküminde ulanýan başga bir dokma kärhanasynyň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýär. Şonuň üçin, pudakara önümçilik aragatnaşyklarynyň berkemegi zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçilikleriniň möhüm şertleriniň biridir.

Zähmet öndürijiliginiň önümçiligiň içindäki ösüş mümkinçilikleri kärhanada zähmet serişdelerini, işçi güýjüni, iş wagtyny dogry we doly ulanmak bilen, şeýle hem iş gününiň, iş çalyşygynyň dowamyndaky ýitgileri kemeltmek bilen baglydyr.

Zähmet öndürijiliginiň gündelik we geljekde ulanyp boljak ösüş mümkinçiliklerini hem tapawutlandyrýarlar. Zähmet öndürijiliginiň gündelik ulanyp bolak mümkinçiliklerini bir ýylyň dowamynda ulanylýan mümkinçilikler degişlidir. Zähmet öndürijiliginiň geljekde ulanyp boljak mümkinçilikleri birnäçe ýyllaryň ulanylýan mümkinçilikleri aňladýar.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde ylmy-tehniki progress jemgyýetçilik durmuşynyň we ykdysadyýetiň ösüşiniň dürli taraplaryny öz içine alýar. Tehnika diýip adamlaryň öz zähmet endiklerine, tejribelerine esaslanyp, tebigatdan gerek bolan zatlary almaga hem-de önüm öndürmäge gönükdirýän zähmet serişdelerine düşünilýär. Önümçiligiň tehnologiýasy

tehnikanyň elementidir. Tehnologiýa-bu zähmet önümleriniň taýýarlanyş usulydyr.

Ylmy-tehniki progress ylmyň we tejribäň esasynda tehnikanyň ösmegini, zähmet serişdeleriniň san taýdan artmagyny, hil taýdan kämilleşmegini göz öňünde tutýar. Tehnikanyň ösüşi adamyň ösüşi bilen aýrylmaz arabaglanyşyklydyr. Tehnika zähmetiň öndürijilik güýjüni artdyrýan ulgam hökmünde adamlar tarapyndan döredilýär we kämilleşdirilýär. Tehnikany peýdalanmagyň düýp maksady öndürilýän önümi artdyrmakdan, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakdan, önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmekden, oňa sarp edilýän wagty we zähmeti azaltmakdan ybaratdyr. Ýokarda agzalanlar tehniki progressiň ykdysady mazmunyny we zähmet öndürijiligi bilen arabaglanyşygyny kesgitleýär.

Tehnikanyň önümçilkde ulanylmagy zähmeti we önümçiligi guramakda düýpli özgerişiklere getirýär. Zähmet serişdeleriniň kämil toparlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagy, energiýanyň dürli görnüşleriniň ulanylmagy, gaýtadan işlenýän çig mallaryň mukdarynyň artmagy zähmeti guramagyň we önümçilgi dolandyrmagyň netijeli görnüşlerini ulanmagy talap edýär. Ýöne, bu ýerde zähmeti we önümçiligi guramagyň usullarynyň kämilleşdirilmegi bilen ylmy-tehniki progress diýen düşünjäni garyşdyrmak bolamaz. Elbetde, diňe önümçiligi guramagyň öňdebaryjy usullarynyň ornaşdyrylmagy tehnikany netijeli peýdalanmaga ýardam edýär. Ylmy-tehniki progressiň netijesinde önümçilik serişdeleri we tehnologiýasy kämilleşýär. Ylmy-tehniki progress ylmyň we tehnikanyň netijesini önümçilige köpçülikleýin ornaşdyrmak bilen häsiýetlendirilýär. Ol ykdysady ösüşi çaltlandyrýar we önümçiligiň maddy-tehniki binýadynyň düýpli özgermegine getirýär.

Türkmenistanda ylmy-tehniki progressiň netijelerini peýdalanmagyň esasy ugurlary aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Zähmeti köp talap edýän pudaklary we agyr işleri mehanizmleşdirmek;
2. Elektrofikasiýalaşdyrmagyň esasynda önümçiligi toplumlaýyn mehanizmleşdirmek we awtomatlaşdyrmak;

3. Täze, ýokary öndürijilikli enjamlary we mehanizmleri önümçilige ornaşdyrmak;
4. Onümçiligiň tehnologiýasyny yzygiderli kämilleşdirmek we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak;

Ylmy-tehniki progressiň ugurlary özara baglanyşyklydyr. Şol sebäpli, önümçiligiň netijeliligini we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda ylmy-tehniki progressiň ähli ugurlaryny netijeli ulanmak zerurdyr.

Ylmy-tehniki progress gazananlaryny önümçilikge ornaşdyrmak ilki bilen el zähmetiniň paýynyn azalmagyna mumkniçilik döredýär. Tehniki proressiň gazananlaryny ornaşdyrmak netijesinde zähmetiň tehniki üpjünçiligi artýar. Zähmetiň tehniki üpjünçiligi bir işgäre düşýän esasy önümçilik fondunyň ululygy bilen ölçenilýär. Bu bolsa öz gezeginde önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň we awtomatlaşdyrylmagynyň derejesini aňladýar. Önümçiligiň mehanizmleşdirilmegi we awtomatlaşdyrylmagy birnäçe tapgyrdan durýar:

1. Bölekleýin mehanizmlesdimek, ýagny, bu işleriň köp böleginiň enjamlaryň kömegi bilen, belli bir böleginiň bolsa el zähmetiniň üsti bilen ýerine ýetirilmegine aňladýar;
2. Toplumlaýyn mehanizmleşdirilende esasy tehnologik prosses enjamlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilip, el zähmeti diňe enjamlara hyzmat etmekde we olary dolandyrmakda ulanylýar;
3. Bölekleýin awtomatlaşdyrmak mehanizmleşdirmegiň bir tapgyry bolup, tehnologiki prossesiň belli bir bölegi awtomatiki serişdeleriniň üsti bilen amala aşyrylýar;
4. Toplumlaýyn awtomatlaşdyrmak-mehanizmleşdirmegiň ýokarky tapgyry bolup, munda ähli tehnologik prossesler awtomatlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýär we işçiler diňe gözegçilik, enjamlary sazlamak funksiýalaryny ýerine ýetirýärler.

Mehanizmleşdirmegiň bir tapgyryndan beýlekisine geçilmegi, bir tarapdan, enjamlaryň ulanylyş çygrynyň

giňelmegine getirýär, beýleki tarapdan bola, işçileriň zähmet funksiýalarynyň üýtgemegi bilen häsiýetlendirilýär.

Esasy önümçiligiň mehanizmleşdirilmegi kömekçi önümçilikleriň hem mehanizmleşdirilmegini talap edýär. Sebabi, esasy we kömekçi önümçilikleriň arasyndaky baglanyşyk umumy zähmet öndürijiliginiň derejesinde mese-mälim tasir edýär. Zähmeti mehanizmleşdirmegiň esasy maksady zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakdan we önümiň mukdaryny artdyrmakdan ybaratdyr.

Önümçiligiň mehanizmleşdirilmegi we awtomatlaşdyrylmagy işçi güýçlerini netijeli peýdalanmaklyga hem mümkinçilikleri döreýär.

Önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň we awtomatlaşdyrylmagynyň derejesine mehanizmleşdiriliş we awtomatlaşdyrylyş koeffisentleri arkaly häsiýetnama berilýär.

Önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň we awtomatlaşdyrylmagynyň koeffisenti mehanizmleriň, awtomatlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilen işleriň möçberi umumy ýerine ýetirilen işleriň möçberine bölmek arkaly tapylýar:

$$\mathbf{K_{m(\ddot{o}n)} = \frac{Qm}{Q} \ X\ 100;}$$

**$K_{m(\ddot{o}n)}$**-önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň koeffisenti;
**$Q_m$**- mehanizmleşdirilen iş;
**Q-** umumy ýerine ýetirilen iş;

Önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň koeffisenti ulanylýan zahmete doly häsiýetnama bermeýär. Sebäbi, bu görkeziji arkaly el zähmetiniň ulanylyşy barada doly maglumat almak mümkin däl. Şol sebäpli, zähmetiň mehanizmleşdiriliş koeffisenti ulanylýar. Zähmetiň mehanizmleşdiriliş koeffisenti mehanizmlesdirilen zähmet bilen meşgul işçileriň sanyny işçileriň umumy sanyna bölmek arkaly tapylýar:

$$\mathbf{Kzm.=Im:I\ X\ 100}$$

**Kzm.** – zähmetiň mehanizmleşdiriliş koeffisenti;
**Im-** mehanizmleşdirilen zähmet bilen meşgullanýn içileriň sany;

**I**-işçileriň umumy sany;

Ylmy-tehniki progressiň esasy ugurlarynyň biri hem kärhananyň energiýa üpjünçiligini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Energiýa bilen üpjünçilik ylmy-tehniki progressiň beýleki ugurlaryna-da öz täsirini ýetirýär.

Mysal üçin, önümçiligiň we zähmetiň mehanizmleşdirilmegi we awtomatlaşdyrylmagy energiýa bilen üpjünçiligiň meselesi çözülmese, netijesiz bolýar. Energiýa bilen üpjünçilik belli bir wagtyň dowamynda bir işçä görä sarp edilýän energiýany aňladýan görkezijidir.

Önümçilik prossesini amala aşyrmakda tehnikanyň we işçi güýjüniň möhüm ähmiýeti bardyr.

Önümçilikde ulanylýan tehnologiýalara laýyklykda dürli hünärdäki işçiler gerek bolýar. Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde işçileriň zähmetiniň hiline, olaryň hunärmenlik dersejesine bolan talaplar ýokarlanýar. Işçileriň ýörite bilimi, ýokary professional taýýarlygy, olaryň umumy medeniýeti zähmet öndürijiliginiň ýokarylanmagynyň möhüm şertine öwrülýär. Işçileriň zähmetiniň hiliniň kämilleşmegi zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga önümçiligiň maddy üpjünçiligi bilen bir hatarda täsir edýär. Işçileriň zähmetiniň hiliniň täsiri häzirkizaman önümçiliginde ýerine ýetirilýän işleriň mazmunynyň hem-de funksiýalarynyň üýtgemegi bilen has-da ýokarlanýar. Şeýlelikde, zähmet öndürijiligine işçi güýjüniň zähmete bolan ukybynyň ösmegi hem täsir edýär. Şol ukyplaryň ösmegi, ilki bilen, ilatyň bilim we medeni derejesiniň artmagy esasynda gazanylýar. Şu ýerden işçileriň medeni we tehniki derejesi diýen düşünje gelip çykýar. Işçileriň medeni we tehniki derejesi diýip olaryň medeniýetine, umumy we ýörite bilimine, önümçilik endigine we tejribesine düşünilýär.

Işçileriň medeni we tehniki derejesi birnäçe görkezijileriň üsti bilen häsiýetlendirilýär. Şeýle görkeziilere okaýanlaryň umumy sany, her ýyl okuw mekdeplerini tamamlanlaryň sany ýaly görkezijiler degişlidir.

Türkmenistanyň okuw mekdepleriniň dürli görnüşlerinde okaýanlar baradaky maglumatlar aşakdaky tablisada berilýär.

**Türkmenistan boýunça okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany (müň adam)**

| | 2000 | 2007 | 2008 |
|---|---|---|---|
| orta mekdeplerde okaýanlaryň sany | 1017,1 | 1040,0 | 1006,4 |
| hünärmentçilik mekdeplerinde okaýanlaryň sany | 21,0 | 24,8 | 41,9 |
| orta hünärmen okuw mekdeplerine kabul edilen okuwçylaryň sany | 1,7 | 1,6 | 1,7 |
| orta hünärmen okuw mekdeplerini tamamlanlar | 2,2 | 1,6 | 1,5 |
| ýokary okuw mekdeplerine kabul edilen talyplaryň sany | 3,3 | 4,6 | 5,2 |
| ýokary okuw mekdeplerini tamamlanlar | 7,6 | 3,9 | 1,3 |

Tablisadan görnüşi ýaly, Türkmenistanda okaýanlaryň sany ýylsaýyn artýar. Ylaýtada, Taze galkynyşlar zamanasynda hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyndaky özgertmeleri okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sanynyň artmagyna uly mümkinçiliker doretdi. Husmeans, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2008-nji ýylda hünärmentçilik mekdeplerinde okaýanlaryň sany 2 essä golaý, ýokary okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany 1900 talyp artdy.

Bu görkezijiler zähmeiň hiliniň we zähmetkeşleriň medeni, tehniki derejesiniň ýokarlanýanmagy üçin edilýän tagallalaryň artýandygyna şaýatyk edýär.

Işgarleriň medeni-tehniki deresini olaryň hünärmenlik derejesi (kwalifikasiýasy) kesgitleýär. Şeýle hem, işçileriň hünärmenlik derejesi bilimleriň we önümçilik endikleriň jemi bilen kesgitlenilýär. Hünärmenlik derejesi işgäriň professional taýdan taýýarlygyny, näderejede aryg işi ýerine ýetirip biljekdigini görkezýär.

Professiýa (kär)-bu zähmet bölünşigine laýyklykda işgärden belli bir maksada gönükdirilen ýörite taýýarlygy talap edýän, dürli görnüşli zähmet ýerine ýetirijilikdir. “Kär” we “hünär” düşünjeleri öz aralarynda tapawutlaýarlar. “Hünär” düşünjesi “kär” düşünjesine garanda has inçe bolup, ol zähmet funksiýalarynyň böleklere bölünmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Işgärleriň medeni-tehniki deresiniň ýokarlanýandygyny olaryň professional gurluşyndaky bolup geçýän özgerişikler görkezýär. Ol özgerişikler zähmetiň mehanizmleşdirilen we awtomatlaşdyrylan görnüşleri bilen meşgul işçileriň sanynyň artmagynda içgin görünýär. Bu bolsa, öz gezeginde, işçiniň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna getirýär.

## III-bap. Kärhanalarda iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişi

Iş wagty-kesgitli wagt bolup, onuň dowamynda işgär kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna, iş tertibine ýa-da zähmet şertnamasynyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertlerine laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli, şeýle hem wagtyň beýleki döwürleri bolup, olar Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda iş wagtyna degişlidir.

Iş wagtynyň kadaly dowamlylygy hepdede 40 sagatdan ýokary geçmeli daldir. Iş beriji her bir işgäriň hakyky işlän wagtynyň hasabyny ýöretmäge borçlanýar.

Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy şu aşakdaky ýaly bellenilýär:

1. Ýaşy 16-dan 18-e çenli işgärler üçin-hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däl;
2. Ýaşy 16-a çenli bolan adamlar üçin-hepdede 24 sagatdan köp bolmaly däl;
3. Zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işleýän işgärler üçin- hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däldir;
4. Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparyň maslahatynyň esasynda I ýa-da II toparyň maýybyna iş wagtynyň

gysgaldylan dowamlylygy bellenilip bilner, ýöne ol zähmet hakyny azaltmazdan hepdede 36 sagatdan az bolmaly däldir;

Işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleriniň öň ýanyndaky günde işgärleriň işiniň dowamlylygy bäşgünlük iş hepdesinde-de, altygünlik iş hepdesinde-de bir sagat gysgaldylýar.

Önümçiligiň (işiň) şertleri boýunça işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama gününiň öň ýanyndaky günde işiň (çalşygyň) dowamlylygyny azaltmak mümkin bolmadyk üznüksiz işleýän kärhanalarda we işiň aýry-aýry görnüşlerinde işgäriň islegine görä goşmaça dynç alyş wagtyny bermek ýa-da iş wagtyndan daşary edilen iş üçin bellenilen kadalar boýunça hak tölemek bilen artyk işlenen işiň öwezi dolunýar.

Altygünlük iş hepdesinde dynç gününiň öň ýanyndaky gün işiň dowamlylygy 5 sagatdan ýokary geçmeýär.

Agşam sagat 22-den ir sagat 6-a çenli bolan wagt-gijeki wagt hasap edilýär. Gijelerine işlenilýän mahalynda işiň (çalşygyň) bellenilen dowamlylygy 1 sagat gysgaldylýar. Bu düzgün özleri üçin iş wagtynyň gysgaldylmagy ozal göz öňünde tutulan işgärlere degişli däldir. Gijelerine işlemegiň dowamlylygy önümçiligiň şertlerine görä zerur bolýan halatlarda, hususan-da üznüksiz önümçiliklerde, şonuň ýaly-da bir dynç alyş günli altygünlik iş hepdesi mahalyndaky çalşykly işlerde gündizki iş bilen deňleşdirilýär.

Işgär bilen iş berijiniň arasynda ylalaşylsa, onda işe kabul edilen mahalynda-da ýa-da şondan soňra-da doly däl iş güni ýa-da doly däl iş hepdesi bellenilip bilner.

Göwreli aýalyň, şonuň ýaly-da 14 ýaşyna çenli çagasy (16 ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan ata-enelerden biriniň (hossaryň, howandaryň), şeýle hem lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda maşgalanyň syrkaw agzasyna seredýän adamyň haýyşy boýunça iş beriji olara doly däl iş gününi ýa-da doly däl iş hepdesini bellemäge borçludyr.

Işgär üçin doly däl iş wagty şertlerinde işlemek rugsadyň dowamlylygynyň, zähmet stažynyň hasaplanylmagynyň, haýsy-da

bolsa beýleki zähmet hukuklarynyň bir hili çäklendirilmegine getirip bilmez.

Iş berijiniň başlangyjy boýunça işgäriň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygyndan daşary eden işi, gündelik işi (çalşygy), şeýle hem hasabat döwründe (aýda, çärýekde, ýylda) iş sagatlarynyň kadaly sanyndan artyk edilen iş iş wagtyndan daşary iş diýlip hasap edilýär. Iş wagtyndan daşary işler kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalarynyň pikirini hasaba almak bilen işgäriň ýazmaça razylygy bilen geçirilip bilner.

Iş beriji iş wagtyndan daşary işleri diňe şu aşakdakylar aýratyn halatlarda ulanyp biler:

1. 1. Tebigy betbagtçylygyň, önümçilik awariýasynyň öňüni almak we olaryň netijelerini gyssagly düzetmek, betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak, saglygy goraýyş edaralarynyň edaralarynyň işgärleri tarapyndan has gyssagly lukmançylyk kömegini bermek üçin gerek bolan işler geçirilen mahalynda;
2. Suw üpjünçiliginiň, gaz üpjünçiliginiň, ýyladyşyň, yşyklandyryşyň, lagymyň, ulagyň, aragatnaşygyň kadaly işlemegini bozýan tötänleýin ýa-da duýdansyz ýagdaýlary ýok etmek üçin zerur jemgyýetçilik işleri geçirilýän mahalynda;
3. Önümçiligiň tehniki şertlerine görä garaşylmadyk bökdençlik sebäpli kadaly iş sagatlarynyň dowamynda ýerine ýetirilip (tamamlanyp) bilinmejek başlanylan işi ýerine ýetirmek ýa-da tamamlamak zerur bolan mahalynda, eger şunda başlanylan işiň ýerine ýetirilmezligi döwlet emläginiň we iş berijiniň emläginiň zaýalanmagyna ýa-da ýok bolmagyna getirip biljek bolsa;
4. Mehanizmleriň ýa-da desgalaryň näsazlygy işgärleriň ep-esli sanynyň işleriniň duruzylmagyna getirjek halatlarda şol mehanizmleri ýa-da desgalary abatlamak we dikeltmek baradaky wagtlaýyn işler geçirilýän mahalynda;
5. Çalşylýan işgär işe gelmedik mahalynda şol işi dowam etdirmek üçin, eger iş arakesme edilmegine mümkinçilik

bermeýän bolsa. Şunuň ýaly halatlarda iş beriji şol işläp duran işgäri beýleki işgär bilen çalyşmak üçin derrew çäreler görmäge borçludyr;

Şu aşakdakylar iş wagtyndan daşary işlere goýberilmeýär:

1. Göwreli aýallar;
2. 18 ýaşa ýetmedik işgärler;

Iş wagtyndan daşary işler her bir işgär üçin bassyr iki günüň dowamynda dört sagatdan we ýylda 120 sagatdan köp bolmaly däldir. Iş beriji her bir işgär tarapyndan iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işleriň takyk hasabyny ýöretmäge borçludyr.

Iş wagtynyň düzgüni iş hepdesiniň dowamlylygyndan, işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan işden, gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygyndan, iş wagtynyň başlanýan we gutarýan wagtyndan, işdäki arakesmeleriň wagtyndan, iş we iş däl günleriň gezekleşmeginden, gije-gündizdäki çalşyklaryň sanyndan we işgärleriň bir çalşykdan beýleki çalşyga geçmeginiň tertibinden ybaratdyr.

Iş wagtynyň düzgüni köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) ýa-da kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary ýa-da çalşygyň tertibi bilen, olar bolmadyk mahalynda bolsa ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da gaýry wekilçilikli guramasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär.

Kärhanada işiň aýratynlygyny hasaba almak bilen 2 dynç alyş günli 5 günlük iş hepdesi ýa-da 1 dynç alyş günli 6 günlük iş hepdesi ýa-da dynç günlerini üýtgäp durýan grafik boýunça bermek bilen iş hepdesi bellenilip bilner.

5-günlük ýa-da 6-günlük iş hepdesi işiň aýratynlygyny, zähmetkeşler köpçüliginiň pikirini hasaba almak bilen we ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär.

5-günlük iş hepdesinde gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary (çalşyk grafikleri) bilen kesgitlenilýär.

Altygünlük iş hepdesinde gündelik işiň dowamlylygy şu aşakdakylardan ýokary geçip bilmez:

1. 40 sagatlyk hepdelik kadasynda - 7 sagatdan;
2. 36 sagatlyk hepdelik kadasynda - 6 sagatdan;
3. 24 sagatlyk hepdelik kadasynda - 4 sagatdan.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan hünärleriň sanawyna laýyklykda kinematografiýa guramalarynyň, tele we wideo surata düşüriji kollektiwleriň, teatrlaryň, teatral we konsert guramalarynyň, sirkleriň we eserler döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşýan beýleki adamlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri, tanymal türgenler üçin gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy Türkmenistanyň kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda bellenilip bilner.

1.Kadalaşdyrylmadyk iş güni – aýratyn iş düzgüni bolup, oňa laýyklykda aýry-aýry işgärler iş berijiniň buýrugy boýunça zerur mahalynda iş wagtynyň kadaly dowamlylygynyň çäklerinden aňyrda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge çekilip bilner. Şunda gündelik işiň dowamlylygy on iki sagatdan ýokary geçip bilmez.

Üznüksiz işleýän kärhanalarda, şeýle hem aýry-aýry önümçiliklerde, sehlerde, uçastoklarda, bölümlerde we önümçiligiň (işiň) şertlerine görä işgärleriň şol toparlary üçin bellenilen iş wagtynyň gündelik ýa-da hepdelik dowamlylygy berjaý edilip bilinmejek işleriň käbir görnüşlerinde hasaba alynýan döwür içindäki iş wagtynyň dowamlylygy bellenilen iş sagatlarynyň kadaly sanyndan geçmez ýaly işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyp, iş wagtyny jemläp hasaba almak düzgüniniň girizilmegine ýol berilýär.

Iş wagtyny jemläp hasaba almagy girizmegiň tertibi kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen bellenilýär.

Zähmetiň aýratyn häsiýetiniň bolmagy sebäpli, zerur bolan işlerde gündelik iş wagtynyň umumy dowamlylygynyň iş gününiň bellenilen dowamlylygyndan artyk bolmazlyk şerti bilen iş güni böleklere bölünip bilner. Iş gününiň dowamyndaky arakesmeleriň wagty iş gününe goşulmaýar. Iş gününi böleklere bölmegiň tertibi iş beriji tarapyndan zähmetkeşler köpçüligi bilen bilelikde kesgitlenilýär.

Kärhanalarda gündelik işiň (çalşygyň) başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary (çalşygyň grafikleri) bilen bellenilýär.

Önümçilik prosesiniň uzaklygy gündelik işiň ýol berilýän dowamlylygyndan ýokary geçen halatlarynda, şeýle hem enjamy has netijeli peýdalanmak, çykarylýan önümiň ýa-da ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň möçberini artdyrmak maksady bilen iki, üç ýa-da dört çalşykdaky iş girizilýär.

Çalşykly işde işgärleriň her bir topary bir çalşygyň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygynyň içinde işi geçirmelidirler.

Işgärler çalşyklar boýunça deňme-deň gezekleşdirilip işledilýär. Bir çalşykdan beýleki çalşyga geçirilende işiň aýratynlygyny we zähmetkeşler köpçüliginiň pikirlerini hasaba almak bilen işgärleriň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp, iş beriji tarapyndan tassyklanylan çalşyk grafikleri bilen kesgitlenilýär. Çalşyk grafikleri güýje girizilmeginden bir aýdan gijä galman işgärleriň dykgatyna ýetirilýär.

Çalşyklaryň arasyndaky arakesmeler on iki sagatdan az bolmaly däldir. Işgäri bassyr iki çalşygyň dowamynda işe çekmek gadagan edilýär.

Dynç alyş wagty - kesgitlenen wagt bolup, onuň dowamynda işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden azatdyr we ol ony öz islegine görä peýdalanyp biler.

Dynç almak hem-de naharlanmak üçin işgärlere dowamlylygy 1-sagatdan az bolmadyk, ýöne 2-sagatdan köp bolmadyk arakesme berilýär. Arakesme wagty iş wagtyna goşulmaýar.

Dynç almak we naharlanmak üçin arakesme kada hökmünde iş başlanandan her 4-sagatdan soň berilmelidir. Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen kesgitlenilýär.

Işgärler arakesmäni özleriniň makul bilşine görä peýdalanýarlar. Şol wagtyň içinde olar iş ýerinden gidip bilerler.

Önümçiligiň şertlerine görä arakesme belläp bolmaýan işlerde iş wagtynyň dowamynda işgäre dynç almak we naharlanmak üçin wagt we ýer berilmelidir. Şunuň ýaly işleriň sanawy, dynç alamagyň we naharlanmagyň wagty we ýeri işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan bellenilýär.

Ýylyň yssy (sowuk) wagtynda açyk howada ýa-da jaýyň içini ýelejirediş (sowadyş, ýyladyş) ulgamlary bolmadyk, ýapyk jaýlardaky işlerde işgärlere arakesmeler berilýär ýa-da iş wagtlaýynça arasy kesilip (bes edilip). Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty iş beriji tarapyndan kesgitlenýär we degişli buýruk bilen resmileşdirilýär.

Howanyň ýokary (pes) temperaturasy netijesinde ýylyň yssy (sowuk) wagtynda iş bes edilen mahalynda iş beriji işgäri zähmetiň has amatly şertleri bolan başga işe wagtlaýyn geçirmäge haklydyr.

Işgärlere arakesme berilýän ýa-da işiň wagtlaýyn arasy kesilip (bes edilip) bilinjek howanyň temperatura düzgüni Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

5-günlük iş hepdesi mahalynda işgärlere hepdede 2 dynç alyş güni, 6-günlük iş hepdesi mahalynda bolsa 1 dynç alyş güni berilýär.

Ýekşenbe güni umumy dynç alyş günüdir. Eger 2 dynç alyş güni Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilmedik bolsa, onda 5-günlük iş hepdesi mahalynda şol 2-nji dynç alyş güni kärhananyň iş çalşygynyň grafikleri bilen bellenilýär we umumy dynç alyş güni bilen bassyr berilmelidir.

Önümçilik-tehniki şertlere görä ýa-da ilata üznüksiz hyzmat edilmegi netijesinde işi duruzmak bolmaýan kärhanalarda (aeroportlar,wokzallar we başgalar), şonuň ýaly-da üznüksiz

önümçilikli beýleki kärhanalarda dynç alyş günleri kärhananyň çalşyk grafiklerine laýyklykda işgärleriň her bir toparyna hepdäniň dürli günlerinde nobatma-nobat berilýär.

Ilata hyzmat etmek zerurlygy sebäpli umumy dynç alyş gününde işiň arasy kesilip bilinmejek kärhanalarda (dükanlar, teatrlar, muzeýler, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalar we başgalar) dynç alyş günleri ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp iş berijiler tarapyndan bellenilýär.

Her hepdede üznüksiz dynç almagyň dowamlylygy 42-sagatdan az bolmaly däldir. Dynç alyş günlerinde işe çekmäge diňe işgäriň razylygy bilen ýol berilýär. Işgäriň şu aşakdaky işleri ýerine ýetiren halatlary muňa degişli däldir:

1. Jemgyýetçilik ýa-da tebigy betbagtçylygyň , önümçilik awariýasynyň öňüni almak ýa-da betbagtçylyk hadysalaryň ýetiren zyýanlaryny derrew ýok etmek bilen bagly işler;
2. Köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) ýa-da iş beriji-şahsy tarap bilen işgäriň arasynda baglaşylan zähmet şernamasynyň esasynda.

Işgärler dynç alyş günlerinde iş berijiniň ýazmaça buýrugy boýunça işe çekilýär.

Şu baýramçylyk we hatyra günlerinde kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işlenilmeýär:

1. Täze ýyl-1-nji ýanwar;
2. Hatyra güni-12-nji ýanwar;
3. Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni-19-njy fewral;
4. Halkara zenanlar güni-8-nji mart;
5. Milli bahar baýramy-21-22-nji mart;
6. 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş güni -9-njy maý;
7. Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni-18-nji maý;
8. Milli matam güni-6-njy oktýabr;
9. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni-27-28-nji oktýabr;

10. Türkmenistanyň Milli baýramy Bitaraplyk güni-12-nji dekabr;
11. Gurban baýramy-Gurban baýramynyň anyk senesi her ýyl Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär;
12. Oraza baýramy- Oraza baýramynyň anyk senesi her ýyl Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanda şu aşakdaky baýramçylyk we ýatlama günleri (eger olar iş günlerine gabat gelse, dynç alyş günleri berilmezden) bellenilýär:

1. Watan goragçylarynyň güni-27-nji ýanwar;
2. Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni-18-nji fewral;
3. "Suw damjasy-altyn dänesi"baýramy -apreliň birinji ýekşenbesi;
4. Bütindünýä saglyk güni-7-nji aprel;
5. Türkmen bedewiniň baýramy -apreliň soňky ýekşenbesi;
6. Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň işgärleriniň güni-29-njy maý;
7. Türkmen halysynyň baýramy -maýyň soňky ýekşenbesi;
8. Çagalary goramagyň halkara güni-1-nji iýun;
9. Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni-5-nji iýun;
10. Dokma senagatynyň işgärleriniň güni-iýunyň birinji ýekşenbesi;
11. Ylymlar güni-12-nji iýun;
12. Medeniýet we sungat işgärleriniň güni-27-nji iýun;
13. Galla baýramy -iýulyň üçünji ýekşenbesi;
14. Serhetçiler güni -11-nji awgust;
15. Türkmen gawunynyň güni - awgustyň ikinji ýekşenbesi;
16. Bilimler we talyp ýaşlar güni-1-nji sentýabr;
17. Ruhnama güni -12-nji sentýabr;
18. Ýaşulularyň halkara güni-1-nji oktýabr;
19. Hasyl toýy -noýabryň soňky ýekşenbesi;
20. Goňşokara baýramy -dekabryň birinji ýekşenbesi;
21. Nebitgaz,energetika we geologiýa pudaklarynyň işgärleriniň güni-14nji dekabr;

22. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazowy (Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyny) ýatlama güni-21-nji dekabr.

Işlenilmeýän baýramçylyk ýa-da hatyra güni dynç güni (ýekşenbe) bilen gabat gelende, dynç güni baýramçylyk ýa-da hatyra gününden soň gelýän iş günüdir. Işgärler tarapyndan dynç we işlenilmeýän baýramçylyk günlerini rejeli peýdalanmak maksady bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti dynç gününi hepdäniň başga gününe geçirmäge haklydyr.

Önümçilik-tehniki şertleri boýunça duruzyp bolmaýan işlerde (üznüksiz işleýän kärhanalarda), ilata hyzmat etmek zerurlygy bilen baglanyşykly, şeýle hem gaýragoýulmasyz abatlamak we ýükläp-düşüriş işlerinde, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlemäge ýol berilýär. Dynç alyş günlerindäki, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki iş üçin töleg bellenilen tertipde geçirilýär.

## IV-bap. Zähmete hak tölemegiň bazar mehanizmi

Zähmete hak tölemek işgärleriň zähmete bolan höwesini artdyrmakda esasy orny eýeleýär. Zähmet haky zähmetkeşleriň maddy-hal ýagdaýlaryny ýokarlandyrmagyň esasy çeşmesidir. Zähmet haky döwlet kärhanalarynda işleýänler we gullukçylar üçin milli girdejiniň sarp ediş gaznasyndan pul görnüşinde düşýän paýydyr.

Zähmet hak tölemek 2 sany funksiýany ýerine ýetirýär:

1. Zähmetkeşleriň girdejisiniň esasy çeşmesi we durmuş derejesiniň ýokarlanmagynyň şerti hököminde;
2. Zähmetkeşleri önümçiligiň netijelidigini artdyrmaga maddy taýdan höweslendiriji şerti hököminde;

Zähmete hak tölemegi guramak birnäçe ýörelgelere esaslanýar:

- paýlamagy zähmetiň netijesi boýunça, onuň mukdary we hiline görä guramak;

- zähmete hak tölenişini guramakda kärhanalaryň özbaşdaklygyny giňeltmek;
- zähmetiň ýokary netijeligini gazanmak üçin maddy taýdan höweslendirmek;
- zähmet hakyny yzygiderli artdyrmak;
- şahsy we jemgyýetçilik bähbitleri göz öňünde tutmak;
- hak tölenişiniň sada we dürnükli görnüşlerini ulanmak.

Zähmet haky hiline we mukdaryna laýyklykda alnan netijelere görä tölenilýär. Zähmetiň mukdary diýip, janly zähmetiň, ýagny adamynyň zähmet prossesinde muskul we nerw energiýasynyň sarp etmegine düşünilýär.

Zähmetiň mukdary iş wagtynyň dowamlylygy bilen kesgitlenilip, sagatda, günde ölçenilýär we belli bir wagtda sarp edilen zähmetiň jemi boýunça kesgitlenilýär.

Zähmetiň hili diýip, işleriň hünärmenlik derejesine, zähmetiň şertlerine, zähmetiň ykdysady ähmiýetine, zähmetiň agyrlyk derejesine düşünilýär.

Ýokary hünärmenligi talap edýän zähmete, kyn işe, elbetde, ýeňil zähmete garanyňda artyk hak tölenilýär. Zähmet haky işgärlere bellenýän aýlyk hakynyň, tarif ulgamynyň, tölegleriň görnüşleriniň hem-de goşmaça tölegleriň üsti bilen sazlanylýar.

Zähmete hak tölenilişiniň differensirlenmegi işgärleriň zähmetiniň netijeliligini artdyrmaga, maddy taýdan höweslendirmäge mmknçilik döredýär. Zämete hak tölemegiň pudaklaryň arasyndaky differesirlenmegi ýörelgesi uly ähmiýetlidir. Sebäbi, bu ýörelge zähmet hakynyň möçberini her pudagyň halk hojalygynyň ösmegine edýän täsirine görä kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Şol sebäpi, senagatyň esasy pudaklarynda zähmet hakynyň derejesi ýokary bolýar. Zähmetiň mukdary we hili önümçilikde her işgäriň zähmetine aýratynlykda doly häsiýetnama bermeýär. Şonuň üçin, bir kärhananyň çäginde zähmet haky differensirlenende, ozaly bilen, işgäriň zähmetiniň netijesi, öndürilen önümiň sany, onuň hili, çig mallaryň, zähmet serişdeleriniň ulanylyş derejesi göz öňünde tutulýar. Şeýle görkezijiler her bir işgäriň zähmetine doly we dogry baha bermäge

hem-de deň zähmet üçin deň zähmet hakyny tölemäge mumkinçilik döredýär.

Zähmete hak tölemegiň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanagyna täsirini artdyrmakda onuň ahyrky netijesi bilen arabaglanşygyny güýçlendirmegiň ähmiýeti uludyr. Ol işgärleriň zähmetiniň ahyrky netijeliligini ýokarlanmagyna bolan isleglerini artdyrmaga täsir edýär.

Zähmete hak tölemegi guramagyň ýene-de bir ýörelgesi işçileriň we gullukçylaryň zähmet hakynyň yzygiderli artmagyndan ybaratdyr.

Zähmet hakynyň 2 görnüşini tapawutlandyrýarlar:

1. Nominal iş haky;
2. Real iş haky.

Nominal iş haky hereket edýän pul birliginde alnan hakyň möçberini aňladýar. Nominal iş haky döwlet tarapyndan tarifleriň galdyrylmagynyň, işgärleriň aýlyk hakynyň ýokarlandyrmagynyň esasynda, kärhanalaryň serişdeleriniň hasabyna artdyrylyp biliner. Real iş haky bolsa nominal iş hakynyň artmagy hem-de harytlaryň, hyzmatlaryň bahasynyň üýtgemän galmagy ýa-a pese düşmegi sebäpli artyp biler. Başgaça aydylanda, real zähmet haky nominal zähmet hakynyň satyn alyp bilijilik ukybyny aňladýar. Nominal we real iş hakynyň hem-de harytlaryň, hyzmatlaryň bahalarynyň arasyndaky baglanyşygy aşakdaky formulanyň üsti bilen görkezip bolar:

$$\mathbf{Ir.=In\ x\ Ib}$$

bu ýerde, **Ir**- real iş hakynyň indeksi;

**In**-nominal iş hakynyň indeksi;

**Ib**-bahalaryň indeksi.

Zähmet haky paýlamagyň görnüşi bolmagy bilen bir hatarda, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň ýoly, ususly, serişdesi hökmünde hem çykyş edýär. Zähmet haky işgärler bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşygy görkezýär. Şeýle-de, zähmet haky işgärler bilen kärhananyň arabaglanşygyny hem häsiýetlendirýär. Şeýlelikde zähmet haky kärhananyň girdejisine

bagly bolýar. Jemgyýetiň sarp edijilik fondunyň möçberi we kärhananyň zähmet haky üçin niýetleýän serişdeleriniň ululygy milli girdejiniň ösmegine esas bolan zähmet öndürijiliginiň derejesine bagly bolýar.

Zähmet haky oňa täsir edýän güýçleriň birnäçesiniň esasynda artyp biler.

Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy, önümçiligiň netijeliliginiň gowulanmagy zähmet hakynyň artmagyna getirýär. Elbetde, olaryň hersi zähmet hakynyň artmagyna dürli derejede täsir edýär. Her bir anyk ýagdaýlarda zähmet hakynyň artmagy zähmet öndürijiliginiň haýsy güýçleriň täsiri astyna ýokarlanandygyna bagly bolup durýar. Mysal üçin, zähmet öndürijiligi ýa-da zähmetiň netijeliligi işçiniň fiziki energiýasynyň sarp edilişiniň artmagynň hasabyna ýokarlanan bolsa, onda zähmet haky netijelilik bilen deň derejede artýar. Eger netijelilik işgärleriň zähmet sarp edijiligine bagly bolman, eýsem, önümçilige täze, ýokary öndürijikli tehnikanyň we tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy esasynda ýokarlanan bolsa, zähmet haky netijelilige görä pes derejede artýar.

Deň zähmet üçin deň zähmet hakyny tölemek zähmete hak tölemegi guramagyň esasy ýörelgeleriniň biridir. Ýerine ýetiriliş şerti, mukdary we hili boýunça işgäriň jynsyna, ýaşyna, milletine garamazdan deň zähmet üçun deň zähmet haky tölenilýär.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde bu ýörelgäniň mazmuny üýtgeýär. Sebäbi, kärhanalaryň umumy görkezijileri, alýan girdejileri biri-biriden tapawutlanýarlar. Şonuň üçin, şol bir kärde işleýän, meňzeş iş ýerine ýetirýän işçileriň kärhananyň girdejisine baglylykda dürli hak almagy mümkindir.

Zähmet hakynyň möçberi zähmet öndürijiligine, işçiniň hünärmenlik derejesine, işiň agyrlygyna, önümçilik we zähmet şertlerine görä, pudagyň halk hojalyk ähmiýetine we ş.m. baglylykda tapawutlanyp biler.

Zähmete hak tölemegi guramakda işgärleri maddy taýdan höweslendirmek ýörelgesi hem ulanylýar. Zahmete hak tölemegiň guralşy, ilki bilen işgäriň öz şahsy zähmetiň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen bolmalydyr. Bazar

gatnaşyklryna geçis şertlerinde zähmete hak tölemegi guramakda kärhanalaryň özbaşdaklygy artýar.

Zähmete hak tölemegi guramakda kärhanalaryň özbaşdak özbaşdak çözýän meselelerine aşakdakylar degişlidir:

- işgärleriň zähmetine hak tölemegiň görnüşlerini we ulgamyny kesgitlemek;
- işgarleriň zähmetine goşmaça hak tölemegiň ulgamyny we tertibini kesgitlemek;
- maddy taýdan höweslendiriş gaznasyny peýdalanmagyň takyk ýollaryny kesgitlemek;
- işgärlere baýrak bermegiň tertibini kesgitlemek;

Şeýlelikde, zähmete hak tölemegi guramak zähmeti kadalaşdyrmagyň, tarif ulgamynyň, hak tölenişiniň görnüsleriniň we ulgamlarynyň elementlerini öz içine alýar.

Zähmete hak tölemek guralanda işçileriň işine hem-de pudagyň ähmiýetine görä tapawutlandyrmakda tarif ulgamy ulanylýar. Zähmete hak tölemegiň tarif ulgamy diýip, işçilere hak tölemekde, gullukçylaryň we dolandyryş işgärleriň aýlyklaryny bellemekde ulanylýan tarif stawkalaryna düşünilýär.

Tarif stawkalarynyň we aýlyklaryň derejesie birnäçe san we hil faktorlary täsir edýär:

1. San faktorlaryna zähmet öndürijiligi, zähmet depgini degişlidir;
2. Hil faktorlaryna işiň agyrlyk derejesi, şerti, tejribe ähmiýeti degişlidir.

Tarif ulgamynyň elementlerine tarif stawkasy, tarif koeffisienti, tarif razrýady we tarif-kwalifikasion sprawoçnikler degişlidir.

Tarif-kwalifikasion sprawoçnikler-bu işleriň görnüşi boýunça toparlara bölünilip, işe we käre görä hünärleri häsiýetlendirýän normatiw resminamalaryň toplumydyr. Tarif-kwalifikasion sprawoçnikler işleri agyrlygy boýunça tapawutlandyrmak hem-de işlere bildirilýän talaplary kesgitlemek üçin ulanylýar. Işleriň kär häsiýetnamasy 3 bölekden durýar.

1. **„Işiň häsiýeti“.** Bu ýerde işçiniň razradyna görä ýerine ýetirmeli işleriniň häsiýetleri görkezilýär.
2. Işçiniň kärine we razradyna görä enjamyň, ulanylýan materiallaryň fiziki we himiki häsiýetleri barada **„bilmeli zatlary“** görkezilýär.
3. Bu ýerde **ýerine ýetirilmeli işleriň düzümi** boýunça mysallar getirilýär. Şol mysallar haýsy işiň haýsy razrada degişlidigini kesgitlemegi ýeňilleşdirýär.

Şu ýerde, mysal hökmünde, 4-nji razrýadly abatlaýjy-slesaryň işiniň kär häsiýetnamasyny getireliň.

**Işiň häsiýeti.** Çylşyrymly we has çylşyrymly mehanizmleri sökmek, abatlamak, ýygnamak we synagdan geçirmek. Çylşyrymly enjamlary we maşynlary abatlamak we gurnamak, sazlamak we abatlaýyş işi tamamlanandan soň tabşyrmak.

Detaly we mehanizmleri 7–10 m kwalitetli işläp taýýarlamak. Çylşyrymly enjamlary abatlamak we gurnamak üçin taýýarlamak. Ýerine ýetirmeli bejeriş işleriniň düzümini kesgitlemek. Ýörite enjamlary, ýük göterijileri we ulag serişdelerini ulanmak arkaly rejeleýiş işlerini ýerine ýetirmek.

**Bilmeli zatlary:** bejerilýän enjamyň, maşynlaryň düzümini, maşynlary sazlamagyň düzgünlerini, kemçilikleri ýok etmegiň usullaryny, çylşyrymly barlag-ölçeg gurallaryň düzümini we olaryň ulanylyş düzgünlerini, ulanylýan köpugurly we ýörite esbaplaryň gurluşyny, çylşyrymly bolmadyk dürli detallaryň bellik etmek we işläp taýýarlamak usullaryny we ş.m. bilmeli.

Soňra **ýerine ýetirmeli işleriň düzümi** getirilýär.

Aýratynlyklaryna we guramaçylyk-tehniki şertlerine görä ýerine ýetirilýän işler birnäçe kwalifikasion toparlara bölünýär. Ol işleriň hersine öz tarif razrýady bellenilýär. Häzirki wagtda halk hojalygynyň önümçilik pudagynda ýerine ýetirilýän işler hünärmentlik derejesi boýunça VI razrýaddan durýar.

Işiň tarif razrýadynyň tertip nomeri onuň haýsy hünärmentlik topara degişlidigini görkezýär. Ýönekeý işler I tarif razrýada degişli bolýar. Iş näçe çylşyrymlaşsa onuň tarif razrýady hem şonça ýokarlanýar.

Zähmete hak tölenende tarif torlarynyň we I razrýadly işçileriň tarif stawkalarynyň ulanýandygyny bellemeli. Şeýlelikde, zähmete hak tölemegi guramak kärhanalarda ýerine ýetirilýän işler we işçiler tarif razrýadlary boýunça bölünýär.

Zähmete hak tölemegi guramagy kämilleşdirmegiň esasy wezipeleriniň biri hem kärhanalaryň işiniň netijeliligine baglylykda zähmet hakyny ýokarlandyrmakdyr. Bu wezipäni çözmekde işçilere hak tölemegiň görnüşlerini, ulgamlaryny dogry saýlap almagyň we ýerlikli ulanmagyň möhüm ähmiýeti bar. Zähmete hak tölemegiň görnüşleri we ulgamlary zähmetiň netijeliligini aňladýan görkezijileriň üsti bilen zähmete tölenýän hakyň we sarp edilen zähmetiň arabaglanyşygyny berkitmegi göz öňünde tutýar. Şeýle hem, zähmete hak tölemegiň görnüşleriniň we ulgamlarynyň wezipeleriniň biri- sarp edilýän zähmet bilen oňa tölenýän hakyň gatnaşygyny kesgitlemekden ybaratdyr.

Sarp edilen zähmeti ölçemek üçin iş wagty we öndürilen önümiň mukdary ulanylýar. Şonuň üçin önümçilik pudaklarynda zähmete hak tölemegiň 2 görnüşi giňden ýaýrandyr:

1. Sarp edilen wagta görä (wagt hasabynda);
2. Ýerine ýetirilen işe görä (potratlaýyn).

Wagta görä hak tölenende ölçeg birligi hökmünde sarp edilen wagt ulanylyp, hak bolsa aýlyk (oklad) görnüşinde bellenilýär. Zähmete potratlaýyn hak tölenende ölçeg birligi hökmünde öndürilen önümiň mukdary ulanylýar. Şonuň üçin, zähmet hakynyň möçberi öndürilen önümiň mukdary we hili bilen göni arabaglanyşyklydyr.

Işçileriň zähmetine wagt hasabynda hak tölenilende aşakdaky formula ulanylýar:

$$\mathbf{Z_{(w)} = T_s \cdot t,}$$

bu ýerde,

$\mathbf{Z_{(w)}}$ -wagta görä tölenýän zähmet haky, (manat, teňňe);

$\mathbf{T_s}$ -wagt birliginde işçiniň tarif stawkasy, (manat, teňňe);

**t-**işçiniň hakyky işlän wagty (gün, sagat);

Işçiniň zähmetine potratlaýyn hak tölenilişi aşakdaky formulanyň üsti bilen kesgitlenýär.

$$\mathbf{Z_{(p)} = B \cdot Q}$$

bu ýerde,

**$Z_{(p)}$-** potratlaýyn zähmet haky (manat, teňňe);

**B-**önüm birligine potratlaýyn zähmet hakynyň bahasy (manat, teňňe);

**Q** -önümiň mukdary.

Önüm birligine potratlaýyn zähmet hakynyň bahasy aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

$$B=Ts \cdot N_w \quad \text{ýa-da} \quad B=Ts:Nöö;$$

**B** -önüm birligine potratlaýyn zähmet hakynyň bahasy (manat,teňňe);

**$N_w$** -wagt normasy (sagat);

**$N_{öö.}$** -önüm öndürmegiň normasy (kilogram, metr, litr);

„Kärhanalar hakynda“ Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda işgärleriň zähmetine hak tölemegiň görnüşleri, ulgamlary we möçberi kärhana tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

Zähmete hak tölemegiň gornüşi we ulgamy saýlanylyp alnanda, her pudagyň aýratynlyklary, kärhananyň şertleri, ýöriteleşdiriliş ugurlary, ulanylýan zähmet serişdeleriniň we enjamlarynyň häsiýeti, tehnologiki prosesleriniň we önümçiligi guramagyň aýratynlyklary, zähmeti guramagyň görnüşleri, önümiň hiline bolan talaplar, işçi güýjüniň ulanylyşy göz öňünde tutulýar.

Zähmete hak tölemegiň görnüşleriniň we ulgamlarynyň netijeliligi kärhanalarda zähmet öndürijiliginiň, önümiň hiliniň ýokarlanmagynda we önümiň özüne düşýän gymmatynyň aşaklamagynda görünýär.

Zähmete hak tölemegiň potratlaýyn görnüşini ulanmak aşakdaky şertlerde maksadalaýyk bolýar:

1. Iş ýerinde ylmy taýdan esaslandyrylan zähmet normalary bolanda;
2. Iş ýerinde önümiň mukdaryny artdyrmaga we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga mümkinçili bolanda;
3. Zähmet prossesinde gol we fiziki zähmetiň ulanylyş derejesi ýokary bolanda;

4. Zähmete hak tölemegiň potratlaýyn görnüşi ulanylýan halatlarynda öndürilýän önümiň hiliniň peselmezligi, çig mallaryň tygşytly ulanylmagy, tehniki howpsuzlygyň talaplarynyň berjaý edilmegi doly göz öňünde tutulan halatynda.

Wagt hasabynda zähmet hakyny tölemek aşakdaky şertlerde has netijeli bolýar:

1. Önümçiligiň awtomatlaşdyrylyş we mehanizasiýalaşdyrylyş derejesi ýokary bolanda;
2. Işçileriň tehnologiki wagtyň dowamlylygyna täsir edip bilmeýän ýagdaýynda;
3. Işçiden öndürilýän önümiň hiliniň ýokary bolmagy talap edilýän şertlerinde;
4. Tejribe geçirilýän iş ýerlerinde;
5. Zähmetiň döredijilik häsiýetine eýe bolan ýerinde;
6. Kömekçi işçileriň zähmet çekýän iş ýerlerinde.

Önümçilik kärhanalarynda zähmete hak tölemegiň potratlaýyn görnüşi giňden ulanylýar. Şu ýerde, potratlaýyn görnüşde zähmete hak tölemekligiň bir mysalyna seredeliň.

**Mysal.** Potratçy-tokar bir aýyň dowamynda aşakdaky işleri ýerine ýetirdi:

| **Önümiň görnüşi** | **Sany** | **Önüm birligine potratlaýyn zähmet hakynyň bahasy (teňňe)** |
|---|---|---|
| M-8 detaly | 1224 | 25,5 |
| M-14 detaly | 180 | 14,7 |
| Oklaw görnüşli dişli detaly | 12 | 28,2 |

Onda, tokaryň potratlaýyn zähmet haky şeýle bolýar:

$Z_{(p)}$ = (1224 x 25,5)+(180 x 14,7)+(12 x 28,2)=341manat 96 teňňe.

Wagt hasabynda zähmete hak tölenende işçiniň tarif razrýadyna laýyklykda tarif stawkasynyň möçberi, iş wagtynyň

dowamlylygy hasaba alynýar. Zähmet hakynyň wagt hasabynda tölenilişiniň aşakdaky mysalyna seredeliň:

**Mysal**. Maşyn gurluşyk kärhanasynda II,IV,V razrýadly işçileriň wagt hasabyndan tölenýän zähmet hakyny hasaplamaly.

1. II razrýadly işçi 22 gün işledi (Ts=91 teňňe);
2. IV razrýadly işçi 23 gün işledi (Ts=1manat 10 teňňe);
3. V razrýadly işçi 24 gün işledi (Ts=1manat 10 teňňe);

Ilki bilen, işçileriň işlän wagtyny sagatda hasaplamaly:

1. II razrýad - 22 gün x 8 sagat = 176 sagat;
2. IV razrýad - 23 gün x 8 sagat = 184 sagat;
3. V razrýad - 24 gün x 8 sagat = 192 sagat;

Soňra, her işçiniň zähmet haky kesgitlenilýär:

$Zw_{I(II)}$=176 x 0,91=160 manat 16 teňňe;
$Zw_{I(IV)}$=184 x1,1=202 manat 40 teňňe;
$Zw_{I(V)}$ =192 x1,4=268 manat 80 teňňe;

Işçileriň umumy zähmet haky:

$Z_{(w)}$=160 manat 16 teňňe+202 manat 40 teňňe+268 manat 80 teňňe=631 manat 36 teňňe.

Getirilen mysallar potratlaýyn we wagt hasabynda zähmete hak tölemegiň ýönekeý görnüşlerine degişlidir.

Wagta görä we potratlaýyn zähmete hak tölemegiň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

Wagt hasabynda zähmet hakyny tölemegiň ulgamy 3 görnüşden ybarat:

1. 1.Ýönekeý wagt hasabynda tölenýän zähmet haky;
2. Wagt-baýrak hasabynda tölenýän ulgam;
3. Normalaşdyrylan işiň esasynda wagt hasabynda tölenýän baýrak ulgamy;

Ýönekeý wagt hasabynda zähmet haky işlenen sagada, sagatlaýyn tarif stawkasyna ýa-da işlenen güne, gündelik tarif stawkasyna bolýar. Işçä aýlyk (oklad) bir aýyň dowamynda doly iş gününe bellenilýär. Eger isgär iş wagtyny doly işlemedik bolsa, onda oňa zähmet haky hakyky işlenen wagta görä tölenýär. Mysal

üçin, işgäre bellenen aýlyk hakynyň möçberi 310 manat. Ol bir aýyň dowamynda 8 sagatdan 21 gün işlemeli. Ýöne, işgär ýarawsyzlygy sebäpli 3 gün işe çykmady. Şeýlelikde, onuň aýlyk haky 265 manat 71 teňňe bolar.

$$Z_a = 310 \text{ manat}: (21-3) = 265 \text{ manat } 71 \text{ teňňe.}$$

Wagt-baýrak görnüşinde tölenilýän zähmet haky hakyky işlenilen wagta we tarif stawkasyna görä tölenýän hakdan daşary önümçiligiň san we hil görkezijileriň ýokarlanmagy üçin berilýän baýragy göz öňünde tutýar. Baýrak ulgamyny ulanmakda onuň görkezijilerini dogry saýlap almagyň hem-de olaryň arabaglanşygyny dogry esaslandyrmagyň ähmiýeti uludyr. Baýraklaryň görkezijileri her bir işiň, önümçiligiň we işçiniň şahsy aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr.

Kärhanalarda wagt hasabynda hak tölenýän işçilere, adatça, baýrak bellemegiň aşakdaky görkezijilerini ulanýarlar:

1. Normalaşdyrylan işiň doly we artykmaç ýerine ýetirilmegi;
2. Ýerine ýetirlýän işiň we öndürilýän önümiň hiliniň ýokarlandyrlmagy;
3. Zähmet serişdeleriniň ulanylyş koeffisiýentiniň artdyrylmagy;
4. Zähmeti guramaklygy kämilleşdirmegiň hasabyna önümiň zähmet sarp edijiliginiň peseldilmegi;
5. Çig mallaryň tygşytly peýdalanylmagy;
6. Işçiniň hünär ussatlygynyň ýokarlanmagy esasynda käri utgaşykly alyp barmagy;
7. Zähmet, önümçilik we tehnologiki düzgün-nyzamynyň ýokarlanmagy;

**Mysal.** 7 sagatlyk iş gününde V razrýadly işçiniň tarif stawkasy 12 manat 30 teňňe. Bir aýyň dowamynda işçi 21 gün işläpdir. Işçä birnäçe görkezijiler üçin baýrak tölemek bellenilýär:

1. Normalaşdyrylan işini 100% ýerine ýetireni üçin tarif boýunça zähmet hakynyň 10%-i;
2. Normadan artyk ýerine ýetiren işiniň her göterimi üçin 1,5%;

3. Çig mallary tygşytlany üçin, tygşytlanan çig malyň bahasynyň 20%-i;

Işçi normalaşdyrylan işi 112% ýerine ýetiripdir we 200 manatlyk çig maly tygşytlapdyr. Wagt-baýrak usulynda işçiniň zähmet hakyny kesgitlemeli.

Ilki bilen işçiniň ýönekeý wagt hasabyndaky zähmet hakyny hasaplaýarys:

$Z_w$ = I2 manat 30 teňňe x 21gün= 258 manat 30 teňňe.

1. Normalaşdyrylan işi 100% ýerine ýetireni üçin baýragyň möçberi-25 manat 83 teňňe. (258 manat 30 teňňe x 10:100=25 manat 83 teňňe).
2. Normadan artyk ýerine ýetirilen iş üçin baýragyň möçberi-48manat 84teňňe. (258 manat 30 teňňe x1,5:100=48 manat 84teňňe.
3. Çig mallary tygşytlany üçin baýragyň möçberi-40 manat (200x0,2= 40 manat).

Işçiniň umumy zähmet haky:

Z=258 manat 30 teňňe +25 manat 83 teňňe + 48 manat 84 teňňe + 40 manat = 372 manat 97 teňňe.

Potratlaýyn zähmet hakynyň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

1. Göni potrat usulynda;
2. Gytaklaýyn potrat usulynda;
3. Potrat-progressiw usulynda;
4. Akkord usulynda;
5. Potrat-baýrak usulynda.

Göni potrat usulynda zähmete hak tölenende işçiniň öndüren önüminiň mukdaryny, hili we önüm birligi üçin potratlaýyn bahasy göz öňünde tutulýar. Bu usul örän ýönekeýligi we düşnükliligi bilen tapawutlanýar. Işçiniň zähmet haky öndüren önüminiň mukdaryny önüm birligi üçin potratlaýyn bahasyna köpeldilip hasaplanylýar.

Gytaklaýyn potrat usulynda kömekçi işçileriň zähmetine hak tölenilýär. Kömekçi işçiniň zähmet haky onuň hyzmat edýän

işçileriniň işiniň netijesine bagly bolýar. Gytaklaýyn-potrat ulgamynyň ulanylmagy kömekçi işçilerde iş ýerlerine, maşynlara, enjamlara hyzmat edilişini gowulandyrmaga höwesi artdyrýar.

Önüm birliginiň gytaklaýyn bahasy şu formulanyň üsti bilen kesgitlenýär:

$$\mathbf{B_g = T_s\ x\ (I_s x N_ö)}$$

bu ýerde,

$T_s$ -kömekçi işçileriň sagatlaýyn tarif stawkasy;

$I_s$-hyzmat edilýän işçileriň sany;

$N_ö$-hyzmat ediýän işçiniň öndürmeli normasy.

Potrat-progressiw usulynda zähmet haky tölenende normanyň ýerine ýetirilişiniň belli bir derejesine çenli üýtgemeýän potratlaýyn bahalar ulanylýar. Bellenen normadan artykmaç öndürilen önüme bolsa ýokarlandyrylan bahadan hak tölenilýär. Ylmy taýdan esaslandyrylan normalar boýunça işlenilýän ýerlerde ýokarlandyrylan bahalary ulanmagyň başlangyjy hökmünde normany 100% ýerine ýetirilmegi kesgitlenýär. Kähalatlarda 105, 110 % hem bellenip bilner. Normanyň ýerine ýetiriliş derejesine görä ýokarlandyrylan bahalarda hak tölemek üçin ýörite şkalalar düzülýär. Önüm birliginiň bahasy bilen ýokarlandyrylan bahalaryň tapawudy iki esseden artyk bolmaly däldir.

**Esasy işçileriň normalaryny ýerine ýetirilişine görä ýokarlandyrylan bahalaryň takmynan şkalasy. %**

| Normanyň ýerine ýetilişi | Başlangyja görä bahalaryň ýokarlanyşy | Normanyň ýerine ýetirilişi | Başlangyja görä bahalaryň ýokarlanyşy |
|---|---|---|---|
| 105 - 110 | 110 | 120 - 125 | 150 |
| 110 - 115 | 120 | 125 we | 200 |
| 115 - 120 | 130 | ondan ýokary | |

Potrat-progressiw ulgamy işçiniň önüminiň mukdaryny artdyrmaga bolan höwesini artdyrýar. Ýöne, şonuň bilen birlikde zähmet hakynyň ösüş depgininiň önümiň mukadaryna garanyňda ýokarydygyny belläp geçmeli. Şonuň üçin potrat-progressiw ulgamy gysga wagtlyk ulanylýar. Esasan hem, bu usul gysga wagtyň içinde möhüm önümçilik wezipelerini çözmek üçin ulanylýar.

Zähmete hak tölemegiň akkord ulgamynda hemme ýerine ýetirmeli işiň bahasy öňünden kesgitlenýär. Akkord ulgamy işçileriň aýratyn toparlary üçin girizilip, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, maddy taýdan höwes döretmäge gönükdirilendir. Akkord ulgamy boýunça tölenýän zähmet hakynyň möçberi wagt normasynyň ýa-da önüm öndürmegiň normasyna görä hasaplanýar. Akkord işi ýokary hilli we çalt ýerine, ýetirilse baýrak tölemek hem göz öňünde tutulýar.

Potratlaýyn-baýrak usulynda işçiniň zähmet görkezijileriniň gowulanmagyna görä potratlaýyn zähmet hakyna goşmaça baýrak tölenýär. Baýrak tölemegiň görkezijileri, şertleri we möçberi kärhananyň öz ýagdaýyna laýyklykda kesgitlenýär.

Baýrak tölemegiň görkezijileri hökmünde aşakdakylar hödürlenip bilner:

1. Zähmet öndürijiliginiň ösüşi;
2. Zähmet sarp edijiliginiň peselmegi;

3. Zähmet serişdeleriniň, täze tehnikanyň netijeli peýdalanylmagy;
4. Önümiň hiliniň ýokarlanmagy;
5. Çig mallaryň, ýangyjyň we beýleki materiallaryň tygşytly peýdalanylmagy.

Bazar gatnaşyklarynda baýrak tölemegiň şertleri kärhanalar tarapyndan özbaşdak kesgitlenýär.

Ýolbaşçylara, hünärmenlere we gullukçylara hak tölemek olaryň zähmetiniň hiline we mukdaryna baglylykda guralýar.

Edara-kärhanalarda ýolbaşçylar, hünärmenler we gullukçylar dolandyryş işleri bilen meşgullanýarlar we guramaçylyk, dolandyryş, hojalyk we ykdysady funksiýalary ýerine ýetirýärler. Dolandyryş zähmeti bilen meşgullanýan işgärler önüm öndürmek prossesine göniden-göni gatnaşmaýarlar. Olar önümçilik üçin zerur bolan şertleri döredýärler.

Ýolbaşçylar, hünärmenler we gullukçylar, esasan, resminamalar bilen işleýärler, maglumat toplarlar we olaryň seljermesini geçirýärler. Dolandyryş zähmeti akyl we döredijilik häsiýete eýedir. Dolandyryş işgärleriň zähmeti ýolbaşçylyk etmek bilen bagly bolansoň, ony san taýdan hasaba almak mümkinçiligi pesdir. Şol sebäpli, ýolbaşçylaryň zähmetine hak tölenilende onuň garamagyndaky işgärleriň zähmet üstünligine görä baha berilýär. Şunda önümçiligiň we zähmetiň guralyşy, işiň ýerine ýetiriliş derejesi hem göz öňünde tutulýar. Şeýlelikde, dolandyryş işgärleriniň zähmetine wagt hasabynda hak tölemek maksadalaýyk hasaplanylýar we aýlyk (oklad) görnüşinde tölenilýär. Aýlygyň (okladyň) möçberi işgäriň kärine, hünärmentlik derejesine, pudagyň we kärhananyň aýratynlygyna, zähmetiň şertlerine we häsiýetine, ýerine ýetirilýän işiň hiline, mukdaryna we agyrlyk derejesine laýyklykda bellenilýär.

Wezipe aýlyklaryny işgäriň wezipesine we kär derejesine laýyklykda iş beriji belleýär. Kärhana ýolbaşçylara, hünärmenlere we gullukçylara zähmete hak tölemegiň başga görnüşlerini hem ulanyp biler.

Wezipe-bu işgäriň gulluk borjy, zähmet haky we jogapkärçilik çägi bilen şertlenen iş ornudyr.

Ýerine ýetirýän işine baglylykda dolandyryş işgärleri 2 topara bölýärler:

1. Kärhanada umumy ýolbaşçylygy alyp barýan işgärler. Olara kärhananyň başlygy, başlygyň orunbasary, baş inžener, baş hünärmen, bölüm müdiri deişlidir. Şunda dolandyryş ýolbaşçysyna iş haky kärhananyň we işiň möçberine, pudagyň aýratynlygyna görä bellenýär.
2. Kärhanada inžener-tehniki we ykdysady işleri ýerine ýetirýän hünärmenler. Olara inženerler, ykdysatçylar, tehnikler degişlidir. Şunda zähmet haky aýlyk (oklad) görnüşinde bellenip, önümçiligiň agyrlyk derejesine görä tapawutlandyrylýar.

Önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakda ýolbaşçylary, hünärmenleri we gullukçylary maddy taýdan höweslendirmegiň hem ähmiýeti uludyr.

Baýraklar kärhananyň hojalyk aýratynlyklaryna we ykdysady görkezijileriniň ýerine ýetirilişine görä tölenýär.

Zähmete hak tölemegiň baýrak ulgamynyň ulanylmagy birnäçe wezipeleri çözmäge gönükdirilendir:

1. Öndürilýän önümiň tehniki derejesini we hilini gowulandyrmak;
2. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak;
3. Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek;
4. Çig mallaryň we materiallaryň tygşytlanylmagyny gazanmak.

Şeýle hem, zähmete hak tölemegiň baýrak ulgamy her bir işçiniň we tutuş kärhananyň işiniň netijeliliginiň arabaglanyşygyny göz öňünde tutmalydyr.

Kärhananyň ýolbaşçysy kärdeşler arkalaşygy guramasy bilen bilelikde dolandyryş işgärlerine baýrak tölemek ulgamynyň tertibini işläp düzýärler we tassyklaýarlar. Baýragyň möçberi

işgäriň zähmetiniň netijesini we onuň kärhanadaky üznüksiz iş döwrüniň dowamlylygyny nazara alnyp kesgitlenilýär.

Ýolbaşçy işgärlere baýrak tölemekde aşakdaky görkezijiler göz öňünde tutulýar:

1. Şertnamanyň şertleriniň doly ýerine ýetirilmegi;
2. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy;
3. Zähmet sarp edijiligiň peselmegi;
4. Girdejiniň artmagy;

Hünärmenlere we gullukçylara baýrak aşakdaky görkezijiler üçin tölenilip biler:

1. Zähmetiň ahyrky netijesiniň ýokarlandyrylmagy;
2. Ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagynyň çaltlandyrylmagy;
3. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy;
4. Ýokary hilli önümiň çykarylmagy;
5. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegi.

Aýry-aýry bölümlere we gulluklara olaryň kärhananyň ahyrky netijesine goşandyna görä baýrak tölenýär.

Önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagy üçin baýrak tölenende umumy önümiň möçberinde ýokary hilli önümiň paýy bilen bir hatarda, brak önümiň azalmagy, düzedilmäge gaýtarylan önümiň mukdary we olara çykdajylar göz öňünde tutulýar.

Önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen görkezijileriň hatarynda zähmet öndürijiliginiň artmagy, önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegi bilen birlikde, zähmet we material sarp edijiligiň peseldilmegi, önüm üçin çykdajylaryň tygşytlanylmagy göz öňünde tutulyp biler.

Bölümlerde baýrak işgärleriň şahsy zähmet gatnaşygyna **(Kş)** görä paýlanylýar. Şahsy zähmet gatnaşygy **(Kş)** birnäçe görkezijileriň üsti bilen kesgitlenilýär:

1. Işgäriň wezipe borçlaryny öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirmegi;
2. Rasionalizasiýalaşdyrmak we önümçilige döredijilikli çemeleşmegi;

3. Guramaçylyk ukybyny görkezmegi;
4. Ýokary ýerine ýetirijilik ukyby we zähmet düzgün-nyzamyny doly, dogry berjaý etmegi.

Kärhananyň durmuş-ykdysady, hojalyk görkezijilerini gowulandyrmakda işgärleri maddy taýdan höweslendirmek üçin ulanylýan şahsy zähmet gatnaşygynyň ululygyny 0-dan 2-aralygynda bolýar. Başlangyç ululyk höküminde 1-den ugur alynýar.

Brigadalaýyn zähmet haky işçileriň hünärmentlik derejesine we hakyky işlenen wagta görä paýlanýar. Ykdysady tejribede giňden ulanylýan bu usul 2 görnüşe eýedir:

1. Tarif stawkalaryny ulanmagyň kömegi bilen:

$$\mathbf{Z_h=(Z_P:T_T)\cdot T_I}$$

bu ýerde,

$\mathbf{Z_h}$ -bir işçiniň zähmet haky (manat,teňňe);

$\mathbf{Z_p}$-brigadanyň potratlaýyn zähmet haky (manat,teňňe);

$\mathbf{T_t}$-brigadanyň tarif boýunça zähmet haky (manat,teňňe);

$\mathbf{T_i}$ -işçiniň tarif boýunça zähmet haky (manat,teňňe);

Tarifden daşary potratlaýyn zähmet hakynyň koeffisienti brigadanyň umumy potratlaýyn zähmet hakyny tarif boýunça zähmet hakyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.

2. Tarif koeffisientini ulanmak arkaly:

$$\mathbf{Z_h=(Z_P:K_T)\cdot K_P},$$

bu ýerde,

$\mathbf{K_t}$ -brigadanyň umumy koeffisient-sagady;

$\mathbf{K_i}$ -işçiniň koeffisient-sagady;

Senagat we gurluşyk kärhanalarynda zähmet brigadalaýyn guralanda her işçiniň goşandyny kesgitlemek üçin şahsy zähmet gatnaşygy, baýrak paýlamagyň koeffisienti ulanylýar. Işçiniň şahsy zähmet gatnaşygy ulanylanda tarifleýin zähmet haky doly tölenýär. Tarifden daşary potratlaýyn gazanç işçiniň şahsy zähmet gatnaşygyny, zähmet öndürijiligine we ýerine ýetiren işiniň hiline baglylykda kollektiwleýin zähmete hakyky goşandyny görkezýär.

Şahsy zähmet gatnaşygynyň koeffisienti bellenende kärleriň utgaşykly alnyp barylmagy, hyzmat edilýän iş ýeriniň giňelmegi, wagtlaýyn ýok işçiniň borçlarynyň ýerine ýetirilmegi, has agyr sertlerdäki işleriň ýerine ýetirilmegi we birnäçe başga ýagdaýlar göz öňünde tutulýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, adatça, şahsy zähmet gatnaşyk koeffisienti 0-dan 2,0 aralygynda bellenýär. Koeffisienti bellemek üçin başlangyç ululyk hokümünde1,0- dan ugur alynýar.

Zähmet öndürijiligi peselende, howpsuzlyk tehnikasynyň düzgünleri doly berjaý edilmese, zähmet we önümçilik düzgün-nyzamy bozulsa işçiniň şahsy zähmet gatnaşyk koeffisenti 1,0-dan pes bolýar. Eger, zähmet öndürijiligi ýokarlansa, kär utgaşdyrylyp alnyp barylsa, işiň hilli ýokarlansa işçiniň şahsy zähmet koeffisienti 1,0-dan ýokary bellenýär. Köplenç halatlarda işçiniň şahsy zähmet gatnaşyk koeffisienti 0,7-1,6 aralygynda bellenilýär. Bellenen koeffisientleriň jemi brigadanyň işgärleriniň sanyna deň bolýar.

Tarifden daşary potratlaýyn zähmet hakyny işçiniň şahsy zähmet gatnaşyk koeffisientini ulanyp tapmaklygy anyk mysalda seredip geçeliň:

**Işçiniň şahsy zähmet gatnyşyk koeffisiýenti boýunça zähmet hakynyň paýlanylyşy**

| Işçiniň F.A.A. | Käri | Razrýady | Sagatlaýyn tarif stawkasy (manat, teňňe) | Işlenen wagt (sagat) | Tarif zähmet haky (manat, teňňe) | Bellenilen Kş. | Baýragyň we potratlaýyn zähmet hakyny paýlamagyň hasaplaýyş ululygy | Potratlaýyn zähmet haky (manatteňňe) | Baýrak (manat, teňňe) | Umumy zähmet haky (manat, teňňe) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** | **9** | **10** | **11** |
| Abaýew Baýram | Keb şirle ýji | IV | 1-25 | 150 | 187-50 | 1,1 | 206-25 | 205-83 | 102 -91 | 496-24 |
| Agaýew | Keb | III | 1-10 | 160 | 176- | 0,9 | 158-40 | 157- | 79- | 412- |

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Wepa | şirleýji | | | | 00 | | | 88 | 04 | 92 |
| Annaýew Sylap | Keb şirleýji | V | I-40 | 140 | 196-00 | 1,0 | 196-00 | 195-70 | 97-70 | 489-40 |
| Babaýew Nury | Ýonujy | IV | 1-28 | 155 | 198-40 | 0,8 | 178-72 | 170-56 | 89-28 | 458-24 |
| Berdiýew Gurban | Ýonujy | V | 1-45 | 150 | 217-50 | 1,1 | 240-25 | 239-76 | 119-88 | 577-14 |
| Weliýew Aman | Ýygnaýjy | III | 1-05 | 165 | 173-25 | 1,1 | 190-57 | 190-28 | 95-19 | 458-72 |
| Myradow Döwran | Ýygnaýjy | V | 1-44 | 145 | 208-80 | 1,2 | 250-56 | 250-15 | 125-12 | 584-07 |
| Meredow Ýagmyr | Ýylmaýjy | IV | 1-30 | 150 | 195-00 | 0,8 | 156-00 | 155-88 | 77-94 | 428-82 |
| Nuryýew Meret | Ýylmaýjy | V | 1-46 | 155 | 226-30 | 1,0 | 226-30 | 225-94 | 112-92 | 565-16 |
| | | | | | **1778-75** | **9,0** | **1803-05** | **1799-98** | **899-98** | **4470-71** |

Bir aýda brigadanyň umumy zähmet haky: 4470 manat 71 teňňe.

şol sanda:

1. Tarifden daşary potratlaýyn zähmet haky: 1800 manat 05 teňňe;
2. Baýragyň möçberi: 900 manat;

Işçileriň razrýady, olaryň hakyky işlän wagty üçin tarifden daşary potratlaýyn gazanjy we baýragy tarif zähmet hakyny göz öňünde tutup paýlanylýar.

Mysalyň şertine görä zähmet hakyny hasaplamagyň yzygiderliligi aşakdaky ýaly:

1. Brigadanyň her bir işçisiniň tarif zähmet haky kesgitlenýär. Ol işçiniň sagatlaýyn tarif stawkasyny işlän wagtyna köpeldip tapylýar.

2. Baýragyň we tarifden daşary potratlaýyn zähmet hakyny paýlamagyň hasaplaýyş ululygy kesgitlenilýär. Ol tarif zähmet hakyny Kş. köpeldilip tapylýar.
3. Hasaplaýyş ululygynyň birligi boýunça potratlaýyn zähmet hakynyň koeffisienti kesgitlenýär (1800:1803,05)=0,998 manat.
4. Işçileriň her biriniň tarifden daşary potratlaýyn zähmet haky kesgitlenilýär:

    1) 0,998 x 206,25=205,83
    2) 0,998 x 258,40=157,76
    3) 0,998 x 196,00=195,70
    4) 0,998 x 178,72=178,56
    5) 0,998 x 240,25=239,76
    6) 0,998 x 190,57=190,28
    7) 0,998 x 250,56=250,95
    8) 0,998 x 156,00=155,88
    9) 0,998 x 226,30=225,94

5. Baýragy paýlamak üçin hasaplaýyş koeffisiýenti aşakdaky ýaly tapylýar: 900:1803,05=0,499

6. Işçileriň her birine berilmeli baýragyň möçberi kesgitlenýär:

    1) 0,499 x 206,25=102,91
    2) 0,499 x 158,40=79,04
    3) 0,499 x 196,00=97,70
    4) 0,499 x 178,72=89,28
    5) 0,499 x 240,25=119,88
    6) 0,499 x 190,57=95,19
    7) 0,499 x 250,56=125,12
    8) 0,499 x 156,00=77,94
    9) 0,499 x 226,30=112,92

7. Tarif zähmet hakyny, ondan daşary potratlaýyn zähmet hakyny we baýragy jemläp işçileriň umumy zähmet hakyny tapýarys. (7-nji, 10-njy we 11-nji hatarlaryň jemi).

# V-bap. Zähmete hak tölemegi guramagyň hukuk esaslary

Zähmet gatnaşyklarynyň taraplary bolan iş beriji bilen işgäriň arasyndaky gatnaşyklaryň ýuze çykmasynyň bir görnüşi hem zähmet hakydyr. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda zähmete hak tölemegi guramak düzgünleşdirilýär. Hususan-da, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň VII, VIII, IX bölümleri zähmete hak tölemegi guramak bilen baglanyşykldyr. Zähmet hak tölemegi guramagyň kanunçlyk tarapyndan düzgünleşdirilmegi kärhanalara, iş berijilere zähmet haky babatda dogry syýasaty alyp barmaga we zähmetiň netjeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn çäreleri durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Şol sebäpli, biz bu temada zähmete hak tölemegi guramagyň hukuk esaslaryna seredip geçmegi makul bildik.

Zähmete hak tölemek-munuň özi Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna, zähmet şertnamalaryna, köpçülikleýin şertnamalara (ylalaşyklara) laýyklykda, işgärlere olaryň zähmeti üçin iş beriji tarapyndan tölegleri bellemegi we amala aşyrmagy üpjün etmek bilen baglanyşykly durmuş-ykdysady we hukuk gatnaşyklaryň ulgamydyr.

Zähmet haky-munuň özi işgäriň hünärine, onuň ýerine ýetirýän işiniň çylşyrymlylygyna, mukdaryna, hiline we şertlerine baglylykda zähmeti üçin pul höweslendirmesidir, şeýle hem öwezini dolma we höweslendirme häsiýetli töleglerdir.

Zähmete hak tölemegiň tertibi-munuň özi işgäriň zähmetiniň netijesine laýyklykda, oňa zähmet hakyny bellemäge mümkinçilik berýän, işgärleriň zähmetiniň netijeleri bilen işçi güýjüniň nyrhyny (tarif derejesini, aýlyk wezipe haky) baglanyşdyrmagyň usulydyr. Kärhanada zähmete hak tölemegiň potratlaýyn we sagatlaýyn tertibi bellenip bilner.

Höweslendiriş häsiýetli tölegler-munuň özi beýleki işgärler bilen deňeşdireniňde işgärleri has ýokary we durnukly netijeler üçin sylaglamak maksady bilen iş berijiler tarapyndan ulanylýan goşmaça höweslendirme tölegleriniň, sylaglaryň, goşmaça haklaryň dürli görnüşidir.

Iň pes zähmet haky-munuň özi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kepillendirilýän zähmet üçin höweslendirmäniň iň az möçberi bolup, ony zähmet borçlaryna hötde gelýän, öz iş ornunda kadaly zähmet şertlerinde iň ýönekeý işi ýerine ýetirýän işgär almalydyr.

Ortaça zähmet haky-munuň özi belli bir döwürde işlenilen wagt üçin işgäriň zähmet hakynyň ortaça ululygydyr. Ortaça zähmet haky bir aý üçin (ortaça aýlyk zähmet haky) we bir gün ücin (ortaça bir günlük zähmet haky) kesgitlenilýär.

Tarif stawkasy (aýlyk wezipe haky)-munuň özi wagt birliginiň içinde anyk çylşyrymly (hünäriň) zähmet kadalarynyň (zähmet borçlarynyň) ýerine ýetirilendigi üçin işgäriň zähmetine hak tölemegiň bellenen ölçegidir.

Öwezini dolma tölegleri-munuň özi işiň saglyga ýa-da ýaşaýyşa oňaýsyz täsir edýän işiň şertleriniň anyk bir derejesinde işgärleriň tarif stawkalaryna (aýlyk wezipe hakyna) öwezini dolmak maksady bilen goşmaça haklaryň dürli görnüşleriniň jemidir. Şeýle töleglere kadaly iş şertlerinden daşlaşýan şertlerdäki iş üçin; gijeki wagtdaky iş üçin; kadalaşdyrylmadyk iş güni üçin degişlidir.

Iş beriji özüniň maliýe ýagdaýyna garamazdan, zähmete hak tölemegiň bellenilen şertlerine we möhletlerine laýyklykda işgäre ýerine ýetiren işi üçin hak tölemäge borçludyr.

Iş beriji tarapyndan kepillendirilen zähmete hak tölemegiň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen iň pes zähmet hakyndan pes bolmaly däldir.

Zähmete hak tölemegiň döwlet nyrhlary býujet guramalarynyň we edaralarynyň işgärleriniň anyk professional-hünär derejeleri üçin zähmete hak tölemegiň derejelerini kesgitleýän aýlyk wezipe haklarydyr.

Döwlet nyrhlary kemeldilmäge degişli däldir we býujet guramalarynda we edaralarynda stawkalaryň we aýlyk wezipe haklarynyň anyk möçberlerini bellemek üçin esas bolup durýarlar.

Beýleki iş berijiler, eger bu barada köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan bolsa, döwlet

nyrhlary işgärleriň zähmete hak tölemegi differensirlenen görnüşde tölemek üçin ulanylyp bilner.

Işgärleriň zähmetine hak tölemegiň görnüşleri, tertibi we möçberleri, şol sanda öwezini dolma we höweslendirme häsiýetli goşmaça tölegler, rasionalizatorlyk teklipler we oýlap tapyşlar üçin awtorlyk galam haklary iş beriji tarapyndan zähmet şertnamasy, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) esasynda bellenilýär.

Öwezini dolma häsiýetli tölegler iş beriji tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde we möçberlerde geçirilýär.

Döwlet gullukçylarynyň zähmete hak tölemegiň görnüşleri, tertibi we möçberleri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

Býujet edaralarynyň we guramalarynyň işgärlerine zähmete hak tölemegiň möçberleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarly eden edarasy tarapyndan bellenýär.

Işgärlere zähmete hak tölemegiň möçberlerini differensirlemek olaryň hünäriniň, işiniň çylşyrymlylygyna we dartgynlylygyna, onuň şertlerine, sarp edilen zähmetiň mukdaryna hem hiline baglylykda amala aşyrylýar.

Işgärleriň zähmet haky iň ýokary möçberler bilen çäklendirilmeýär.

Zähmete hak tölemegiň ulgamlaryna kärhananyň ygtyýarynda galýan peýdanyň hasabyna emele gelýän gaznadan ýyllyk işiň jemleri boýunça kärhananyň işgärleriniň haky goşmaça bellenilip bilner. Hakyň möçberi işgäriň zähmetiniň netijelerini we onuň kärhanadaky üznüksiz iş döwrüniň dowamlylygyny hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

Ýyllyk işiň jemleri boýunça höweslendirmäni hasaplamagyň we tölemegiň tertibi hakynda düzgünnama kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyk boýunça iş beriji tarapyndan tassyklanylýar.

Zähmet hakyny tölemek pul görnüşinde geçirilýär.

Işgäriň zähmetine hak tölemegiň möçberleri zähmet şertnamasy, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk), tarif ylalaşygy bilen düzgünleşdirilýär.

Işgärleriň maddy gyzyklanmasyny, şeýle hem önümçiligiň netijeliligini we işiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen iş beriji zähmetiň netijeleri üçin sylaglamagyň we goşmaça haklaryň ulgamlaryny girizip biler.

Ýolbaşçylaryň, hünärmenleriň, gullukçylaryň we ylmy işgärleriň zähmetine hak tölemek, adatça aýlyk wezipe haklary esasynda geçirilýär.

Aýlyk wezipe haklary iş beriji tarapyndan işgäriň wezipesine we hünärine laýyklykda bellenilýär.

Iş beriji ýolbaşçylar, hünärmenler we gullukçylar üçin zähmete hak tölemegiň başga görnüşini, şeýle hem höweslendirme töleglerini (düşen serişdäniň göteriminde, peýdadan alynýan paýlarda we beýlekiler) belläp biler.

Ylmy derejesi, ylmy ady bolan ylmy we pedagogik işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýän tertipde zähmet hakyna goşmaça haklar bellenilýär.

Işçileriň zähmetine hak tölenende tarif stawkalary, aýlyk wezipe haklary ulanylýar.

Zähmete hak tölemegiň görnüşini, tertibini, tarif stawkalarynyň, aýlyk wezipe haklarynyň, sylaglaryň, höweslendirme we beýleki tölegleriň möçberlerini, şeýle hem işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň arasynda olaryň möçberlerine bolan gatnaşygyny iş berijiler köpçülikleýin şertnamalaryň (ylalaşyklaryň) ýa-da tarif ylalaşyklarynyň esasynda özbaşdak kesgitleýärler.

Zähmete hak tölemegiň şertleri olaryň bellenilen tertibi ýaly üýtgedilýärler.

Zähmete hak tölemegiň şertleriniň işgäriň zyýanyna üýtgedilmegine işgär bilen ylalaşmazdan şu ýagdaýda kadadan çykma hökmünde ýol berilýär:

1. Önümçilik tehnologiýasynda, zähmeti guramakda zähmete hak tölemegiň ozalky şertleri saklanyp bilinmejek ýagdaýynda;

2. Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan işleriň (hyzmatlaryň) möçberleri, önüm öndürmegiň kadalary (kadalaşdyrmalary) üýtgände.

Işgäre zähmete hak tölemegiň şertleriniň üýtgedilmegi hakynda bir aýdan gijä goýman duýdurylmalydyr.

Iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işe iki esse möçberde hak tölenilýär. Iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen iş üçin işgäriň islegine görä, ýokarlandyrylan zähmet hakyna derek iş wagtyndan daşarky işlenilen sagatlardan ýokary geçmeýän möçberde rugsat berlip bilner.

Dynç günleri, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleri ýerine ýetirilen işiň taraplaryň ylalaşygy boýunça dynç günleriň berilmegi ýa-da iki esse möçberde hak tölemek bilen öwezi dolunyp bilner.

Dynç günleri, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleri ýerine ýetirilen iş üçin töleg şeýle geçirilýär:

1. Potratçylara – potratlaýyn nyrhlar boýunça iki esse;
2. Sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkalar boýunça zähmete hak tölenilýän işgärlere – sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň iki esse möçberinde;
3. Aýlyk wezipe haklaryny alýan işgärlere, eger iş baýramçylyk günlerinde iş wagtynyň bir aýlyk normasynyň möçberinde ýerine ýetirilen bolsa, aýlyk wezipe haklaryndan artyk sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň möçberinde, eger iş aýlyk normasyndan artyk ýerine ýetirilen bolsa, onda aýlyk wezipe hakyndan artyk sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň iki esse möçberinde.

Aýratyn zähmet şertlerinde, agyr ýa-da aýratyn howa şertleri bolan ýerlerde (suwsuz, çöllük ýerlerde), şeýle hem göçme we (ýa-da) gatnaw häsiýeti bolan işlerde ýokarlandyrylan zähmet haky bellenilýär.

Işleriň, kärleriň we wezipeleriň, şeýle hem ýerleriň sanawy, görkezilen zähmet şertleri bolan kärhanalarda ýokarlandyrylan hakyň anyk möçberleri we bellemegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Eger gijeki wagtdaky işi hasaba almak bilen zähmet haky bellenilen işiň häsiýeti bilen baglanyşykly bolmadyk bolsa, gijeki wagtdaky işiň her bir sagady sagat stawkasynyň bir ýarym esse möçberinden pes bolmadyk möçberinde tölenilýär.

Gijeki wagtdaky işiň töleginiň anyk möçberleri kärhananyň köpçülikleýin şertnamasy (zähmet haky hakyndaky düzgünnama) bilen bellenilýär, ýöne ol şu Kodeksde göz öňünde tutulandakydan pes bolmaly däldir.

Gijeki wagtdaky iş üçin ýokarlandyrylan hak stawkalara, aýlyk wezipe haklaryna goşulmaýar, şu maddanyň birinji böleginde görkezilenler muňa girmeýär.

Işgäriň günäsi bolmazdan boş durlan wagty, eger işgär işsiz durulýan wagtyň başlanýandygy hakynda iş berijini (brigadiri, ussany, beýleki wezipeli adamlary) duýduran bolsa, işgäre bellenilen razrýadyň, aýlyk wezipe hakynyň tarif stawkasynyň üçden iki böleginden pes bolmadyk hasapdan hak tölenilýär.

Işgäriň günäsi boýunça boş durlan wagta hak tölenilmeýär.

Täze önümçilik (önüm) özleşdirilýän döwründe iş beriji işgärlere alty aýdan köp bolmadyk möhletde öňki ortaça aýlyk zähmet hakyna çenli goşmaça hak töläp biler.

Işgäriň günäsi bolmazdan, pes hilli (brak) önüm taýýarlananda ony taýýarlamak boýunça zähmete hak tölemek ýaramly önümlere bellenilen nyrhlar bilen deň hatarda geçirilýär.

Işlenilýän materialyň bildirmeýän kemçiligi netijesinde ýüze çykan brak önümler, şeýle hem tehniki gözegçilik edarasy tarapyndan kabul edilenden soň, işgäriň günäsi bolmazdan, ýüze çykan brak önüm üçin şol işgäre ýaramly önümler bilen deň hatarda tölenilýär. Işgäriň günäsi bilen ýol berlen doly brak önüm tölege degişli däldir. Işgäriň günäsi bilen ýol berlen kem-käsleýin brak önümiň bölekleýin ýaramlylyk derejesine baglylykda peseldilen nyrhlar boýunça tölenýär.

Işgäriň günäsi bolmazdan, iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik bolsa, zähmete hak tölemek hakyky ýerine ýetirilen iş üçin geçirilýär. Şeýle ýagdaýda aýlyk zähmet haky oňa bellenen razrýadyň (wezipe aýlygyň) tarif stawkasynyň üçden iki böleginden pes bolup bilmez.

Işgäriň günäsi bilen iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik bolsa, töleg ýerine ýetirilen işiň möçberine laýyklykda geçirilýär.

Şol bir kärhanada (şol bir iş berijide) zähmet şertnamasy bilen şertlendirilen öz esasy işi bilen deň hatarda başga kär (wezipe) boýunça goşmaça işi ýa-da öz esasy işinden boşamazdan, wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirýän işgäre kärleri (wezipeleri) utgaşdyrandygy üçin, ýa-da wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirendigi üçin goşmaça hak tölenilýär.

Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak, adatça, işgärleriň degişli toparynyň çäklerinde (işçiler, inžener-tehniki işgärler, gullukçylar we beýlekiler) rugsat berilýär.

Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak ýa-da wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirendigi üçin goşmaça hak iş beriji tarapyndan kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyk boýunça işgär bilen ylalaşyk esasynda utgaşdyrylýan käriň (wezipäniň) zähmet hakynyň elli göteriminden köp bolmadyk möçberinde bellenilýär.

Şu aşakdakylar üçin goşmaça haklar bellenilip bilner:

1. Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak üçin goşmaça hakyň bellenilmegine ýokarda durýan guramanyň tassyklan wezipe sanawa garanda, işgärleriň sanynyň azaldylmagyndan alnan zähmete hak tölemegiň gaznasynyň tygşytlanan serişdeleri gönükdirilip bilner;
2. Wagtlaýyn ýok işgärleriň borçlaryny ýerine ýetirmek üçin goşmaça hak ýok işgäriň tarif stawkasynyň (aýlygyň) elli göteriminden köp bolmadyk möçberinde, şol goşmaça haklaryň näçe adam sanynyň arasynda bölünýändigine garamazdan, peýdalanylyp bilner.

Goşmaça hak bellemek şulara degişli däldir:

1. Kärhanalaryň ýolbaşçylaryna, olaryň orunbasarlaryna we kömekçilerine; baş hünärmenlerine; gurluş düzüm

birlikleriniň, bölümleriň, sehleriň, gulluklaryň ýolbaşçylaryna we olaryň orunbasarlaryna;

2. Ylmy-barlag edaralarynyň ylmy, inžener-tehniki işgärlerine we beýleki hünärmenlerine hem gullukçylaryna, muňa şol görkezilen edaralaryň tejribe (synag) önümçiliklerinde, sehlerde, ussahanalarda, uçastoklarynda we desgalarynda, geologik, gözleg, gözleg-agtaryş ekspedisiýalarynda we toparlarynda (partiýalarynda) işleýänler girmeýär;
3. Döwlet we hojalygy dolandyryş edaralarynyň inžener-tehniki işgärlerine hem-de beýleki hünärmenlerine we gullukçylaryna.

Wagtlaýyn ornuna işlenende ornuna işleýän işgäre wezipe sanawynda göz öňünde tutulan ornuna işlenýän işgäriň aýlyk wezipe hakynyň möçberinde zähmet haky tölenilýär.

Dürli hünärli işler ýerine ýetirilende wagta görä hak tölenilýän işçileriň, şeýle hem gullukçylaryň zähmetine has ýokary hünär derejeli iş boýunça tölenilýär.

Potratlaýyn zähmet haky tölenilýän işçileriň zähmetine ýerine ýetirilýän işiň nyrhlary boýunça tölenilýär. Ykdysadyýetiň pudaklarynda önümçiligiň häsiýeti boýunça potratlaýyn zähmete hak tölenilýän işçilere berlen razrýadlaryndan pes derejedäki işleri ýerine ýetirmek tabşyrylanda, şeýle işleri ýerine ýetirýän işçilere, eger köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen göz öňünde tutulan bolsa, razrýadara tapawut tölenilýär. Töleg işçiniň zähmet öndürijiliginiň normalaryny ýerine ýetirende geçirilýär.

Doly däl iş gününde ýa-da doly däl iş hepdesinde, şu Kodeksiň 63-nji maddasyna laýyklykda, zähmete hak tölemek işlenilen wagta barabarlykda ýa-da zähmet öndürijiliginiň normalarynyň ýerine ýetirilmegine baglylykda geçirilýär.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda ortaça zähmet hakynyň möçberini kesgitlemegiň ähli halatlary üçin ony hasaplamagyň ýeke-täk tertibi bellenilýär.

Ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna gatançlar alynýan zähmet hakynyň ähli görnüşleri hasaba alynýar, muňa esasy iş bilen utgaşdyrmak

boýunça iş üçin gazanç, birwagtlaýyn häsiýetli tölegler, şeýle hem zähmete hak tölemegiň hereket edýän ulgamy bilen şertlendirilmedik tölegler girmeýär.

Islendik iş düzgüninde işgäriň ortaça zähmet hakyny hasaplamak oňa hakyky hasaplanan zähmet hakyndan we töleg pursadynyň öň ýanyndan gelýän on iki senenama aý üçin işlenilen wagtyndan ugur alnyp geçirilýär.

Eger işgär on iki aýdan az işlän bolsa, onda onuň ortaça aýlyk zähmet hakyny hasaplamak töleg pursadynyň öň ýanyndan gelýän hakyky işlän doly senenama aýlarynyň sanyndan ugur alnyp geçirilýär.

Ortaça gündelik zähmet haky aýlyk zähmet hakyny 29,7-ä bölmek ýoly bilen hasaplanýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin, eger işgärleriň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmaýan bolsa, beýleki döwürler hem göz öňünde tutulyp bilner.

Ortaça zähmet hakyny hasaplamagyň tertibiniň aýratynlyklary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda zähmet haky ýokarlandyrylanda zähmet rugsadyny tölemek, işden çykanda berilýän kömek pulunyň, öwez pullarynyň we öwezini dolmalaryň möçberini hasaplamak üçin kabul edilýän zähmet hakyny ýokarlandyrmagyň belgisine görä indeksirlenýär.

Işgäriň zähmet haky her ýarym aýdan az bolmadyk döwürde tölenýär. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin zähmet hakyny tölemegiň beýleki möhletleri bellenip bilner.

Zähmet hakynyň tölenilýän güni dynç alyş, baýramçylyk ýa-da ýatlama gününe gabat gelen halatlarynda, zähmet haky şol günleriň öň ýanyndaky günde tölenýär.

Rugsadyň ähli wagty üçin zähmet haky rugsadyň başlamagyna azyndan bir gün galanda tölenýär. Işgäre rugsadyň ähli wagty üçin degişli zähmet haky bellenilen möhletde tölenmedik halatynda, işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegini

dowam etse, onda berlen rugsat zähmet hakynyň saklanan günleriniň sanyna laýyklykda uzaldylýar.

Işgäre zähmet haky kada boýunça onuň işi ýerine ýetirýän ýerinde tölenilýär ýa-da işgäriň ýazmaça arzasy esasynda Türkmenistanyň banklarynda onuň görkezilen hasabyna geçirilýär. Işgäriň ýazmaça arzasy boýunça onuň zähmet haky bank edaralarynyň üsti bilen aýda bir gezek geçirilip bilner.

Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda, iş beriji öz wagtynda bellenen möhletlerde işgäre zähmet hakyny doly möçberde tölemäge, şeýle hem oňa hasaplanan zähmet haky we ondan tutulýan tutumlar barada maglumatlary bermäge borçludyr.

Işgäriň aradan çykan gününe çenli alynmadyk zähmet haky, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen başga tölegler we sylaglar ýazmaça arza we degişli resminamalar esasynda arza berlenden soň iki hepdäniň dowamynda onuň maşgala agzalaryna ýa-da onuň aradan çykan gününe çenli aradan çykanyň eklenjinde bolan adamlara berilýär.

Zähmet şertnamasynyň hereketi bes edilen mahalynda iş berijiden işgäre düşýän puluň ählisini tölemegi işgär işden çykan güni amala aşyrylýar. Eger işgär işden çykýan güni işlemedik bolsa, onda oňa degişli pul işgäriň hasaplaşyk hakyndaky talapnamany bildiren gününden soň yzyndan gelýän günden gijä galman tölenilmelidir.

Işgär işden çykan mahalynda oňa düşýän puluň möçberi hakynda jedel ýüze çykan halatynda, iş beriji şu maddada görkezilen möhletde onuň dawalaşylmaýan möçberini tölemäge borçludyr.

Işgärleriň zähmet hakyndan tutum tutmak diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda amala aşyrylýar.

Işgärleriň zähmet hakyndan tutum tutmak kärhana bolan bergini üzmek üçin olaryň işleýän ýerinde iş berijiniň buýrugy esasynda amala aşyrylýar:

1. Zähmet hakynyň hasabyna berlen hakujyny gaýtarmak, ýalňyş hasaplamalar netijesinde artyk tölenen pullary yzyna

gaýtarmak, gulluk iş sapary ýa-da başga ýere geçirilmegi üçin, hojalyk harajatlary üçin berlen harçlanylmadyk we öz wagtynda gaýtarylmadyk hakujyny üzülişmek üçin, eger işgär şunda tutup alnyp galynan puluň esaslaryna we möçberine jedel etmeýän bolsa. Şeýle halatlarda iş berijiniň hakujyny gaýtarmak, bergini üzmek üçin ýa-da nädogry hasaplanyp çykarylan töleg üçin bellenilen möhlet gutarandan soň bir aýdan gijä goýman tutum tutmalar hakyndaky buýrugy bermäge haklydyr;

2. Iş ýyly tamamlanmanka işden çykan işgäre rugsadynyň işlenilmedik günleri üçin rugsadynyň hasabyna berlen tölegler.

Pensiýa çykmagy bilen baglanyşykly işgär işden çykan mahalynda hem rugsadyň işlenilmedik günleri üçin tutumlar tutulmaýar.

Işgäriň günäsi bilen kärhana ýetirilen zyýanyň öwezi dolunanda hem iş berijiniň buýrugy çykarylýar.

Iş beriji tarapyndan işgäre artykmaç tölenilen zähmet haky (şol sanda Türkmenistanyň kanunçylygyny ýalňyş ulanmak netijesinde) ondan tutulyp bilinmez, ýalňyş hasaplanmagy netijesinde tölenen ýagdaýlar muňa girmeýär.

Işgäre ýalňyş maglumatlar bermegi ýa-da onuň ýalňyş resminamalar bermegi netijesinde artyk tölenilen zähmet haky we başga pullar kazyýetiň karary esasynda ondan töledilip alynýar.

Her bir zähmet haky tölenende tutumlaryň umumy möçberi ýigrimi göterimden, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda bolsa, işgäre tölenýän zähmet hakynyň elli göteriminden köp bolmaly däldir.

Iş hakyndan birnäçe ýerine ýetiriş resminamalary esasynda zähmet hakyndan tutum tutulanda zähmet hakynyň elli göteriminden az bolmadyk möçberi işgärde saklanyp galmalydyr.

Işden çykarylanda berilýän kömek pulundan, öwezini doluş we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tutum tutulmaýan başga töleglerden tutum tutulmagyna ýol berilmeýär.

Işgärler üçin zähmet kadalary (iş öndürijiligi, wagt, hyzmat ediş, san kadalary) tehnikanyň, tehnologiýanyň, önümçiligi we zahmeti guramagyň gazanylan derejesine laýyklykda bellenilýär.

Zähmeti guramagyň we hak tölemegiň toparlaýyn görnüşleri ulanylýan şertlerinde şonuň ýaly ulaldylan we toplumlaýyn kadalar ulanylyp bilner. Zähmet kadalary iş orunlarynyň hünär synaglarynyň we rasionalizasiýalaşdyrylmagynyň, täze tehnikanyň, tehnologiýanyň ornaşdyrylyşyna we zähmet öndürijiliginiň ösüşini üpjün edýän guramaçylyk-tehniki çärelere görä hökman täzeleri bilen çalşyrylmaga degişlidir.

Aýry işgär, brigada tarapyndan önüm öndürijiliginiň (hyzmatlaryň edilmegi) ýokary derejesiniň gazanylmagy zähmetiň we öňde baryjy tejribäniň täze usullarynyň hut öz başlangyjy bilen, şeýle hem iş orunlarynyň öz güýçleri bilen kämilleşdirilmegiň kadalary täzeden seretmäge esas bolmaly däldir.

Zähmet kadalaryny girizmek, çalşyrmak we täzeden seretmek iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalary bilen ylalaşmak esasynda amala aşyrylýar.

Bütewi we birkysmy (pudagara, pudaklaýyn, edaralaýyn) zähmet kadalarynyň çalşyrylmagy we täzeden seredilmegi şolary tassyklan edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

Zähmetiň täze kadalarynyň girizilendigi hakynda işgärlere bir aýdan gijä galman habar edilmelidir. Şunda işgärlere zähmet kadalaryna täzeden seretmegiň sebäpleri, şeýle hem täze kadalaryň ulanylmaly şertleri düşündirilmelidir.

Iş öndürijiliginiň kadalary (wagt kadalary), hyzmat etmegiň kadalary bellenilende ýa-da olara täzeden seredilende ýüze çykýan näsazlyklar ýokarda durýan edaralar we kärdeşler arkalaşygy guramalary, kazyýet tarapyndan çözülýär.

Zähmete hak tölemegiň potratçylyk usulynda bahalar işiň bellenilen razrýadlaryndan, hak tölemegiň tarif stawkalaryndan we iş öndürijiliginiň kadalaryndan (wagt kadalaryndan) ugur alnyp kesgitlenilýär.

Potratçylyk esasynda hak tölemek üçin bolan baha ýerine ýetirilýän işiň derejesine laýyk gelýän sagatlaýyn (gündelik) tarif stawkasyny sagatlaýyn (gündelik) iş kadasyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.

Potratçylyk bahasy ýerine ýetirilýän işiň derejesine laýyk gelýän sagatlaýyn (gündelik) tarif stawkasyny sagat ýa-da gün hasaby bilen bellenilen wagt kadasyna köpeltmek arkaly hem kesgitlenilip bilner.

Tehniki kadalary we bahalary üýtgedýän oýlap tapyşlaryň we rasionalizatorlyk teklipleriň awtorlaryna zähmetiň täze kadalarynyň we bahalaryň girizilen pursatyndan başlap, alty aýyň dowamynda öňki bahalar saklanyp galýar.

Oýlap tapyjynyň ýa-da rasionalizatoryň oýlap tapyşynyň ýa-da rasionalizatorçylyk teklibiniň ornaşdyrylmagy bilen, kadalary we bahalary üýtgedilen işi oýlap tapyjy ýa-da rasionalizator ozal ýerine ýetirilmedik mahalyndaky we şonuň ýaly teklip girizilenden soň ol şol işe geçirilen mahalyndaky halatlarda hem ozalky bahalar ulanylýar.

Oýlap tapyja ýa-da rasioanlizatora tekliplerini ornaşdyrmaga kömek berlen işgärlere üç aýyň dowamynda öňki bahalar saklanyp galýar.

Zähmete sagatlaýyn hak tölenýän halatynda işgärlere kadalaşdyrylan tabşyryklar bellenilýär. Işleriň (hyzmatlaryň) aýry-aýry görnüşlerini we möçberlerini ýerine ýetirmek üçin hyzmat etmegiň kadalary ýa-da işgärleriň sany babatynda kadalar bellenilip bilner.

Iş beriji işgärler tarapyndan iş öndürijilik kadalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin işiň kadaly şertlerini üpjün etmäge borçludyr, şol sanda:

1. Buýurmalar, işleriň möçberleri we zerur çig mal bilen üpjün etmäge;
2. Maşynlaryň, stanoklaryň, enjamlaryň we abzallaryň abat işleýiş ýagdaýyny;
3. Tehniki resminamalar bilen öz wagtynda üpjün etmäge;

4. Işi ýerine ýetirmek üçin zerur bolan oňat hilli we san taýdan ýeterlik materiallar hem-de iş gurallary bilen üpjün etmäge we şolary öz wagtynda bermäge;
5. Önümçiligi elektroenergiýa, gaz we beýleki energiýa çeşmeleri bilen öz wagtynda üpjün etmäge;
6. Zähmetiň howpsuz we sagdyn şertleri (tehniki howpsuzlygyň kadalary we düzgünleri boýunça hem-de önümçilik sanitariýa düzgünlerini we kadalaryny berjaý etmek, zerur ýagtylyk, ýylylyk, wentilýasiýa, zyýanly galmagalyň netijelerini aradan aýyrmak, şöhlelenmeleri, wibrasiýany we işgärleriň saglygyna ýaramaz täsir edýän beýleki faktorlaryň aradan aýrylmagy).

***Kepillikler*** – munuň özi serişdeler, usullar we şertler bolup, şolaryň kömegi bilen işgärlere durmuş-zähmet gatnaşyklary çygrynda hukuklaryň berilmegini amala aşyrmagy üpjün edýär.

Öwezini dolmalar-munuň özi pul tölegleri bolup, işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan zähmet ýa-da beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak maksatlarynda bellenilýär.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça borçlar iş wagtynda amala aşyrylyp bilinýän bolsa, onda işgärlere döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilende iş ýeriniň (wezipesiniň) we ortaça zähmet hakynyň saklanmagy kepillendirilýär.

Şu aşakdaky döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary iş wagtynda ýerine ýetirilende ortaça zähmet haky we iş ýeri (wezipesi) saklanylýar:

1. Saýlaw hukugy amala aşyrylanda;
2. Deputatlyk ygtyýarly amala aşyrylanda;
3. Welaýat, etrap we şäher halk maslahatynyň agzalarynyň, şeýle hem Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklary amala aşyrylanda;
4. Türkmenistanyň Mejlisiniň sessiýalaryna, Geňeşleriň maslahatlaryna gatnaşmagy, döwlet edaralary, jemgyýetçilik

birleşikleri tarapyndan çagyrylýan gurultaýlara, plenumlara, konferensiýalara delegatlar hökmünde gatnaşmagy, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen beýleki wezipeler ýerine ýetirilende;

5. Anyklaýyş, deslapky derňew edaralaryna, prokuratura ýa-da kazyýete çagyrylmagy boýunça şaýat, ejir çeken, bilermen, hünärmen, terjimeçi, güwä hökmünde barmagy, şeýle hem kazyýetiň mejlislerine halk oturdaşlary, jemgyýetçilik birleşikleriniň we zahmet toparlarynyň wekilleri hökmünde gatnaşylanda;
6. Köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde gepleşiklere gatnaşmak, olar bolmadyk mahalynda bolsa köpçülikleýin gepleşikleriň taraplarynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça gatnaşylanda;
7. Kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary tarapyndan agzalar hökmünde ýerli häkimiýet edaralarynyň ýanyndaky toparlaryň we HMAT-nyň işine gatnaşylanda;
8. Meýletin ýangyna garşy družinalaryň agzalarynyň ýangynyň ýa-da awariýanyň ýok edilmegine gatnaşylanda;
9. Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen beýleki ýagdaýlarda döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilende.

Döwlet we jemgyýetçilik edaralaryndaky saýlawly wezipelere saýlanmagy netijesinde işden boşadylan işgärlere saýlawly wezipesi boýunça olaryň ygtyýarlyklary gutarandan soňra, olaryň öňki işi (wezipesi), şeýle hem olar bolmadyk mahalynda, şol kärhanada ýa-da işgäriň razylygy bilen beýleki kärhanada şoňa kybapdaş iş (wezipe) berilýär.

Gulluk iş sapary hökmünde işgäriň kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy boýunça onuň hemişelik işleýän ýerinden daşary gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin başga bir ýere belli bir möhletiň dowamynda gitmegi hasaplanylýar. Işgärleriň gulluk boýunça ugramagy ýolda geçýän bolsa ýa-da ýol üçin niýetlenen ýa-da göçme häsiýete eýe bolýan bolsa, onda ol iş sapary hasaplanylmaýar.

Işgärleriň öz iş saparlary bilen baglanyşykly çykdajylary we beýleki öwezini dolmalary almaga hukugy bardyr.

Iş saparyna iberilýän işgärlere iş saparynda bolýan döwri üçin gündelik harjy, bellenen ýere barmak we yzyna gaýtmak üçin çykdajylar, ýaşaýyş jaýyny kireýine almak üçin çykdajylar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde we möçberlerde tölenilýär.

Iş saparyna iberilen işgärlere iş orny, wezipesi we ortaça zähmet haky (wezipe aýlyk haky, tarif stawkasy) onuň iş sapary bilen bolan döwrüne, şol sanda onuň ýolda bolan döwri üçin hem tölenilýär.

Iş sapary bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmagyň anyk möçberleri zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen möçberlerden pes bolup bilmez.

Işgärleriň başga ýere işe geçirilende, kabul edilenligi ýa-da iberilenligi bilen edilen çykdajylarynyň öwezini dolmaga we beýleki öwezini dolmalary almaga hukugy bardyr.

Işgärler başga işe geçirilende, eger munuň özi başga ýere göçmek bilen baglanyşykly bolsa, şu aşakdakylar tölenilýär:

1. Işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň ýol kireýi;
2. Emlägini daşamak boýunça çykdajylar;
3. Işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň täze iş ýerine barýan ýoluna geçilen döwür üçin gündelik harjy;
4. Ýola taýyarlanmak we täze ýaşaýan ýerinde ýerleşmek üçin gerek bolan günlere zähmet haky, ýöne ol alty günden köp bolmaly däldir, şeýle hem onuň ýolda bolan wagty üçin;
5. Işgäre we onuň bilen gidýän maşgalasynyň her bir agzasyna birwagtlaýyn berilýän kömek puly.

Başga ýere işe gidýän işgärlere işi kabul etmek boýunça (deslapky ylalaşyk boýunça) öwezini dolmalar tölenilýär we şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan kepillikler berilýär, muňa birwagtlaýyn berilýän kömek puly tölegleri girmeýär, şeýle kömek pul taraplaryň ylalaşygy esasynda şol işgärlere tölenip bilner.

Okuw mekdebini, aspiranturany, doktoranturany, klinik ordinaturany tamamlap ýa-da guramaçylykly toplum, ýa-da jemgyýetçilik çagyryşy tertibinde başga ýere işe iberilmegi sebäpli gidýän adamlara kepillikler we öwezini dolmalar, şeýle hem şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen adamlara öwezini dolmalaryň möçberleri, olary tölemegiň tertibi we kepillikleri bermek Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

Işgäriň jemgyýetçilik bähbitleri üçin hereketi amala aşyran (heläkçiligiň, tebigy betbagtçylyklaryň netijeleriniň ýok edilmegi, adamyň halas edilmegi we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda) döwründe onuň iş ýeri (wezipesi) we ortaça zähmet haky saklanyp galýar.

Harby borjuny ýerine ýetirmek üçin çekilýän işgärlere şu Kodeksde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan kepillikler we ýeňillikler berilýär.

Oýlap tapyşlaryň ýa-da rasionalizatorlyk teklipleriň awtorlaryna şol kärhanada oýlap tapyşy ýa-da rasionalizatorlyk teklibi ornaşdyrmak boýunça esasy işinden boşadylanda ortaça zähmet haky saklanyp galýar.

Oýlap tapyş ýa-da rasionlizatorlyk teklip başga kärhanada ornaşdyrylan halatynda, işgärlere hemişelik iş ýeri boýunça wezipesi saklanyp galýar, oýlap tapyşy ýa-da rasionalizatorlyk teklibi ornaşdyrmak boýunça işi hemişelik iş ýeri boýunça ortaça zähmet hakyndan pes bolmadyk möçberde taraplaryň ylalaşygy boýunça tölenilýär.

Iş berijiniň işgärlere degişli ulag serişdelerini, enjamlary, gurallary we abzallary ulanmaga hukugy bardyr. Olaryň peýdalanylandygy üçin öwez pullarynyň möçberi we olary tölemegiň tertibi işgär bilen ylalaşyk boýunça kesgitlenilýär.

Başga iş berilmegine mätäçlik çekýän işgär lukmançylyk netijenamasy esasynda başga hemişelik pes hak tölenýän işe geçirilende, onuň öňki ortaça zähmet haky bir aýyň dowamynda saklanýar, zähmet maýyplygy, hünär keselligi ýa-da iş bilen baglanyşykly saglygyna ýetirilen başga zeper zerarly başga işe

geçirilende bolsa, oňa zähmete ukyplylygynyň durnukly hünär ukybyny ýitirendigi bellenilýänçä ýa-da işgär doly sagalýança saklanýar.

Zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende iş beriji işgäre zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilmegi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda oňa döwlet kömek puluny töleýär.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi we ony tölemegiň şertleri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

Önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý ýa-da hünär keseli netijesinde işgäriň saglygyna zeper ýetende ýa-da işgär aradan çykanda işgäre (onuň maşgalasyna) ýitiren zähmet hakynyň (girdejisiniň)ç şeýle hem saglygyna zeper ýetenligi bilen baglanyşykly lukmançylykç durmuş we hünär taýdan saglygyny dikeltmek üçin goşmaça çykdajylar ýa-da işgäriň aradan çykmagy bilen baglanyşykly degişli çykdajylar tölenilýär.

Işgärlere berilýän kepilliklериň we öwezini dolmalaryň görnüşleri, möçberleri we şertleri görkezilen halatlarda şu Kodeks we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenýär.

Ýitiren zähmet hakynyň we (ýa-da) goşmaça çykdajylaryň öwezini dolmak kärhanalarda öz serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar, býujetiň hasabyna saklanýan kärhanalarda şolary saklamak üçin göz öňünde tutulan çykdajylaryň smetasyndaky serişdeleriň hasabyna tölenilýär.

Gan we onuň komponentleri tabşyrylýan gününde, şeýle hem şonuň bilen baglanyşykly lukmançylyk gözegçiliginden geçýän işgär şol gün işden boşadylýar. Iş beriji işgärleri lukmançylyk gözegçiligi gününde we goýbermek üçin gan tabşyrylýan gününde saglygy goraýyş edaralaryna bökdençsiz goýbermäge borçludyr.

Eger gan we onuň komponentleri tabşyrylýan gününde işgär işe çykan bolsa (muňa zyýanly, zähmetiň aýratyn agyr şertleri bolan işleri, işgäriň şol gün işe çykmagy mümkin bomadyk halaty

girmeýär), iş beriji bilen işgäriň arasyndaky ylalaşyk boýunça işgäriň islegine görä, oňa başga dynç güni berilýär.

Gan we onuň komponentleri her ýylky tölegli rugsat döwründe tabşyrylanda, dynç alyş ýa-da işlenilmeýän baýramçylyk ýa-da ýatlama güni tabşyrylanda işgäriň islegine görä, oňa başga dynç güni berilýär.

Gan we onuň komponentleri tabşyrylan her ýylky günden soň işgäre goşmaça dynç güni berilýär. Görkezilen dynç güni işgäriň islegine görä her ýylky esasy rugsada goşulyp bilner ýa-da gan we onuň komponentleri tabşyrylan gününden soňra senenama ýylynyň dowamynda başga wagtda peýdalanylyp bilner.

Gan we onuň komponentleri muzdsuz tabşyrylanda iş beriji işgäre gan tabşyran we şonuň bilen baglanyşykly berlen dynç günleri üçin onuň ortaça zähmet hakyny saklaýar.

Iş beriji tarapyndan işgär işden aýrylmak şerti bilen hünärini ýokarlandyrmaga iberilende oňa öňki iş ýeri (wezipesi) we esasy iş ýeri boýunça ortaça zähmet haky saklanýar. Hünärini ýokarlandyrmak üçin başga ýere işden boşadylyp iberilýän işgärlere iş saparlaryna iberilýän adamlar üçin göz öňünde tutulan tertipde we möçberlerde iş sapar çykdajylarynyň tölegi geçirilýär.

Önümçilikden aýrylmak şerti bilen orta hünärmentçilik we ýokary okuw mekdeplerinde, aspiranturada we doktoranturada okaýan adamlara öňki iş ýeri saklanylýar.

Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşykly kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasy bes edilende kärhananyň täze eýesi görkezilen işgärlere üç aýlyk ortaça zähmet haky möçberinde öwezini doluş tölegini tölemäge borçludyr.

## VI-bap. Kadrlary taýýarlamagy, gaýtadan taýýarlamagy we hünärini ýokarlandyrmagy guramagyň hukuk esaslary

Hünär taýýarlygynyň maksady okaýanlara belli bir çylşyrymly bolmadyk işi, işler toplumyny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan endikleri çaltlaşdyrylan görnüşde öwretmekden ybaratdyr.

Hünär taýýarlygy degişli ygtyýarnamasynyň bolan ýagdaýynda bilim edaralarynda, bilim ugurly bolmadyk kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň okuw bölümlerinde, şeýle hem degişli hünär derejesi bar bolan hünärmenlerden şahsy taýýarlyk tertibinde alnyp bilner.

Hünär taýýarlygynyň dowamlylygy okuw sagatlarynyň möçberi we okuw sapaklarynyň geçirilişiniň tertibiniň yzygiderliligi bilen kesgitlenýär.

Hünär taýýarlygynyň maksatnamalary boýunça okuw gündizki, şeýle hem gündizki-gaýybana (agşamky) görnüşlerde amala aşyrylýar.

Hünär taýýarlygynyň geçilenligi degişli resminama bilen kepillendirilýär we onuň eýesine iş beriji tarapyndan geçirilýän hünär derejesiniň synagy arkaly degişli hünär işini (işleri, işler toplumyny) ýerine ýetirmäge dalaş etmäge mümkinçilik berýär.

Başlangyç hünär bilimi taýýarlygynyň maksady umumy orta bilimiň binýadynda jemgyýet üçin peýdaly işiň ähli ugurlary boýunça ussatlygy talap edýän zähmete ukyply işgärleri taýýarlamakdan ybaratdyr.

Başlangyç hünär bilimi dürli görnüşli (hünärmentçilik mekdebi, liseý we beýlekiler) başlangyç hünär bilimi edaralarynda, şeýle hem degişli ygtyýarnamalary bolan orta we ýokary hünär bilimi edaralarynda alnyp bilner.

Başlangyç hünär bilimi edaralarynda okuw gündizki, şeýle hem gündizki-gaýybana (agşamky) görnüşlerde amala aşyrylýar. Okatmagyň görnüşleri boýunça hünärler Türkmenistanyň başlangyç hünär biliminiň hünärleriniň degişli klassifikatory bilen kesgitlenýär ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenýär.

Başlangyç hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalaşdyrylan möhleti öwrenilýän hünärleriň çylşyrymlylygyna baglylykda bir okuw ýylyndan bir ýarym okuw ýylyna çenli bolýar. Okuwyň anyk möhleti ygtyýarlandyrylan döwlet bilimi dolandyryş edarasy tarapyndan tassyklanýan degişli hünäre taýýarlygyň okuw meýilnamasy bilen kesgitlenýär.

Başlangyç hünär bilimi edaralarynyň uçurymlaryna degişli hünär boýunça kär berilýär.

Başlangyç hünär bilimini almak onuň eýesine degişli hünär işini amala aşyrmaga, şeýle hem Türkmenistanyň orta we ýokary hünär bilimi edaralarynda okuwyny dowam etdirmäge mümkinçilik berýär.

Başlangyç hünär bilimi edaralarynyň (eýeçiligiň görnüşleri boýunça) guralyşynyň we işiniň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan olar baradaky birkysmy düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar.

Orta hünär bilimiň maksady umumy orta bilimiň binýadynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň degişli pudaklary üçin orta bölege degişli hünärmenleri taýýarlamakdan we şahsyýetiň hünär bilimini almak we çuňlaşdyrmak islegini kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

Orta hünär bilimi dürli görnüşli (kollej, orta hünär mekdebi we beýlekiler) orta hünär bilimi edaralarynda we degişli ygtyýarnamalary bar bolan ýokary hünär bilimi edaralarynda alnyp bilner.

Orta hünär bilimi edaralarynda okuw gündizki, gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşlerde amala aşyrylýar. Okatmagyň görnüşleri boýunça hünärler Türkmenistanyň orta hünär biliminiň hünärleriniň degişli klassifikatory bilen kesgitlenýär ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenýär.

Orta hünär bilimi edaralarynda okuwyň gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşlerine talyplyga kabul etmek we hünärmenleri taýýarlamak raýatyň bilim edarasyndaky saýlan hünärine degişli bolan iş ýerinde ýa-da wezipede iki ýyldan az bolmadyk möhletde işlän ýagdaýynda we onuň iş berijisiniň hödürnamasy boýunça amala aşyrylýar.

Orta hünär bilimiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalaşdyrylan möhleti öwrenilýän hünäre we okuwyň görnüşine baglylykda iki okuw ýylyndan dört okuw ýyly aralygynda bolýar. Okuwyň anyk möhleti Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

tarapyndan tassyklanýan degişli hünäriň okuw meýilnamasy bilen kesgitlenýär.

Orta hünär bilimi edaralarynyň uçurymlaryna degişli hünär boýunça kär berilýär. Orta hünär bilimini almak onuň eýesine degişli hünär işini amala aşyrmaga, şeýle hem Türkmenistanyň ýokary hünär bilimi edaralarynda okuwyny dowam etdirmäge mümkinçilik berýär.

Orta hünär bilimi edaralary degişli ygtyýarnamasy bolan ýagdaýynda başlangyç hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny amala aşyryp bilýär.

Orta hünär bilimi edaralarynyň (eýeçiligiň görnüşleri boýunça) guralyşynyň we işiniň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan olar baradaky birkysmy düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar.

Ýokary hünär biliminiň maksady düýpli ylmy we amaly taýdan Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin hünärmenleri taýýarlamakdan hem-de şahsyýetiň bilimini çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge bolan isleglerini kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

Ýokary hünär bilimli hünärmenleri taýýarlamak pesinden umumy orta bilimiň binýadynda amala aşyrylýar.

Ýokary hünär bilimi dürli görnüşli (uniwersitet, akademiýa, konserwatoriýa, institut we beýlekiler) ýokary hünär bilimi edaralarynda (ýokary okuw mekdeplerinde) alnyp bilner.

Ýokary okuw mekdeplerinde okuw gündizki, gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşlerde amala aşyrylýar. Okatmagyň görnüşleri boýunça hünärler Türkmenistanyň ýokary hünär biliminiň hünärleriniň degişli klassifikatory tarapyndan kesgitlenýär ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenýär.

Ýokary okuw mekdeplerinde okuwyň gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşlerine talyplyga kabul etmek we hünärmenleri taýýarlamak raýatyň bilim edarasyndaky saýlan hünärine degişli bolan iş ýerinde ýa-da wezipede iki ýyldan az bolmadyk möhletde işlän ýagdaýynda we onuň iş berijisiniň hödürnamasy esasynda amala aşyrylýar.

Ýokary hünär bilimiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalaşdyrylan möhleti kada görä öwrenilýän hünäre we okuwyň görnüşine baglylykda bäş okuw ýylyndan alty okuw ýyly aralygynda bolýar. Okuwyň anyk möhleti Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan degişli hünäriň okuw meýilnamasy bilen kesgitlenýär.

Ýokary okuw mekdepleriniň uçurymlaryna degişli hünär boýunça kär berilýär.

Ýokary hünär bilimini almak onuň eýesine degişli hünär işini amala aşyrmak, şeýle hem özüniň bilim, ylym we pedagogik derejesini ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi ulgamy arkaly ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýokary okuw mekdepleri degişli ygtyýarnamasy bolan ýagdaýynda başlangyç we orta hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny amala aşyryp bilýärler.

Ýokary okuw mekdepleriniň (eýeçiligiň görnüşleri boýunça) guralyşynyň we işiniň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan olar baradaky birkysmy düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar.

Türkmenistanda üznüksiz bilim ulgamynyň ýokary basgançagy hökmünde ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminiň maksady ýokary hünär biliminiň binýadynda ýokary hünär derejeli ylmy işgärleri taýýarlamakdyr.

Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi ýokary hünär bilimi edaralarynda we ylmy edaralarda döredilýän ordinaturada, aspiranturada (adýunkturada) we doktoranturada, şeýle hem alymlyk derejesine dalaşgärlik arkaly alnyp bilner.

Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminiň meseleleri Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak hünär bilimlerini we endikleri çuňlaşdyrmak, ylmyň we tehnologiýalaryň, şeýle hem halkara tejribesiniň häzirki zaman gazananlaryny hasaba almak bilen hünär bilimlerini täzelemek, täze hünärleri, kärleri we derejeleri öwrenmek maksady bilen amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda iş beriji öz hajatlary üçin zähmet ýa-da işgärler toparynyň köpçülikleýin şertnamasy (ylalaşygy), şeýle hem işgärler tarapyndan işiň (gullugyň) degişli görnüşleriniň ýerine ýetiriliş şertleri bilen kesgitlenýän tertipde amala aşyrylýan işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň zerurlygyny hem-de olaryň görnüşlerini özbaşdak kesgitleýär.

Eger işgär hünär boýunça gaýtadan taýýarlamak ýa-da hünär derejesini ýokarlandyrmak tamamlanandan soň, esassyz sebäplere görä şertnama boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmese, onda ol iş berijiniň bu maksatlar üçin çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr.

Işgärleriň (işçileriň, gullukçylaryň, hünärmenleriň) hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak döwlet serişdeleriniň hasabyna, şeýle hem şertnamalaýyn esasda, bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işi babatda degişli ygtyýarnamasynyň bar bolan ýagdaýynda ähli kysymdaky bilim edaralarynda, ylmy guramalarda we önümçilikde, beýleki guramalarda, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň hem-de olary gaýtadan taýýarlamagyň maksatnamalarynyň talaplary bilen kesgitlenýän okuw görnüşinde amala aşyrylyp bilner.

Işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagy we olary gaýtadan taýýarlamagy guramagyň we geçirmegiň meseleleri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Iş beriji öz hajatlary üçin işgärleriň hünär taýýarlygynyň we gaýtadan taýýarlygynyň zerurlygyny we talabyny özbaşdak kesgitleýär.

Iş beriji zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) kesgitlenilýän şertlerde we tertipde işgärleriň hünär taýýarlygyny, gaýtadan taýýarlygyny we hünäriniň ýokarlandyrylmagyny geçirýär.

Işgärleriň hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlamagyň we hünärini ýokarlandyrmagyň görnüşleri, zerur hünärleriň sanawy iş beriji tarapyndan kesgitlenilýär. Eger munuň özi işiň (gullugyň) belli bir görnüşleriniň işgärler tarapyndan ýerine ýetirilmegi şert bolup durýan bolsa, onda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz

öňünde tutulan halatlarda iş beriji işgärleriň hünäriniň ýokarlandyrylmagyny geçirmäge borçludyr.

Hünär taýýarlygyny geçýän işgärlere iş beriji işi okuw bilen utgaşdyrmak üçin zerur şertleri döretmelidir, şu Kodeksde, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, zähmet we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) bellenilen kepillikleri bermelidir.

Eger işgär hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy, hünärini ýokarlandyrmagy gutarandan soň esasly sebäpler bolmazdan, şertnama boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, ol iş berijä bu maksatlar üçin onuň çeken çykdajylaryny tölemäge borçludyr.

Işgärleriň hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlyga we hünärini ýokarlandyrmaga, şeýle hem täze hünärleri öwrenmäge bolan hukuga eýedirler.

Hünär taýýarlygyna bolan hukuk şägirtlik görnüşinde hem amala aşyrylyp biliner.

Iş beriji zähmeti goramak boýunça çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda zähmetiň şertlerine baha bermek maksady bilen iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmelidir.

Iş orny-bu işgäriň zähmet işi üçin zerur bolan serişdeler bilen üpjün edilen we zähmet normalary esasynda kesgitlenen zähmetini sarp edýän çägidir.

Iş orunlarynyň hünär synagy-bu iş ýerleriniň guramaçylyk-tehniki we ykdysady häsiýetlerini zähmetiň şertlerini we öndürijiligini hem-de progressiw normatiwlerini göz öňünde tutup kesgitlemekdir. Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň esasy maksady-artykmaç we netijesiz iş ýerlerini ýüze çykarmakdyr.

Kärhanada azyndan bäş adamdan ybarat hünär synagy topary döredilip, onuň düzümine zähmeti goramak, zähmeti guramak we zähmet haky gulluklarynyň hünärmenleri, baş hünärmenler, kärhananyň gurluş düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary, kärdeşler arkalaşygyň we (ýa-da) işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasynyň wekilleri girýär.

Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň möhletleri zähmet şertleriniň we häsiýetiniň üýtgemeginden ugur alnyp bellenilýär, ýöne ol üç ýylda bir gezekden az bolmaly däldir.

Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň netijeleri boýunça olaryň köpçülikleýin gysgaldylmagy ýol berilmesizdir.

Iş orunlarynyň hünär synaglary "Zähmet şertleri boýunça iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň tertibi" hakyndaky birkysmy düzgünnama laýyklykda geçirilýär.

Iş ýerleriniň attestasiýasy geçirilende baha bermegiň netijeleri boýunça şu aşakdaky çözgütler kabul edilýär:

- attestasiýadan geçirmeli (haçan-da hakyky görkezijiler bildirilýän talaplara laýyk gelende ýa-da talaplardan ýokary derejede bolanda);
- kämilleşdirilmeli (haçan-da iş ýerleriniň käbir ölçegleri normatiwlere gabat gelenok, ýöne düzedip bolýar);
- iş ýerini ýapmaly (eger artykmaç ýa-da talaplara laýyk gelmeýän iş ýerleri ýüze çykarylsa we olary kämilleşdirmek netijesiz bolan halatynda);

Iş beriji işgärleriň hünär derejesini barlamak, işewür sypatlaryny kesgitlemek, kärine, hünärine, eýeleýän wezipesine olaryň laýyk gelşini ýüze çykarmak maksady bilen işgärleriň hünär synagyny geçirýär.

Diňe degişli wezipede ýa-da iş ornunda azyndan üç ýyl işlän işgärler hünär synagyndan geçip bilerler. Her bir işgär üç ýylda bir gezek hünär synagyny geçip biler.

Kärhanada işgärleriň hünär synagyny geçirmek üçin iş berijiniň buýrugy bilen ýeterlik tejribe toplan, degişli pudakda ýokary hünär bilimlerine eýe bolan adamlardan, şeýle hem kärdeşler arkalaşygynyň we (ýa-da) işgärleriň beýleki wekilçilikli edaranyň wekilinden ybarat hünär synagy topary döredilýär. Hünär synagy toparynyň düzümine ýokarda duran edaranyň, şeýle hem beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hünärmenleri goşulyp bilner. Işgäriň ýolbaşçysy hünär synagy toparynyň agzasy bolup bilmez.

Hünär synagy topary azyndan bäş adamdan ýa-da agzalaryň başga täk sanyndan durýar. Hünär synagy toparynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iş berijiniň buýrugy bilen kesgitlenilýär.

Hünär synagy ýazmaça ýa-da dilden aýdylýan görnüşde geçirilýär. Hünär synagy üçin sowallar işgärleriň diňe eýeleýän wezipesi (käri), zähmet wezipeleri, hünäri (käri), ýerine ýetirýän işi we olaryň netijeleri, şeýle hem işgärleriň eýeleýän wezipesine (kärine) laýyklykda gelşini kesgitlemek üçin gerek bolan, zähmet şertnamasynda kesgitlenen hukuklar we borçlar boýunça borçlaryndan ugur alnyp döredilýär.

Hünär synagy topary işgäriň eýeleýän wezipesine (kärine) laýyk gelýänligi ýa-da gelmeýänligi hakdaky çözgütleriň diňe ikisinden birini kabul edýär. Şunuň bilen bir hatarda hünär synagy topary bu çözgüdine iş berijä işgäri başga wezipede (kärde) peýdalanmagyň maksadalaýyklygy hakdaky maslahaty berip biler.

Eýeleýän wezipesine laýyk gelmeýändigi hakynda hünär synagy topary tarapyndan çözgüt çykarylan işgär bilen zähmet şertnamasy iş beriji tarapyndan ýatyrylyp bilner.

Iş beriji hünär synagy toparynyň maslahatyny nazara alyp, işgäriň razylygy bilen ony başga laýyk gelýän wezipä (käre) geçirip biler.

Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň netijeleriniň esasynda iş beriji işgärler bilen zähmet şertnamalaryny ýatyryp bilmez.

Hünär synagynyň geçirilýän wagty esasly sebäp boýunça işde ýok işgäriň hünär synagy başga wagta geçirilýär.

Kärhanada şu aşakdaky işgärleriň hünär synagy geçirilmeýär:

1. Ýokarda durýan edara tarapyndan wezipä bellenenleriň;
2. Saýlawly wezipä saýlananlaryň;
3. On sekiz ýaşyna ýetmedikleriň;
4. Bu wezipede hakykatda bir ýyldan az işleýänleriň;
5. Göwreli aýallaryň;
6. Çaga seretmek boýunça rugsat gutaryp işe çykandan soň degişli wezipede (kärde) bir ýyldan az işlän aýallaryň;

7. Maýyplaryň;
8. Pensiýa ýaşyndakylaryň we pensiýa ýaşyna ýetip barýanlaryň;
9. Köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan halatlarda hünär synagyna degişli bolmadyklaryň;

Iş berijiniň kärhanada adama hünär öwretmek üçin şägirtlik şertnamasyny baglaşmaga hukugy bardyr.

Şägirtlik şertnamasynda şu aşakdakylar bolmalydyr: taraplaryň ady; şägirdiň alýan anyk kärini; hünärini görkezmek; iş berijiniň şägirtlik şertnamasyna laýyklykda işgäre öwrenmek mümkinçiligini üpjün etmek; işgäriň okuw geçmek we alnan käre, hünäre laýyklykda kärhanada iş beriji bilen şägirtlik şertnamasynda bellenen möhletiniň dowamynda zähmet şertnamasy boýunça işlemek borjy; şägirtligiň möhleti; şägirtlik töleginiň möçberi.

Şägirtlik şertnamasynda taraplaryň ylalaşygy bilen kesgitlenen beýleki şertler hem bolup biler.

Şägirtlik şertnamasy şeýle şertnamada bellenilen möhletiň içinde kärhanada belli bir kär, hünär boýunça öwretmek, hünär we iş almak üçin zerur bolan möhlete baglaşylýar.

Şägirtlik şertnamasy şu şertnamada görkezilen günden başlap onda göz öňünde tutulan möhletiň içinde hereket edýär.

Şägirtlik şertnamasynyň hereketi şägirdiň syrkawlan, onuň harby ýygnanşyklary geçen wagtyna we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda uzaldylýar.

Şägirtlik şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň içinde onuň mazmuny diňe taraplaryň ylalaşygy boýunça öýtgedilip bilner.

Şägirtlik ýekeleýin, brigadalaýyn, toparlaýyn we başga hili öwretmek arkaly guralýar.

Şägirtligiň wagty hepdäniň dowamynda degişli işler ýerine ýetirilende, degişli ýaşdaky, hünärdäki, kärdäki işgärler üçin bellenilen iş wagtynyň kadalaryndan ýokary geçmeli däldir.

Kärhanada okuw geçýän işgärler iş beriji bilen ylalaşyp zähmet şertnamasy boýunça işden doly boşadylyp ýa-da doly däl iş wagtynyň şertlerinde bu işi ýerine ýetirip bilerler. Şägirtlik

şertnamasynyň hereket edýän döwründe işgärler gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerindäki we işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki işe çekilip, şägirtlik bilen baglanyşykly bolmadyk gulluk iş saparlaryna iberilip bilinmez.

Şägirtlere şägirtlik döwründe talyp haky tölenilip, onuň möçberi şägirtlik şertnamasynda kesgitlenilýär we ol alnan käre, hünäre, kwalifikasiýa baglydyr, ýöne ol Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az zähmet hakyndan pes bolup bilmez.

Tejribe okuwlarynda şägirdiň ýerine ýetirýän işi bellenilen bahalar boýunça tölenilýär.

Zähmeti goramagyň meselelerini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň täsiri şägirtlere degişlidir.

Şägirtlik şertnamasynyň Türkmenistanyň Zähmet Kodeksine, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) ters gelýän şertleri hakyky däldir we ulanylmaýar.

Şägirtligi üstünlikli tamamlan adamlara iş beriji bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda okuw şertnamasyna laýyklykda synag möhleti bellenilmeýär.

Eger şägirt şägirtlik tamamlanandan soň esasly sebäpler bolmazdan şägirtlik şertnamasy boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, şol sanda işe girişmese, ol şägirtlik döwründe alan talyp hakyny iş berijä gaýtarmaga, şeýle hem iş berijiniň şägirtlik bilen baglanyşykly çeken beýleki çykdajylaryny tölemäge borçludyr.

Önümçilide işçi kadrlaryny taýýarlamak esasan hem dokma we gurluşyk kärhanalaryna häsiýetlidir. Bu pudaklarda hünärmenler esasan halypaçylyk usulynda taýýarlanylýar. Hünärmenleri önümçilikde taýýarlamak kärhanalara şu aşakdaky artykmaçlyklary berýär:

1. Hünärmenleri taýýarlamagyň operatiwligi;
2. Hünärmenleri taýýarlamaga serişdeleriň az harajat edilmegi;
3. Hünärmenleri taýýarlamagyň hiliniň ýokary bolmagy.

Kärhanalarda işçi kadrlary şu usullarda taýýarlanylýar:

1. Ýöriteleşdirilen toparlarda;
2. Ýöriteleşdirilen kurslarda;
3. Halypa-şägirt usulynda.

# II-BÖLÜM ZÄHMET GÖRKEZIJILERI

## VII-bap. Zähmet görkezijileriniň ulgamy we olaryň ähmiýeti

Önümçiligi dolandyrmagyň dürli derejelerinde zähmet görkezijileriniň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

1. Ykdysadyýetiň pudaklarynda işleýänleriň düzümi we sany;
2. Işgärleriň sanynyň görkezijileri;
3. Işe kabul etmek we işden boşatmak boýunça işgärleriň sanynyň hereketiniň görkezijileri;
4. Iş wagtynyň görkezijileri;
5. Zähmet öndürijiliginiň görkezijileri;
6. Zähmetiň şertleri we oňa baha bermek;
7. Zähmeti guramagyň derejesiniň görkezijileri;
8. Kärhanada zähmet potensialynyň peýdalanylyşynyň görkezijileri;
9. Zähmete hak tölemegiň görkezijileri;
10. Ilatyň durmuş derejesiniň görkezijileri;

Her bir önümçilik kärhananyň zähmet görkezijileri özara baglanyşykly 2-topara bölünýär:

1. Direktiw (uzak möhletleýin) zähmet görkezijileri;
2. Önümçiligiň içindäki (gündelik hasaplanylýan) görkezijiler;

Direktiw zähmet görkezijileri ýokary döwlet guramalary, ýagny, Ministrler Kabineti, degişli ministrlikler, wedomostwalar, pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan kesgitlenilýär. Şeýle görkezijiler diňe ony kesgitlän gurama tarapyndan üýtgedilip biliner. Şol bir wagtda direktiw zähmet görkezijileri önümçilik kärhanalarynyň teklibi boýunça ýokarlandyrylyp ýa-da peseldilip biliner.

Önümçiligiň içindäki görkezijiler direktiw görkezijilerden ugur alynylyp kärhanalarda hasaplanylýar. Mysal üçin, işgärleriň ortaça zähmet haky kesgitlenen zähmet haky fondunyň işgärleriň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Önümçiligiň esasy görkezijisi öndürilen önümiň göwrümi bolup durýar. Öndürilen önümiň göwrüminiň indeksi **(Iöö)** şu aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

**Iöö = Iis x Izö;**

bu ýerde, **I is-**işgärleriň sanynyň indeksi;

**I zö-**zähmet öndürijiliginiň indeksi;

Öndürilen önümiň göwrümi işgärleriň sanynyň artdyrylmagynyň hasabyna ýa-da zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagynyň hasabyna artdyrylyp bilner. Şonda birinji ýol-ekstensiw, ikinji bolsa-intensiw hasaplanylýar. Kärhanalar üçin bolsa, ikinji usul amatly hasap edilýär.

Direktiw we önümçiligiň içindäki zähmet görkezijileri özara baglanyşykly bolşy ýaly, olar kärhananyň beýleki önümçilik-hojalyk görkezijileri, sosial ösüşi bilen hem baglanyşyklydyr.

Kärhananyň bar bolan önümçilik potensialyny rejeli peýdalanmak esasy meseleleriň biri bolup durýar. Önümçiligi täze, progressiw tehnologiýalar, döwrebap enjamalar bilen üpjün etmeklik zerurdyr. Şunda täze tehnologiýalar, enjamlar üçin kärhana öz serişdelerini ulanmaly bolýar. Önümçilik potensialyny rejeli peýdalanmakda hem zähmet görkezijileriniň orny uludyr. Hususan-da, önümçiligiň elementleri bolan zähmet serişdesi-zähmet predmeti-işçi güýji ýaly baglanyşykda esasy, aýgytlaýjy orun janly zähmete, işçi güýjüne degişli bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, maşynlaryň, enjamlaryň, agregatlaryň netijeli işlemegi olaryň smenalaýyn koeffisienti arkaly häsiýetlendirilýär. Enjamyň ulanylyşynyň smenalaýyn koeffisienti maşyn parkynyň fiziki ululykda aňladylan sanyny has köp smenada işledilen maşynlaryň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär. Ýöne bu görkeziji enjamyň, maşyn kuwwatlylygynyň näderejede netijeli peýdalanylandygyny aňlatmaýar. Enjamyň, maşynyň smenalaýyn koeffisienti diňe şol enjamyň bir sutkanyň dowamynda işledilen wagtyny görkezýär. Enjamyň kuwwatlylygynyň her smenadaky ulanylyşyny bolsa, smenalaýyn iş wagtynyň ulanylyşyny öwrenmek arkaly kesgitlemek bolar. Mysal üçin, eger stanokçynyň iş gününiň balansynda operatiw wagtyň paýy 70-80% bolan bolsa, onda bu enjamyň smenanyň dowamynda 20-30% wagty boş durandygyny aňladýar.

Zähmet görkezijileriniň seljermesi tehniko-tehnologik potensiala baha bermäge, tehnikanyň ulanylyşynyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga ýardam berýär.

Zähmet predmetleriniň ulanylyşynyň derejesi önümiň özüne düşýän gymmatyna, peýdanyň ululygyna täsir edýär. Şeýle hem çig-mallaryň, materiallaryň rejesiz peýdalanylmagy diňe olaryň saklanylyşyna, harçlanyş normasyna, tehnologik galyndylaryň ululygyna bagly bolman, eýsem, zähmet potensialynyň hiline, işleýänleriň hünär, kär derejesiniň önümçiligiň talaplaryna laýyk gelmeýşine hem baglydyr.

Eger önümçilikde işgäriň hünärini ýokarlandyrmaklyga, öňdebaryjy tejribeleri ulanmaklyga ýeterlik üns berilmese, onda şol ýerde hem zaýalanan (brak) önümiň paýy ýokary bolýar.

Kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň ähli görkezijilerine şahsy faktorlar hem uly täsir edýär. Mysal üçin, zähmeti guramagyň brigadalaýyn usulynyň giňden ornaşdyrylmagy, esasan hem toplumlaýyn, ýöriteleşdirilen brigadalaryň döredilmegi önümçilik däl harajatlaryň we iş wagtynyň ýitirilmeginiň azalmagyna getirýär. Şeýle hem, brigadalaýyn usul smenany „ýüz ugruna“ tabşyrmagyň hasabyna enjamlaryň netijeli ulanylmagyna şert döredýär. Enjamlary abatlaýyş işlerine ýöriteleşdirilen brigadalaryň döredilmegi bolsa, abatlaýyş işlerine harajatlaryň azalmagyna we şeýlelikde, önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine getirýär.

Kärhanada her bir dolandyryş çözgüdini kabul etmek öňki çözgütleriň netijeliligine baha bermekden başlanýar. Başgaça aýdylanda, dolandyryş çözgüdini kabul etmezden ozal kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň ykdysady seljermesi geçirilýär.

Zähmet görkezijileriniň seljermesi geçirilende, ozaly bilen, zähmetiň ulanylyşyna baha berilýär we ony gowulandyrmak boýunça çäreler işlenilip taýýarlanylýar.

Zähmet görkezijileriniň seljermesiniň esasy wezipelerine şular degişli:

1. Önümiň zähmet talap edijiligini aşaklatmak we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak boýunça meýilnamadaky göz

öňünde tutulan tabşyryklaryň esaslandyrylyşyny çuňňur barlamak;

2. Meýilnamalaşdyrylan zähmet görkezijileriniň maddy we zähmet resurslary bilen üpjünçilige baha bermek;
3. Zähmet meýilnamasynda göz öňünde tutulan tabşyryklaryň ýerine ýetirilişini we gyşarmalaryň sebäplerini barlamak;
4. Guramaçylyk-tehniki çäreleriň netijeliligini hasaplanylyşynyň dogrulygyny kesgitlemek we olaryň zähmet normalarynda aňladylyşyna baha bermek;
5. Zähmeti guramagyň ýagdaýyna baha bermek;
6. Zähmet görkezijileriniň ulanylman galan mümkinçiliklerini ýüze çykarmak, olaryň önümçiligiň göwrümine we önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegine täsirini kesgitlemek;
7. Önümçiligiň şahsy faktorynyň ulanylyşyny gowulandyrmak boýunça işleriň netijeliligine baha bermek, zähmet potensialynyň düzümini, guramada sosial-psihologik klimaty seljermek;
8. Dolandyryş çözgütlerini kabul etmek we meýilnamalaşdyrmak üçin zerur bolan maglumatlary toplamak;
9. Zähmet görkezijileriniň giň toplumy boýunça meýilnamalaşdyrylan tabşyryklary esaslandyrmak;

Zähmet görkezijileriniň seljermesi meýilnamalaşdyrmagyň esaslandyrylyşyny ýokarlandyrmaga, önümçilik-hojalyk işini dolandyrmagy kämilleşdirmäge niýetlenendir.

## VIII-bap. Zähmet resurslarynyň ulanylyşynyň görkezijileri

Zähmet resurslary diýip, halk hojalygynyň dürli pudaklarynda işleýän we haýsy hem bolsa bir sebäplere görä işläp bilmeýän ilatyň zähmete ukyply bölegine aýdylýar. Türkmenistanda zähmet resurslarynyň düzümine şu aşakdaky kategoriýaly ilaty goşýarlar:

- erkek adamlar 16-ýaşdan 62-ýaş aralygynda, aýallar 16-ýaşdan 57-ýaş aralygynda ilatyň işe ukyply bölegi; (I, II-topar işlemeýän maýyplardan we ýeňillikli pensiýa alýanlardan başgalar);
- 16-ýaşdan başlap hakyky işleýän ýetginjekler we pensiýa ýaşyndaky işleýänler;

Zähmet resurslary zähmet potensialynyň möhüm bölegi bolup durýar. Zähmet potensialy – bu önümçilik potensialynyň düzüm bölegi bolup, bar bolan zähmet resurslarynyň sany, hili, düzümi we zähmet öndürijiligi bilen kesgitlenilýär.

Zähmet resurslarynyň sany üznüksiz üýtgeýär. Sebäbi, zähmet resurslary ýetginjekleriň ilatyň zähmete ukyply bölegine goşulmagy bilen artýar, ýa-da zähmete ukypsyz ýaşdakylaryň hasabyna (pensiýa gidenler) kemelýär.

Ýurduň zähmet resurslarynyň rejeli peýdalanmagyna şu aşakdaky faktorlar täsir edýär:

1. Halk hojalygynyň tehniki enjamlaşdyrylyşynyň ösüşi we önümçiligiň tehnologiýasyny kämilleşdirmek;
2. Jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamagy üpjün edýän önümçiligi amatly ýerleşdirmek;
3. Zähmet resurslaryny sebitleriň we halk hojalygynyň pudaklarynyň arasynda gaýtadan paýlamak;
4. Kärhanalaryň çäginde şol bir işçileriň sany bilen önümiň we ýerine ýetirilen işleriň möçberiniň artmagyny üpjün edýän zähmetiň ylmy taýdan guralyşy;
5. Işleýänleriň bilimini, kär derejesini, hünär ussatlygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna zähmetiň hilini gowulandyrmak;
6. Ýaş ýetginjekleri zähmet işine çekmek we pensiýa ýaşyndaky adamlaryň zähmetini ulanmak boýunça çäreler geçirmek;

Zähmet resurslarynyň absolýut sany-bu işe ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň, işleýän ýetginjekleriň we pensiýadaky

işleýänleriň sanynyň jemine deňdir. Zähmet resurslarynyň sany haýsy hem bolsa belli bir wagtda kesgitlenilýär.

Zähmet resurslarynyň tebigy artyşy 16-ýaşa ýetenleriň, hakyky işleýän ýetginjekleriň we işleýän pensionerleriň hasabyna bolup geçýär.

Zähmet resurslarynyň tebigy kemelişi pensiýa ýaşyna ýetip, işlemegi bes edenleriň, zähmete ukyply ýaşdaky maýyplyga geçenleriň we zähmete ukyply ýaşdaky ýogalanlaryň hasabyna bolup geçýär.

Zähmet resurslarynyň tebigy artyşy bilen kemelişiniň arasyndaky tapawut zähmet resurslarynyň sap ösüşini aňladýar.

Gelýän we gidýänleriň sanynyň arasyndaky tapawut sebitiň zähmet resurslarynyň mehaniki ösüşini aňladýar.

Sebitiň zähmet resurslarynyň tebigy we mehaniki artyşynyň jemi zähmet resurslarynyň umumy ösüşini aňladýar.

Zähmet resurslarynyň absolýut görkezijileri we olaryň ösüşi ilatyň absolýut görkezijileri (ähli ýaşdakylar, zähmete ukyply ýaşdakylar we ş.m.) bilen deňeşdirilýär. Şeýlelikde, haýsy hem bolsa belli bir döwür üçin otnositel görkezijiler kesgitlenilýär:

1. Zähmete ukyply ilatyň paýy zähmete ukyply ýaşdakylaryň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.
2. Ilatyň zähmete ukyplylygynyň koeffisienti işjeň ýaşyndaky zähmete ukyplylaryň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.
3. Ilatyň iş bilen meşgullyk koeffisienti ýaşyna garamazdan iş bilen meşgullanýanlaryň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.
4. Işjeň ýaşdaky ilatyň iş bilen meşgullygynyň koeffisienti işjeň ýaşdaky işleýänleriň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.
5. Zähmete ukyply ilatyň iş bilen meşgullygynyň koeffisienti zähmete ukyply iş bilen meşgullygyň sanynyň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.
6. Zähmete ukyply ilatyň ýüklenme koeffisienti işjeň däl ýaşdakylaryň sanyny işjeň ýaşdaky ilatyň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.

7. Zähmete ukyply ilatyň pension ýüklenme koeffisienti pensiýa ýaşyndaky ilatyň işjeň ýaşdaky ilatyň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.
8. Zähmet resurslarynyň çalşyp bilijilik (öwezini dolmak) koeffisienti zähmete ukyply ýaşa çenli ilatyň sanynyň işjeň ýaşdaky ilatyň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.
9. Işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sap artyş koeffisienti işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň tebigy artyşynyň işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.
10. Işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň umumy artyşynyň koeffisienti işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň umumy artyşynyň işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Zähmet resurslarynyň seljermesi gündelik hasabat maglumatlaryna, zähmet boýunça bir wagtlaýyn geçirilýän barlaglaryň netijelerine we ilat ýazuwynyň maglumatlaryna esaslanýar. Zähmet resurslarynyň sanynyň we düzüminiň görkezijileri dürli aspektlere öwrenilýär:

- sosial-ykdysady alamatlar boýunça (ýaşaýyş üçin serişde toplaýyşynyň çeşmelerine görä, sosial topara gatnaşygyna laýyklykda we ş.m.)
- demografik alamatlar boýunça (ýaşy, jynsy, maşgala ýagdaýy, milleti we ş.m.)
- işiniň pudaklaýyn-hünär we funksional toparlanyşy boýunça (hünäri, kär derejesi, işleýän pudagy we ş.m.)
- orta bilim we ýörite taýýarlyk derejesi boýunça;
- migrasion alamatlar boýunça;

Zähmet resurslary ýaşaýyş üçin serişde toplaýşynyň çeşmelerine görä şu aşakdaky toparlara bölünýär:

- döwlet kärhanalarynda, edaralarynda işleýänler;
- daýhan birleşiklerinde işleýänler;
- hususy kärhanalaynda işleýänler;

- pensionerler, stipendiantlar we hemişelik iş ýerleri bolmadyklar;
- ene-atasynyň ýa-da başga biriniň iždiwensiýasynda bolanlar;
- öz goýum serişdelerinden kärende beren emläginden gelen girdejiniň hasabyna ýaşaýanlar;

Şeýle hem, zähmet resurslary jemgyýetçilik toparlaryna bölünip öwrenilýär. Zähmet resurslarynyň migrasiýasy (hereketi) döwlet ykdysady we hasabat guramalary tarapyndan öwrenilýär.

Zähmet resurslarynyň sebitleýin paýlanylyşy sebitleriň ykdysady aýratynlyklaryny we ilatynyň ýerleşişini göň öňünde tutulyp öwrenilýär.

Zähmet resurslarynyň iş, okuw ýeri bilen ýaşaýan ýeriniň arasyndaky hereketine maýatnik migrasiýasy diýilýär.

## IX-bap. Halk hojalygynyň pudaklarynda işleýänleriň düzüminiň we sanynyň görkezijileri

Ykdysadyýet pudaklarynda iş bilen meşgullygyň sany zähmet resurslarynyň ulanylyşyny häsiýetlendirýän umumy görkeziji bolup durýar. Olaryň sanyna işçiler, gullukçylar, daýhanlar we beýleki jemgyýetçilik zähmeti bilen meşgullanýanlar degişlidir.

Ykdysadyýet pudaklarynda işleýänler zähmet sferasyna laýyklykda 2 topara bölünýär:

1. Maddy önümçilik pudaklarynda işleýänler (önümçilik sferasynda);
2. Önümçilik däl pudaklarda işleýänler (hyzmatlar sferasynda we dolandyryşda);

Zähmet resurslarynyň şeýle bölünişigi ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýanlaryň hakyky paýlanyşyna seljerme bermekde uly ähmiýete eýedir.

Maddy önümçilikde iş bilen meşgullanýanlaryň sany we düzümi önümçiligiň netijeliliginiň görkezijilerini kesgitlemekde, ýagny zähmet öndürijiligini, girdejileri we ş.m. ulanylýar.

Maddy önümçilikde iş bilen meşgullanýanlaryň sany öz gezeginde pudaklar boýunça hem bölünýär. Şeýle hem, maddy önümçilikde iş bilen meşgullanýanlaryň sanyna önümçilik bilen baglanyşykly ylmy-barlag we taslama guramalarynda işleýänler goşulýar.

Önümçilik däl pudaklarda işleýänleriň sanyna saglygy goraýyşda, bilimde, ylymda, durmuş üpjünçiliginde, medeniýetde, sungatda, bank-maliýe ulgamynda, jemgyýetçilik guramalarynda, hukuk goraýjy edaralarda we dolandyryşda işleýänler goşulýar.

Önümçilik pudaklarynda işleýänler iki topara bölünýär:

1. Önümçilik esasy işi bilen meşgullanýanlar (önümçilik sehiniň işgärleri).
2. Önümçilik däl bölümleriň işgärleri (ammar, üpjünçilik bölümleriň işgärleri).

Senagat halk hojalygynyň esasy pudagy hasaplanylýar. Bu pudagyň işgärleri hem iki topara, senagat-önümçilik personalyna we önümçilik däl personala bölünýär. Senagat-önümçilik personalyna esasy we kömekçi sehleriň işgärleri, enjamlaryň abatlaýyş işleri bilen meşgullanýanlar, kömekçi önümçiligiň işgärleri we başgalar degişli. Önümçilik däl personala kärhananyň dolandyryşy, hyzmatlar ulgamynda iş bilen meşgullanýanlar degişlidir.

Halk hojalygynyň ýene bir esasy pudaklarynyň biri gurluşyk hasaplanylýar. Bu pudagyň işgärleri gurluşyk-gurnama işlerinde işleýänlere we kömekçi hojalykda işleýänlere bölünýär. Gurluşyk-gurnama işlerinde işleýänlere jaýlaryň, binalaryň gurluşygynda we düýpli abatlaýyş işlerinde işleýänler degişlidir. Kömekçi hojalykda işleýänlere gurluşyk materiallaryny taýýarlamak işleri bilen meşgullanýanlar we gurluşygyň üpjünçilik edaralarynda işleýänler degişlidir.

Oba hojalygynda işleýänler hem önümçilikde işleýänlere we oba hojalygyna hyzmat edýän edaralarda işleýänlere bölünýär.

Ulag pudagynyň işgärleri hem esasy we kömekçi toparlara bölünýär. Esasy işgärler ulaglarda herekete jogapkär işgärlerdir. Kömekçi işgärler bolsa, ulag pudagynyň edaralaryna hyzmat

edýän, ýükleri ýüklemek-düşürmek işleri, ýokary abatlamak, ulaglara hyzmat etmek we ş.m. meşgullanýanlardyr.

Aragatnaşyk pudagynyň işgärleri aragatnaşyk hyzmatlaryny ýerine ýetirýänlere we aragatnaşyk edaralaryna hyzmat edýänlere bölünýär.

Söwda-da işleýänler gös-göni söwda hyzmatynda işleýänlere we söwda edaralaryna hyzmat edýänlere bölünýär.

Önümçilik däl pudaklarda işleýänleriň düzümi seljerilende ilki bilen olaryň işleýän guramalary boýunça paýlanylýar. Oňa laýyklykda guramalar şu aşakdaky toparlara bölünýär:

- ylmy-barlag edaralary;
- okuw mekdepleri;
- ýaşaýyş jaý we kommunal hyzmatlary kärhanalary;
- maliýe-bank edaralary we ş.m.

Ylmy-barlag edaralarynda işgärler alymlyk derejesi we atlary boýunça hasaba alynýar. Şoňa laýyklykda bu edaralarda ylmy dolandyryş personal, alyp baryjy ylmy işgär, uly ylmy işgär, kiçi ylmy işgär diýen toparlara bölünýär. Ýokary okuw jaýlarynda işgärler professor, dosent, uly mugallym, mugallym, assistent ýaly derejelere bölünýär. Şeýle hem ýokary okuw mekdeplerinde kömekçi işgärler, laborantlar, hojalyk işgärleri bolýar.

Mekdeplerde mugallymlaryň düzümi synpdaky okuwçylaryň sanyna, mugallymlaryň hünär derejesine, okuw ýükleriniň möçberine laýyklykda ştat raspisaniýesi esasynda kesgitlenilýär.

Ýaşaýyş jaý komunal hyzmatlar kärhanalarynda, maliýe-bank edaralarynda we beýleki önümçilik däl pudaklaryň edaralarynda işgärleriň düzümi olardaky işçileriň möçberine kesgitlenilen normatiwler, işiň hili, häsiýeti boýunça ştat raspisaniýeleri esasynda bellenilýär.

Kärhanalaryň we guramalaryň işgärleri ýerine ýetirýän funksiýalary boýunça birnäçe toparlara bölünýär:

1. Işçiler;
2. Ýolbaşçylar;
3. Hünärmenler;
4. Gullukçylar.

Işçiler gös-göni önümçilik prosesinde işleýärler we fiziki zähmet bilen meşgullanyp, zähmet guralynyň kömegi bilen zähmet predmetlerine göni täsir edip önüm öndürýärler. Emma, önümçilik prosesinde işçiler beýleki funksiýalary hem ýerine ýetirýärler. Mysal üçin, maşynlara, enjamlara serenjam bermek, zähmet predmetlerini daşamak, iş ýerlerine hyzmat etmek we ş.m. Şonuň üçin işçiler öz gezeginde esasy we kömekçi işçilere bölünýär.

Işgärleriň düzüminde ýolbaşçy kategoriýadakylar kärhanany dolandyrmak bilen meşgullanýarlar. Mysal üçin, direktor, ussalar we ş.m.

Hünärmenler kategoriýasyna inžener-tehniki, ykdysady işlerdäki işgärler degişlidir. (inženerler, ykdysatçylar, agronomlar, dispetçerler we ş.m.)

Kärhanada gullukçylar kategoriýasyna resminamalary taýýarlamak we resmileşdirmek, hasap, gözegçilik, hojalyk hyzmatlary bilen meşgullanýarlar degişlidir. (agent, kassir, iş dolandyryjy, kätip hasaplaýjy we ş.m.)

Kär-bu işgäriň ýörite okuw ulgamynyň ýa-da uzak döwürdäki tejribäniň netijesinde ele alan endikleriniň we bilimleriniň köplügidir.

Hünär-bu hünäre garanda has ýöriteleşen ugur bolup, işgäriň bilim we zähmet endikleriniň ýöriteleşen ugurlaryny öz içine alýar.

Wezipe-bu işgäriň öz hünärine we kärine laýyklykda ýerine ýetirmeli işleriniň, borçlarynyň toplumydyr.

Işçileriň kär derejesi olaryň ýerine ýetirýän işleriniň çylşyrymlylygyna laýyklykda kesgitlenilýär. Ol işçiniň hünäri, zähmet endikleri we bilim derejesi boýunça häsiýetlendirilýär hem-de tarif torundaky razrýady boýunça ölçenilýär. Işçiniň tarif torundaky razrýady onuň gündelik ýa-da sagatlaýyn zähmet hakynyň möçberini kesgitlemekde ulanylýar. Işçiniň her tarif razrýadyna tarif koeffisienti kesgitlenilýär. Tarif koeffisienti şol bir razrýadyň tarif stawkasynyň 1-nji razrýadyň tarif stawkasyna gatnaşygy görnüşinde hasaplanylýar:

| Işçileriň hemmesi % | Şol sanda tarif razrýadlary boýunça | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | I | II | III | IV | V | VI | VII | VIII |
| | Tarif koeffisiýenti | | | | | | | |
| | 1,0 | 1,06 | 1,19 | 1,36 | 1,57 | 1,85 | 2,04 | 2,28 |
| 100 | 1,2 | 7,2 | 21,9 | 25,2 | 28,8 | 14,2 | 1,4 | 0,1 |

8-razrýadly tarif torunda işçileriň umumy kär derejesi ortaça tarif razrýady arkaly häsiýetlendirilýär. (4,22)

**Tr(o)=(1x1,2)+(2x7,2)+(3x21,9)+(4x25,2)+(5x28,8)+(6x14,2)+(7 x1,4)+(8x0,1):100=421,9:100=4,22**

Şeýle hem ortaça tarif razrýadyny tarif koeffisiýenti arkaly kesgitlemek mümkin:

**Tr(o)=(1,00x1,2)+(1,06x7,2)+(1,19x21,9)+(1,36x25,2)+ +(1,57x28,8)+(1,85x14,2)+(2,04x1,4)+(2,28x0,1):100= =143,7:100=1,44**

Işçileriň kär derejesiniň razrýadlary olaryň käri boýunça hünärmen derejesini aňladýar. Mysal üçin, 1-2-razrýadly az hünär derejeli, 3-4-orta hünär derejeli, 5-8- razrýadlar-ýokary hünär derejeli hasaplanylýar.

Işgärleriň jynsy, iş stažy we bilimi boýunça seljermesi birwagtlaýyn hasabat ýöretmek usulynda geçirilýär. Işgärleriň jynsy boýunça paýlanylyşynyň seljermesi aýallaryň jemgyýetçilik işlerine çekilişini kesgitlemek üçin geçirilýär.

Işgärleriň ýaşy boýunça düzümi şu aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:

*16 ýaşa çenli;
*16-19 ýaş aralygynda;
*20-24 ýaş aralygynda;

*25-29 ýaş aralygynda;
*30-34 ýaş aralygynda;
*35-39 ýaş aralygynda;
*40-44 ýaş aralygynda;
*45-49 ýaş aralygynda;
*50-54 ýaş aralygynda;
*55-59 ýaş aralygynda;
*60-64 ýaş aralygynda;
*65ýaşdan ýokary;

Işgärleriň ýaşy boýunça bölünişigi aýratyn hem pensiýa ýaşyndakylaryň zähmete gatnaşygyny öwrenmek üçin zerur bolup durýar.

Işgärleriň iş stažy boýunça seljerme olaryň zähmet öndürijiliginiň iş stažyna baglylygyny kesgitlemek üçin geçirilýär. Işgäriň umumy iş stažy onuň işleýän ýerine, kärine, işiniň dowamlylygyna garamazdan umumy zähmet işini öz içine alýar.

Işgäriň ýörite hünäri boýunça iş stažy belli bir hünärde yzygider işlän wagtyny görkezýär.

Işgärleriň bilim derejesi boýunça seljerme geçirilende birnäçe toparlara bölünýär:
*ýokary bilimli;
*tamamlanmadyk ýokary bilimli;
*ýörite hünärment bilimli;
*umumy orta bilimli;
*doly däl orta bilimli;
*başlangyç bilimli;

Halk hojalygynyň önümçilik we önümçilik däl pudaklarynda işleýänler zähmet işiniň häsiýeti boýunça 2-topara bölünýär:

1. Fiziki zähmet bilen meşgullanýanlar;
2. Akyl zähmeti bilen meşgullanýanlar;

Zähmet prossesiniň dowamynda işgär fiziki zähmeti akyl zähmet bilen utgaşykly alyp barýar. Ýokardaky toparlanma bolsa, işiň ol ýa-da beýleki görnüşindäki haýsy zähmetiň paýynyň köpdügine laýyklykda bölünýär.

Fiziki zähmet bilen meşgullanýanlar işiň agramly böleginde fiziki energiýany köp sarp edýärler. Fiziki zähmet maddy gymmatlyklary öndürmek, zähmet predmetlerini, zähmetiň önümlerini ýerleşdirmek bilen baglanyşyklydyr. Adatça, kärhanalarda fiziki zähmet bilen meşgullanýanlara esasy we kömekçi işçiler degişlidir.

Akyl zähmetiniň işgärleriniň işi intellektual zähmet bilen baglanyşyklydyr. Şeýle işgärlere inžener-tehniki işgärler, gullukçylar, agronomlar, zootehnikler, ykdysatçylar, hasapçylar, ýolbaşçylar we ş.m. degişlidir.

Ylmy-tehniki progresiň ösmegi bilen fiziki zähmet bilen akyl zähmetiniň arasyndaky tapawutlar has-da azalýar. Adamyň ýerine ýetirmeli fiziki zähmet funksiýalaryny maşynlar, awtomatlar ýerine ýetirýärler. Şonuň üçin, ylmy-tehniki progresiň ösmegi bilen kärhanalarda fiziki zähmetiň paýy azalýar we akyl zähmeti artýar.

## X-bap. Işgärleriň sanynyň görkezijileri

Kärhanalarda işgärleriň sanynyň görkezijileri kesgitlenilýär we zähmet baradaky meýilnamalaryň ýerine ýetirilişinde görkezilýär. Işgärleri işe kabul etmek, işden boşatmak we başga işe geçirmek baradaky buýruklar kärhanalarda işgärleriň sanynyň hasabyny ýöretmegiň ilkinji resminamasy bolup durýar. Kärhanalarda iýgärleriň ol ýa-da beýleki möhlete kesgitlenen sany şahsy düzümiň hasaby arkaly aňladylýar. Kärhananyň işgärleriniň belli bir senä spisoklaýyn sanyna hemişelik, wagtlaýyn ýa-da möwsümleýin işe kabul edilen esasy we esasy däl işe bir günden köp döwre kabul edilen işgärler degişlidir.

Kärhananyň işgärleriniň düzümine ştatdakylardan başga-da utgaşykly işleýänler hem goşulýar. Belli kalendar döwrüne kärhananyň işgärleriniň spisoklaýyn sanyna şol gün işe kabul edilenleri hem goşmak bilen ähli işgärler goşulýar. Bu görkeziji kesgitlenilende şol gün işden çykanlaryň sany aýrylýar.

Işe kabul edilişi boýunça işgärler hemişelik, möwsümleýin we wagtlaýyn işgärlere bölünýär.

Işiň tamamlanýan möhleti görkezilmän, işe kabul edilenler hemişelik işgärler hasaplanylýar. Iki aýa çenli möhlet bilen, kähalatlarda, wagtýaýyn ýok işgäriň işini ýerine ýetirýänler üçin, dört aýa çenli möhlet bilen işe alnan işgärler wagtlaýyn işgärler hasaplanylýar.

Tebigy we klimatik şertlere laýyklykda belli bir möwsümde işleri ýerine ýetirmek üçin, 6-aýdan köp bolmadyk möhlete işe kabul edilenler möwsümleýin işgärler hasaplanylýar.

Her kalendar günündäki işgärleriň spisoklaýyn sanyna şol gün hakyky işe gelenler we aşakdaky sebäplere görä işe gelip bilmedik işgärler goşulýar. Şol sebäpler aşakdakylardan ybarat:

- Gulluk iş saparynda bolýanlar;
- Esasy we goşmaça ýyllyk zähmet rugsadynda bolýanlar;
- Döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýänler;
- Maşgala ýagdaýy sebäpli, saglyk ýagdaýy zerarly ýa-da administrasiýanyň rugsady bilen işe gelmedikler;
- Kärhananyň çig-mal ýetmezçiligi ýa-da enjamlaryň abatlaýyş işleri geçirmegi sebäpli boş durulýan döwürde tölegsiz rugsada çykanlar;
- 6 aýa çenli möhlet bilen çaga seredýänligi sebäpli goşmaça rugsada çykanlar;
- Doly däl iş gününe ýa-da iş hepdesine işe kabul edilenler;
- Artykmaç işlän wagty üçin kärhanada kesgitlenen tertibe görä dynç güni alanlar;
- Wagtlaýyn ýarawsyz işgäriň deregine işe kabul edilen işgärler;
- Aýlyk haky tölemek şerti bilen hünäri ýokarlandyryş okuwlaryna iberilen işgärler;

Kärhananyň spisoklaýyn sanyna şu aşakdaky işgärler goşulmaýar:

- Beýleki kärhananyň spisoklaýyn sanynda duran we bir wagtlaýyn işe çekilen utgaşykly işleýän işgärler;
- Ýörite şertnama esasynda wagtlaýyn işe kabul edilenler;

- Şol kärhanadan aýlyk haky tölenilmän, beýleki bir kärhana işe ugradylanlar;
- Önümçilikden aýrylmak şerti bilen okuwa ugradylanlar;
- Öňünden duýdurman işden boşatmak barada arza berenler işe gelmedik ilkinji gününden başlap spisoklaýyn sanyndan aýrylýar.

Işe gelýänleriň we işden gidýänleriň hasabyna kärhananyň spisoklaýyn sany her gün üýtgeýär. Şol sebäpli, belli bir döwür üçin kärhananyň ortaça spisoklaýyn sany kesgitlenilýär. Kärhananyň işgärleriniň ortaça spisoklaýyn sany işlenilen adam-günleriň hasabat döwründäki kalendar iş günlerine bölmek arkaly kesgitlenilýär.

Önümçilik maksatnamalary (önüm öndürmek boýunça meýilnama) ýerine ýetirilende zähmeti tygşytlamak meselesi esasy bolup durýar. Hususan-da, az zähmet harç edip, köp öndürmek her bir önümçiligiň esasy wezipesidir. Şonuň üçin işgärleriň sanynyň we önüm öndürmek meýilnamasynyň ýerine ýetirlişiniň seljermesi hakyky tygşytlana zähmetiň möçberini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu görkeziji işgärleriň meýilnamadaky sany bilen önüm öndürmek boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirliş göterimini deňeşdirmek arkaly kesgitlenilýär.

Kärhanada işgärleri esasy işinden başga işe çekmek önümçiligiň netijeliligine ýaramaz täsir edýär. Hususan-da, artykmaç zähmet ýitgileri emele gelýär we harajatlar çykdajy edilýär.

Zähmeti guramagyň brigadalaýyn usuly zähmeti tygşytlamaga amatly şertleri döredýär. Sebäbi, zähmet brigadalaýyn guralanda hünärleri utgaşykly alyp barmaga, zähmet öndürijiligini ösdürmäge oňaýly şertler döreýär, işgärleriň geldi-geçerligi kemelýär, iş wagtynyň ýitgisi azalýar, işiň we önümiň hili ýokarlanýar. Brigadalar toplumlaýyn, ýöriteleşdirilen we birnäçe çalşyklary özünde jemleýän görnüşlerde bolup bilýär.

Kärhanalarda zähmeti guramagyň brigadalaýyn usuly ulanylanda, onuň agzalarynyň potratlaýyn tölenilýän zähmet

haklary we baýraklary işgäriň zähmete gatnaşyk koeffisienti (Kş.) esasynda kesgitlenilýär.

## XI-bap. Kärhanada işgärleriň hereketiniň görkezijileri

Işe kabul etmek we işden boşatmak boýunça işgärleriň hereketini öwrenmek zähmet resurslaryny tygşytly ulanmaga ýardam berýär. Işgärleriň hereketini öwrenmek üçin dürli faktorlaryň toparyny tapawutlandyrýarlar:

1. Şahsy motiwler;
2. Zähmetiň guralyşy we şertleri;
3. Tehniki progresiň täsiri astynda ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgemegi we işgärleriň guramaçylykly ýerini üýtgetmegi;

Birinji topara şular degişli:

- Işinden kanagatlanmazlygy;
- Ösüş üçin geljegiň ýoklugy;
- Pensiýa gitmegi we ýarawsyzlygy;
- Ýaşaýyş ýerini üýtgetmegi;
- Durmuşa çykmagy ýa-da çaga dogurmagy;
- Okuwa girmegi;
- Sebäpsiz işe gelmezligi we zähmet düzgün-nyzamyny bozulmagy;

Ikinji topar faktorlara şular degişli:

- Önümçiligiň sazlaşygynyň bozulmagy;
- Işiň smenalaýyn düzgüni;
- Normalaryň agyrlygy, dartgynlylygy;
- Agyr we hapa iş ýeri;
- Zyýanly zähmet şertleri;
- Zähmete hak tölenilişinden kanagatlanmazlygy;
- Işgärler üçin ýaşaýyş jaýynyň we çagalar bagynyň ýoklugy;

Üçünji topar faktorlara şular degişli:

- Zähmeti ulanmagyň täze gurşawlarynyň ýüze çykmagy;

- Tehniki progresiň täsiri astynda esasy we kömekçi işleriniň paýynyň üýtgemegi;
- Täze işleriň özleşdirilmegi;

Işden boşatmak boýunça işgärleriň aýlanyşygynyň dürli görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

1. Işgärleriň adaty (zerur) aýlanyşygy-bu önümçilik häsiýetli sebäplere görä, gulluga çagyrylanlygy, okuwa girenligi, başga kärhana işe geçirilenligi, zähmete ukyplylygyny ýitirenligi sebäpli işden giden işgäriň sanyny görkezýär.
2. Işgärleriň artykmaç aýlanyşygy-bu şahsy sebäplere görä (öz islegi, zähmet düzgün-nyzamyny bozanlygy üçin) işden giden işgärleriň sanyny görkezýär.

Işgärleriň artykmaç aýlanyşygy, başgaça, kärhanada işçi güýjüniň geldi-geçerligini aňladýar.

Kärhanada kadrlaryň geldi-geçerliginiň seljrmesi işgärleri jynsy, ýaşy, bilimi, zähmetiniň häsiýeti, käri, hünäri, iş stažy boýunça toparlara bölmek arkaly geçirilýär. Şeýle toparlara bölüp seljerme geçirmek kadrlaryň geldi-geçerligine sosial taýdan baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Şu aşakdaky tablisada kärhanada kadrlaryň geldi-geçerliginiň iş stažyna baglylygy görkezilýär:

### Kadrlaryň geldi-geçerliginiň iş stažyna baglylygy

| Kärhanada işgärleriň iş stažy | Işgärleriň sany | | Öz islegi boýunça we zähmet düzgün-nyzamyny bozandygy üçin işden boşadylan-laryň sany | | K g.g. (geldi-geçerlik koeffisiýenti) | K i.g.g. (intensiw geldi-geçerlik koeffisiýenti) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | adam | % | adam | % | | |
| **1 ýyla çenli** | 41 | 13,7 | 16 | 39,7 | 0,39 | 2,29 |
| **1-3ýyl** | 57 | 18,9 | 19 | 32,6 | 0,33 | 1,94 |
| **3-5 ýyl** | 37 | 12,5 | 4 | 11,6 | 0,11 | 0,64 |
| **5-10 ýyl** | 55 | 18,2 | 5 | 9,0 | 0,09 | 0,52 |
| **10 ýyldan ýokary** | 110 | 36,7 | 8 | 7,1 | 0,07 | 0,41 |
| **JEMI** | **300** | **100** | **52** | **100** | **0,17** | **-** |

Bu ýerde, **Ki.g.g.** – şol bir toparyň geldi-geçerlik koeffisiýentiniň umumy geldi-geçerlik koeffisiýentine gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Ýokardaky tablisadan görnüşi ýaly, **Ki.g.g.** – 1 ýyla çenli stažy bolan işgärleriň arasynda ýokarydyr. 10 ýyldan köp stažly işgärleriň arasynda bolsa bu görkeziji has pesdir.

Kadrlaryň geldi-geçerliginiň has anyk öwrenilişi ýörite barlaglar esasynda amala aşyrylýar. Barlagyň maksatnamasy öz islegi boýunça işden giden işgär barada şu aşakdaky maglumatlary öz içine alýar:

- Jynsy;
- Ýaşy;

- Maşgala ýagdaýy;
- Maşgalada çagalaryň sany;
- Bilimi;
- Iş stažy;
- Tarif derejesi (razrýady);
- Zähmeti guramagyň brigadalaýyn görnüşi bilen gurşalyp alynyşy;
- Maýyplyga ýa-da ýok;
- Soňky işlän aýyna hasaplanan zähmet hakynyň möçberi;

Şeýle hem, barlagyň maksatnamasyna işgäriň işden gitmeginiň sebäpleri barada maglumatlar goşulýar:

- Işgäre öz hünäri boýunça iş berilmezligi;
- Işinden kanagatlanmazlygy;
- Işiň sazlaşyksyz bolmagy;
- Işiň möwsümleýinligi;
- Gyzgyn sehlerde işlenilmegi;
- Açyk meýdanda işlenilmegi;
- Agyr fiziki, surnukdyryjy iş;
- Zähmetiň şertleri we düzgünleri bilen kanagatlanmazlygy;
- Zähmet hakyndan kanagatlanmazlygy;
- Okamak üçin şertleriň bolmazlygy;
- Ýolbaşçynyň işgäre bolan ýaramaz gatnaşyklary;
- Iş ýerinde aragatnaşygyň oňaýsyz bolmagy (telefon, gatnaw);
- Mekdebe çenli çagalar edarasynda ýeriň bolmazlygy;
- Çaga dogulmagy.

Ýokarda görkezilen maglumatlar esasynda sosiologik barlag geçirilýär we olaryň netijesine matematiki-statistiki hasaplamalaryň esasynda baha berilýär.

Kärhanada işgärleriň sany möwsümleýin hem üýtgeýär. Işgärleriň sany diňe önümçiligiň mýwsümleýin häsiýetliligine bagly bolman, eýsem, işgärleriň sany ýylyň pasyllaryna baglylykda üýtgeýär. Mysal üçin, tomus paslynda kärhanalarda

köp işgärler zähmet rugsadyna ugradylýar. Şol sebäpli, işgärleriň sanynyň görkezijileriniň möwsümleýinligi ýyl boýunça zähmet resurslarynyň ulanylyşyny kadalaşdyrmak üçin zerur bolup durýar.

## XII-bap. Zähmet görkezijileriniň seljerilişi

Bazar ykdysaydyýetine geçmek we önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak halk hojalygyny dolandyrmagyň kämilleşdirilmegini talap edýär. Dolandyryşyň ylmy derejesi kärhanalarda seljeriş işleriniň ösmegini göz öňünde tutýar.

Islendik ýurduň ykdysady we sosial ösüşiniň ýokarlanmagynda ykdysady seljermäniň ähmiýete uludyr. Ykdysady seljerme iş ýerinden başlap tutuş halk hojalyk derejesine çenli alnyp barylýar.

Ykdysady seljermaniň esasy maksady operatiw, buhgalteriýa, statistiki hem-de hasabat maglumatlaryny ulanyp kärhananyň ýa-da pudagyň hojalyk ýagdaýynyň ösüş ugurlaryny we kanunalaýyklygyny kesgitlemekden ybaratdyr. Kärhananyň işlerini seljermek ykdysady we statistik maglumatlary ýygnamak we taýýarlamak bilen kärhanany dolandyrmak boýunça kabul edilýän çözgütleriň arabaglanyşygyny üpjün edýär.

Ykdysady seljermäniň usullary önümçilik gatnaşyklaryny hem-de hojalygy dolandyrmagyň mehanizmlerini kämilleşdirmekde ulanylýar. Kärhananyň ykdysaydy ýagdaýlarynyň dogry seljerilmegi döwletiň, kärhananyň we her bir işgariň bähbitlerini utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Hojalyk ýolbaşçylary, kärhanalaryň ykdysady we tehniki gulluklary ykdysady seljermäniň usullaryny önümçilik meselelerini çözmekde, önümçiligiň içindäki ösüş mümkinçiliklerini ýüze çykarmakda we ulanmakda, zähmetiň netijelerine baha bermekde, maddy taýdan höweslendirmegi esaslandyrmakda giňden ulanýarlar.

Kärhanada dolandyryş işlerini netijeli alyp barmak üçin işgärlere ykdysady seljermäniň usullaryny bilmek we seljerme geçirmäge endik etmek zerurdyr. Sebäbi bazar ykdysadyýetine

geçiş şertlerinde kärhanalaryň, pudagyň, halk hojalygynyň ykdysady ýagdaýlaryny tutuşlaýyn seljerme geçirmegiň ähmiýeti artýar. Kärhanalarda umumy ykdysady, tehniki-ykdysady, sosial-ykdysady, ykdysady-hukuk we ykdysady-ekologik seljermeler geçirilýär. Kärhanada ýa-da pudakda seljerme geçirmek diňe bir ykdysady ýagdaýy däl, eýsem önümçiligiň tehniki tarapyny hem-de sosial we tebigy şertlerini öwrenmegi göz öňünde tutýar. Kärhanalarda ulgamlaýyn ykdysady seljerme geçirmek önümiň mukdarynyň, düzüminiň we hiliniň seljermesini, tehniki we guramaçylyk ösüşiň seljermesini, önümiň özüne düşýän gymmatynyň we girdejiniň seljermesini öz içine alýar. Zähmet görkezijilerini seljermesi ykdysady seljermäniň bir bölegi bolmak bilen, onuň esasy wezipelerine kärhanada zähmetiň guralyşyny, iş wagtynyň ulanylyşyny, el zähmetiniň, agyr fiziki zähmetiň derejesini seljermek degişlidir. Şeýlelikde, zähmet görkezijilerini seljermek kärhanalarda önümçilik we hojalyk işleriniň hem-de sosial ýagdaýlarynyň dolandyryşyny kämilleşdirmäge ýardam edýär.

Zähmeti ulanmakda we zähmet hakyny guramakda seljermäniň esasy wezipelerine şular degişli:

1. Işçi güýjüni netijeli peýdalanmakda olaryň sanyny, düzümini, hünärmentlik derejesini barlamak, medeni-tehniki derejesini ýokarlandyrmagyň ýollaryny öwrenmek;
2. Iş wagtynyň ulanylyşy hakyndaky maglumatlary seljermek we iş wagtyny doly we netijeli peýdalanmak üçin guramaçylyk çärelerini düzmek, işçi güýjüniň hereketini we zähmet düzgün-nyzamynyň ýerine ýetirilişini öwrenmek;
3. Zähmet öndürijiligi seljerilende zähmet öndürijiliginiň derejesini kärhana boýunça kesgitlemek;
4. Zähmet haky seljerilende zähmete hak tölemekde ulanylýan görnüşleriň we ulgamlaryň esaslandyrylyş derejesini kesgitlemek, ortaça zähmete hakynyň möçberini kesgitlemek;
5. Goşmaça hak we baýrak tölemegiň netijeliligini kesgitlemek, zähmet hakynyň ösüş depginlerini barlamak we onuň zähmet öndürijiligi bilen arabaglanyşygyny seljermek,

zähmet hakynyň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda, işiň netijeliligini artdyrmakda bar bolan ösüş mümkinçiliklerini ýüze çykarmak.

Ykdysady seljeriş geçirilende dürli usullardan peýdalanylýar:

1. Derňew usuly;
2. Maglumatlary deňeşdirmek usuly;

Derňew usulynda esas hökmünde meýilnamalaşdyrylan görkezijiler ulanylýar. Maglumatlary deňeşdirmek usulynda bolsa, bir görnüşli kärhanalaryň ýa-da önümçiligiň hakyky görkezijileriniň iň gowusy kabul edilýär. Kä halatlarda derňew we maglumatlary deňeşdirme usullaryny garyşdyrýarlar. Ýöne, olaryň arasynda tapawut bar. Deňeşdirme usulynda zähmet görkezijilerine san taýdan baha berilýär. Maglumatlary deňeşdirmek usulynda bolsa hil häsiýetleri göz öňünde tutulyp, san ululyklaryna baha berilýär.

Maglumatlary deňeşdirmek usuly şu aşakdaky wezipeleri çözmäge ýardam edýär:

1. Kärhananyň önümçilik tabşyrygynyň esaslandyryş derejesine baha bermäge;
2. Zähmet potensialynyň peýdalanylyşyny kesgitlemäge;
3. Önümçiligiň tehniki üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlanmagynyň, zähmetiň şertleriniň gowulanmagynyň, tehnologiýanyň kämilleşmeginiň sosial netijelerine baha bermäge;

Kärhananyň netijeliliginiň esasy görkezijileriniň biri zähmet potensialynyň peýdalanylyşydyr. Zähmet potensialynyň peýdalanyş derejesi iş wagtynyň üsti bilen kesgitlenilýär. Iş wagtynyň ulanylyşynyň seljermesi hasabat tabelleriniň, iş wagtyndan daşary işlenilen we boş durmalar hakyndaky maglumatlaryň kömegi bilen geçirilýär.

Zähmet potensialynyň peýdalanylyşyny seljermek çalşygyň wagtynyň peýdalanylyşyny öwrenmekden, gündelik boş

durmalaryň, sebäpsiz işe gelmezlikleriň, ýarawsyzlygy sebäpli iş wagtynyň ýitgileriniň, administrasiýadan rugsatly işe gelmezlikleriň ululygyny kesgitlemekden başlanýar. Ol maglumatlar statistiki hasabatyň №2-T formasynda bellenilýär. Köp halatlarda işe çykmazlyk wagtlaýyn işe ukyplylygyň ýitirilmegi bilen bagly bolýar.

Gündelik boş durmalaryň seljermesi olaryň bolmagyna getirýän sebäpleriň her biri üçin aýratynlykda geçirilýär.

Administrasiýanyň rugsady boýunça ýitgiler seljerilende olaryň esasy sebäplerine we dowamlylygyna üns berilýär.

Işe çykmazlygyň sebäplerine görä iş wagtynyň ýitgileri seljerilende işe çykmaýanlaryň jynsy, ýaşy, käri, iş stažy, bilim derejesi öwrenilýär. Işçileriň işe çykmazlygy sebäpli ýitgileriň köp bolmagy kärhanada zähmet düzgün-nyzamynyň gowşaklygyny görkezýär.

Önümçilikde iş wagtynyň ýitgileri köplenç önümçilik şikesleri we hünär keselleri sebäpli bolýar. Şu sebäplere görä ýitgiler, köp halatlarda, zähmet şertleriniň öňaýsyzlygy we onuň ýaramaz guralyşy bilen düşündirilýär. Zähmet şertleriniň işçileriň we gullukçylaryň önümçilikde kesellemeklerine edýän täsiri olaryň wagtlaýyn işe ukypsyzlygy hakynda taýýarlanylan hasabat maglumatlary esasynda (forma №16) öwrenilýär. Şeýle hem, seljerme geçirilende saglygy goraýyş edaralarynyň maglumatlary ulanylýar.

Zyýanly we agyr zähmet şertleri bolan iş ýerlerinde işçileriň kesellemekleriniň seljermesi oňaýly zähmet şertlerinde işleýänleriňki bilen deňeşdirmek arkaly geçirilýär. Şeýle seljerme hünär keselleri sebäpli iş wagtynyň ýitgilerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Hünär keselleriniň häsiýeti we derejesi önümçiligiň takyk şertlerine, önümçilik şikesi bolsa, ýaramaz zähmet şertlerine bagly bolýar.

Kärhanalarda iş wagtynyň ýitgileriniň ululygy kesgitlenende birnäçe maglumatlar ulanylýar:

1. Önümçilik şikesi sebäpli ýitirilen iş gününiň sany (statistiki hasabatyň №7-T formasy we kärhananyň № N-1 formaly akty);
2. Şikes alan işçini halas etmäge we oňa tiz lukmançylyk kömegini bermek bilen baglanyşykly sarp edilen wagt;
3. Şikes alan güni işçiniň ýitiren iş wagty;

Ýokarda agzalan maglumatlaryň esasynda önümçilik sebäpli ýitirilen iş wagtynyň ululygy kesgitlenýär. Zähmet şertleriniň gowulandyrylmagy hünär keselleriniň azalmagyna we zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna getirýär.

Iş wagty, iş güni we janly zähmetiň arasynda özara baglanyşyk bar. Iş wagty minut, sagat, gün ölçeg birliklerinde aňladylýan zähmetiň sarp edilişiniň jemgyýetçilik ölçegi bolup durýar. Bir önümi öndürmek üçin sarp edilýän wagt önümiň zähmet sarp edijiligini aňladýar. Iş wagtynyň bu görnüşi wagty tygşytlamak kanunynyň kesgitlenilýän pursatynda esas bolup durýar. Sebäbi, her bir jemgyýet zerur önümleri minimal zähmeti sarp edip, öndürmäge ymtylýar.

Iş wagty 3-sany özara baglanyşykly funksiýalarda, ýagny, zähmetiň sarp edilişiniň tebigy ölçegi, harydyň gymmatynyň ölçegi we iş gününiň ululygynyň ölçegi hökmünde çykyş edýär.

Zähmetiň intensiwligi onuň dartgynlylygyny, işgäriň akyl we muskul energiýasyny sarp ediş derejesini häsiýetlendirýär. Ol wagt birligindäki sarp edilýän zähmet bilen kesgitlenilýär.

Zähmetiň kadaly intensiwligi diýip, birinjiden, iş wagtynyň doly we ýokary öndürijilikli ulanylmagyny üpjün edýän, ikinjiden, adam bedeniniň kadaly ýaşaýyşa ukyplylygyny, ýagny işden soňky wagtda doly dikeldip biljek akyl, nerw we fiziki energiýasyny sarp etmegini üpjün edýän intensiwlige düşünilýar.

Iş wagty diýip, işgärleriň belli bir wagtyň dowamynda fiziki we nerw energiýalaryny isleg ödeýiş gymmatyny döretmek üçin ulanyp, jemgyýetçilik tarapyndan gurnalan zähmete gatnaşýan wagtyna aýdylýar.

Iş wagtynyň ulanylyşynyň derejesini seljermek, onuň ýerliksiz harçlanmagynyň öňüni almaklyk, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin geçirilýär.

Zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilişiniň ýokarlamagy iş wagtynyň ýitgilerini azaltmagyň ýollarynyň esasylarynyň biri bolup durýar.

Iş wagtynyň ýitgileriniň azaldylmagy bilen zähmet öndürijiliginiň derejesiniň üýtgemeginiň arasyndaky baglanyşyk birnäçe ugurlar boýunça ýüze çykýar. Iş wagtynyň ýitgilerini azaltmaklyk iş wagtyny rejeli we öndürijilikli ulanmaklyk arkaly wagt birliginde öndurilýän önümiň mukdaryny artdyrmaga ýa-da önüm birligini öndürmäge sarp edilýän wagty azaltmaga ýardam edýär. Ýitgileriň ýok edilmegi iş gününiň dowamynda deňagramly, endigan işiň alnyp barylmagy bilen zähmet öndürijiliginiň derejesiniň ýokarlanmagyny üpjün edýär.

Ýitgileri ýok etmän zähmetiň intensiwliginiň derejesini gazanmak mümkin däl. Zähmet prossesindäki gereksiz arakesmeler we iş wagtynyň beýleki ýitgileri diňe bir janly zähmetiň däl-de, eýsem önümçilik serişdelerinde jemlenen geçen zähmetiň hem peýdasyz sarp edilmegini aňladýar. Bularyň hemmesi bolsa jemgyýetçilik zähmetiniň öndürijiligine täsirini ýetirýär.

Şeýlelik bilen, iş wagtynyň ýitgisiniň zähmet öndürijiligine täsiriniň meselesi çuňňur we dürli görnüşli baglanyşyklary öz içine alýar we düýpli öwrenmekligi talap edýär.

Zähmet öndürijiliginiň ösüşi diýip, önüm birligini öndürmek üçin jemgyýetçilik zerur bolan wagty gysgaldýan zähmet prossesindäki her dürli üýtgemelere düşünilýär. Zähmet prossesindäki delillsiz arakesmeler onuň öndürijiligine, zähmetiň intensiwliginiň jemgyýetçilik kadaly derejesinden aşak düşmekligine we işçi güýçleriniň öndürijiliksiz sarp edilmegine täsir edýär. Iş wagtynyň ýitgileri onuň belli bir wagtda önümleriň mukdarynyň kemelmegine getirýär. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy zähmetiň intensiwliginiň artdyrylmagy bilen ýa-da işçi güýjüniň öndürijiliksiz ulanylyşyny kemeldilmegi arkaly üpjün edilýär.

Iş wagtynyň býudjetini giňeltmek diýlip, iş gününi uzaltmaklyga düşünilmän, onuň has doly ulanylmagyna, ýagny gysgaldylan iş günündäki iş wagtynyň fondunyň köpelmegine düşünilýär. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän bu faktor hemiselik hereket edýär. Sebäbi, iş wagtynyň ýitgileri her günde ýüze çykarylýar we hakyky netijelere getirýär.

# III-BÖLUM. ZÄHMET PROSESLERINI KADALAŞDYRMAK

## XIII-bap. Zähmeti proseslerini kadalaşdyrmagyň mazmuny we düzümi

Bazar gatnaşyklary şertlerine öndüriji güýçleriň ösüş prosesinde ýerine ýetirilýän işlere sarp edilen wagtyň normalaryny kesgitlemek zerurlygy ýüze çykýar. Zähmeti kadalaşdyrmak islendik maksadalaýyk guralan zähmet prosesine mahsusdyr. Zähmet işlerini guramaklyga we meýilleşdirmeklige bolan islegiň ýüze çykmagy bilen baglanşykly, zähmet normalary zähmetiň önümlerini paýlamaklygyň gurallaryna öwrülýärler.

Öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň ösüşiniň her bir taryhy döwrüne normalaryň kesgitli funksiýasy, görnüşleri, olary kadalaşdyrmaklygyň usullary laýyk gelýär. Şoňa görä-de, zähmeti kadalaşdyrmagyň häzirki ýagdaýy we onuň ösüş depginlerini kesgitlemäge diňe taryhy çemeleşmek arkaly göz ýetirse bolar.

Zähmeti kadalaşdyrmagyň mazmunynyň üýtgemegi ilki bilen zähmet serişdeleriniň we zähmeti guramaklygyň görnüşleriniň üýtgemegine baglydyr. Manufaktura döwründen başlap öndüriji güýçleriň ösüşňe syn etsek muňa göz ýetirmek bolýar. Ol döwürde belli bir iş wagtynyň dowamynda önümiň belli bir mukdaryny taýýarlamak önümçilik prosesiniň özüniň tehniki kanunalaýyklyklaryna öwrülendir. Ýöne, dürli amallar birmeňzeş bolmadyk wagty talap edipdir. Şoňa görä-de, deň bolan wagt aýry önümleriň dürli mukdaryny beripdir. Maşyn önümçiligine geçilmegi bilen zähmeti kadalaşdyrmakda wagt, maşyn-wagty ähmetli bolup başlaýar. Bu döwürde kadalaşdyrmak işleri bir kärhananyň çäginden çykmandyr we normalar bütinleý ol kärhana eýelik edýäne bagly bolupdyr. Önümçilik serişdelerine jemgyýetçilik eýeçiligi şertlerinde zähmeti kadalaşdyrmak umumy döwlet ähmiýetine eýe bolýar. Munda pudaklar, ministrlikler, pudaklaýyn edaralar, birleşikler boýunça umumy gornüşli normalar hereket edip başlaýar. Häzirki wagtda kärhanalarda

zähmet işleriniň dürli taraplaryny beýan edýän zähmet normalarynyň ulgamy ulanylýar. Olar aşakdaky getirilen şekilde görkezilýär.



Mundan başga-da, häzirki wagtda kärhanalarda giňden ulanylýan normalaryň aşakdaky toparyny tapawutlandyrýarlar:

4. Wagtyň normasy;
5. Önüm öndürmegiň normasy;
6. Hyzmat etmekligiň normasy;
7. Işgarleriň sanynyň normasy;
8. Dolandyrmaklygyň normasy;
9. Normalaşdyrylan tabşyryklar;

***Wagtyň normasy***-bir işçiniň ýa-da brigadanyň ýerine ýetirmeli işleriniň birligine hökmany zerur sarp etmeli wagtyny kesgitleýär. Wagtyň normasy adam-minut ýa-da adam-sagatda aňladylýar.

***Önüm öndürmegiň***-wagtyň belli bir böleginde bir işgäriň ýa-da brigadanyň hökmany taýýarlamaly bolan önüminiň mukdar birligini kesgitleýär. Önüm öndürmegiň önümiň normasy natural birlikde (metr, kg sanda we ş.m ) aňladylýar.

***Hyzmat etmekligiň normasy***-bir işgäre ýa-da brigada hyzmat etmek üçin berkidilen zerur stanoklaryň mukdaryny, iş ýerlerini, öümçilik meýdanlarynyň birligini kesgitlýär.

***Dolandyrmaklygyň normasy***-bir ýolbaşçynyň gönüden-göni dolandyrmaly bolan işgärleriniň mukdaryny kesgitleýär.

***Normalaşdyrylan tabşyryklar***-wagtyň belli bir böleginde (smenada, sutkada, aýda ) bir işgäriň ýa-da brigadanyň hökmany zerur ýerine ýetirmeli bolan işleriniň göwrümini we görnüşleriniň köpdürliligini kesgitleýär. Önüm öndürmegiň normasy ýaly normalaşdyrylan tabşyryklarda hem işgärleriň işleriniň hökmany zerur netijeleri kesgitlenilýär. Ýöne, önüm öndürmegiň normasyndan tapawutlylykda, normalaşdyrylan tabşyryklar önümleriň dürli görnüşlerini taýýarlamak üçin natural birliklerde kesgtlenilmän, eýsem norma-sagatda, norma-manatda hem kesgitlenilýär. Şoňa göräde önüm öndürmegiň normasyny, normalaşdyrylan tabşyryklaryň aýratyn bir görnüşi hasap etse bolar.

Zähmet normalarynyň ýokarda agzalan hemme görnüşleri bellenende ilki bilen işleri ýerine ýetirmeklige hökmany-zerur

sarp edilmeli wagtdan ugur alynýar. Ýöne, norma bellenilende diňe wagty kadalaşdyrmak bilen çäklenip bolmaz. Bu ýerde zähmeti kadalaşdyrmak hem hökmanydyr.

**Zähmeti kadalaşdyrmagyň** esasy wezipesi zähmetiň hökmany-zerur harajatlaryny we netijelerini kesgitlemekden, şonuň ýaly-da dürli topardaky işgärleriň sanynyň we enjamlarynyň mukdar birlikleriniň arasyndaky zerur gatnaşygy kesgitlemekden ybarat bolan önümçiligi dolandyrmak işlerini guramakdan ybaratdyr.

Zähmeti kadalaşdyrmak aşakdaky funksiýalary ýerine ýetirýär:

1. Zähmet normalary-meýilnamalaýyn-guramaçylykly hasaplaryň esasydyr;
2. Zähmet normalary-zähmete hak tölemegiň esasydyr;
3. Zähmet normalary-zähmet öndürijiliginiň we önümçiligiň netijeliliginiň ösüşini höweslendirmegiň esasydyr.

Islendik jemgyýetde halk hojalygynyň hemme bölümleriniň işleri meýilnamalaýyn-tabşyryk esasynda amala aşyrylýar. Her bir meýlleşdirilen tabşyryk bolsa hökmany suratda zähmet harajatlarynyň normalarynyň hiline bagly bolýar. Kärhanalarda meýillesdirilýän tabşyryklary hasaplamak üçin zähmet normalarynyň hemme görnüşleri ulanylýar. Şol esasda bolsa, bolümeriň, sehleriň önümçilik göwrümleri bellenilýär, enjamlar, işgarler bilen üpjünçilik, zähmet haky fondy, önümiň özüne düşýän gymmaty we ş.m kesgitlenilýar.

Zähmeti kadalaşdyrmak ylmynyň obýekti bolup, admlaryň önümçilik işleri çykyş edýär.

Zähmeti kadalaşdyrmak ylmynyň esasy wezipeleri-iş wagtynyň harajatlaryny seljermegiň usullaryny işläp düzmekden, zähmet proseslerini rasionalizasiýalaşdyrmakdan, zähmet normalaryny bellemekden we önümçilik şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly olary anyklaşdyrmakdan ybaratdyr.

Zähmet proseslerini kadalaşdyrmak dersiniň predmeti bolup kadalaşdyrmak baradaky esasy ylmy öwrenmek we tejribede

normalary ulanmak çykys edýär. Bu ylmyň düzümini 3 bölege bölmek bolýar:

1. Zähmeti kadalaşdyrmak nazaryýetiniň esasy düşünjeleri;
2. Zähmet prosesleriniň seljermesiniň usullary, usulyýeti hem-de normalary bellemek;
3. Zähmeti kadalaşdyrmaklygy dolandyrmak.

Zähmeti kadalaşdyrmak nazaryýeti zähmeti kadalaşdyrdyrmaklygyň ýörelgeleri, önümçilik prosesleriniň elementleri, zähmet normalarynyň düzümi hem-de olary ylmy taýdan esaslandyrmagyň usullary bilen baglanşykly düşünjeleri öwrenýär.

Zähmet prosesleriniň seljermesiniň usullary, usulyýeti hem-de normalary bellemek iş wagtynyň harajatlaryny öwrenmekligiň usullaryny, kadalaşdyrmak üçin başlangyç maglumatlary taýýarlamak, dürli önümçilik şertlerinde zähmet normalarynyň amatly görnüşlerini saýlamaklygy öz içine alýar.

Zähmeti normalaşdyrmaklygy dolandyrmak bolsa, zähmeti kadalaşdyrmak boýunça işleri guramaklyga, normanyň ýerine ýetirlişiniň hasabyna normalary gaýtadan seretmek ulgamyna bagyşlanýar.

Islendik ylym öwrenilende, onuň beýleki ylymlar bilen arabaglanşygyna seredilip geçilýär. Zähmeti proseslerini kadalaşdyrmak hem ykdysady ylymlara degişli bolup, birnäçe beýleki ylymlar bilen arabaglanyşyklydyr. Zähmet proseslerini kadalaşdyrmak, esasan hem, zähmetiň ykdysadyýeti, tehniki ylymlar, fizologiýa, psihologiýa, sosiologiýa , önümçilik sanitariýasy, zähmeti goramak bilen arabaglanyşyklydyr.

## XIV-bap. Önümçilik prosesleri we olaryň düzüm bölekleri

Bazar gatnaşyklaryna geçiş şertlerinde zähmet proseslerini kadalaşdyrmakda aşakdaky ýörelgelerden ugur alynýar:

1. ***Toplumlaýyn ýörelgesi***. Zähmet normalary düzülende önümçilik, tehniki, guramaçylyk, fiziologiki, sosial we ş.m. faktorlary hasaba alyp, toplumlaýyn çemeleşilýär.

2. ***Ulgamlaýyn ýörelgesi.*** Zähmet normalary düzülende önümçiligiň ahyrky netijelerini hasaba alyp, şol iş ýerindäki zähmet harajatlaryny göz öňünde tutmak bilen ulgamlaýyn çemeleşilýär.
3. ***Netijelilik ýörelgesi.*** Zähmetiň kadaly şertlerinde önümçilik işiniň netijesini iň minimal zähmet we maddy resurslar bilen gazanylmagy üpjün edilýär.
4. ***Progressiwlik ýörelgesi***. Zähmet normalary hasaplanylanda ylmyň we önümçiligiň gazananlaryny, öňdebaryjy tehnologiýalary peýdalanmaklyk göz öňünde tutulýar.
5. ***Takyklyk ýörelgesi.*** Zähmet normalary takyk alnan önümlere, detallara, zähmet predmetlerine we serişdelerine kesgitlenýär.
6. ***Umumylyk ýörelgesi. Z***ähmet proseslerini kadalaşdyrmak hemme işgärleriň zähmetini göz öňünde tutmalydyr.
7. ***Işgärleriň gatnaşmak ýörelgesi.*** Zähmet normalaryny düzmeklige jynsyna, ýaşyna, wezipesine garamazdan ähli işgärler gatnaşyp bilýärler.
8. ***Umumydöwlet bähbitlilik ýörelgesi.*** Zähmet proseslerini kadalaşdyrmak umumydöwlet bähbitlerinden geli çykmalydyr.

Islendik kärhanada önüm öndürmeklige niýetlenen esasy önümçilik prosesleri we önümçiligi kadaly ýagdaýda herekete getirmek üçin zerur bolan prosesleri tapawutlandyrmak bolar.

Her önümçilik prosesine iki taraplaýyn çemeleşilýär:
1. Zähmet predmetlerindäki üýtgemeleriň köplügi öwrenilýär;
2. Zähmet predmetleriniň maksadalaýyk üýtgemekligine gonükdirilen işgärleriň hereketiniň köplügi öwrenilýär.

Birinji ýagdaý tehnologiki prosesleri, ikinji bolsa, zähmet prosesini aňladýar.

Şeýlelikde, tehnologiki proses-munuň özi zähmet predmetiniň görnüşini, ululygyny, ýagdaýyny, düzümini we ýerini maksadalaýyk üýtgetmekligidir.

Tehnologiki prosesleriň häsiýetleri boýunça toparlara bölünişi aşakdaky şekilde görkezilýär:

**Tehnologiki prosesleriň häsiýetleri boýunça toparlara bölünişi**




Aktiw tehnologiki prosesler adamlaryň zähmet predmetine gönüden-göni täsir etmegi netijesinde bolup geçýär.

Passiw tehnologiki prossesler bolsa, bolup geçýän tehnologiki proseslerdir we adamlar tarapyndan hiç hili goşmaça energiýa sarp edilmeýär.

Zähmet predmetine täsiriň usuly we ulanylýan energiýanyň görnüşleri boýunça mehaniki we apparatura tehnologiki prosesleri tapawutlandyrýarlar.

Mehaniki prosesler el güýji bilen ýa-da maşynyň kömegi bilen amala aşyrylyp, bu prosesiň dowamynda zähmet predmetleri mehaniki täsire sezewar bolýarlar. Şeýle hem, olar görnüşlerini, ululygyny üýtgedýärler. Mehaniki prosesler ykdysadyýetiň köp pudaklarynda giňden ulanylýar.

Apparatura proseslerinde zähmet predmetleri himiki reaksiýalaryň ýylylyk energiýasynyň, şöhlelendirişiň täsiri netijesinde özleriniň fiziki, himiki häsiýtlerini üýtgedýärler. Apparatura prosesleri dürli gurluşdaky gornüşlerde, ýagny, peçlerde, ýylylyk gazanlarynda we ş.m. amala aşyrylýar. Apparatura prosesleri himiýa, metallurgiýa, azyk senagatynyň pudaklarynda giňden ulanylýar. Tehnologiki prosesleriň hemme görnüşleri diňe işgärleriň zähmeti netijesinde amala aşyrylýar. Zähmet prosesleri häsiýetleri boýunça aşakdaky toparlara bölünýär:

# Zähmet prosesleriniň häsiýetleri boýunça toparlara bölünişi



## XV-bap. Iş wagtynyň harajatlarynyň toparlara bölünişi we olary öwrenmekligiň usullary

Zähmetiň normalaryny hasaplamakda, ozaly bilen, wagtyň haýsy harajatlaryna hökmany suratda norma girizmeli diýen sorag ýüze çykýar. Şeýle hem, işgärleriň we enjamlaryň ulanylyşynyň netijeliligini kesgitlemek zerur bolup durýar. Bu soraglar iş wagtynyň harajatlaryny toparlara bölmek arkaly çözülýär. Iş wagtynyň harajatlarynyň toparlary önümçilik prosesiniň 3-elementine, ýagny, zähmet predmetine, enjama, işçi güýjine baglylykda bölünýär. Zähmet normalary hasaplananda iş wagtynyň harajatlaryny aşakdaky ýaly bölýärler:

1. Taýýarlaýyş-jemleýji wagt;
2. Operatiw wagt;
3. Iş ýerlerine hyzmat etmek üçin wagt;
4. Dynç alyş we şahsy maktsatlar üçin sarp edilen wagt;
5. Arakesmeler.

Taýýarlaýyş-jemleýji wagt-tabşyrylan işleri ýerine ýetirmek üçin taýýarlyga we jemlemeklige (zerur bolan gurallary almak, çyzygy bilen tanyşmak, işden soň gurallary ýerinde goýmak, çyzygyny tabşyrmak we ş.m.) sarp edilen wagtdyr. Bu wagt bütin işiň dowamynda sarp edilýär we ol işleriň umumy göwrümine bagly bolmaýar. Ýöne, käbir önümçilikde taýýarlaýyş-jemleýji wagta aýratyn wagt bölünip berilmeýär.

Operatiw wagt-bu zähmet predmetiniň gornüşlerini, ululygyny, häsiýetlerini üýtgetmeklige, şeýle hem, üýtgetmeleri girizmek üçin gerek boen goşmaça hereketlere sarp edilen wagtdyr. Operatiw wagtyň harajatlary bir önüm birliginde ýa-da işleriň kesgitli göwrüminde gaýtalanyp durýar. Operatiw wagt esasy we kömekçi wagta bölünýär. Esasy operatiw wagt zähmet predmetini gönüden göni üýtgetmeklige sarp edilýär. Kömekçi operatiw wagt bolsa, çig maly alyp goýmaklyga, enjamlary dolandyrmaklyga, enjamlaryň işleýiş düzgünini üýtgetmeklige we ş.m. sarp edilýär.

Iş ýerinde hyzmat etmekligiň wagty enjamlara seretmek üçin we iş ýerini kadaly ýagdaýda saklamak üçin sarp edilýän wagtdyr. Ol hem 2-ä bölünýär:

1. Iş ýerlerine tehniki hyzmat etmeklik;
2. Iş ýrelerine guramaçylykly hyzmat etmek.

Dynç alyş we şahsy maktsatlar üçin sarp edilen wagt kadaly işe ukyplylygy we hususy iş enjamlary üçin gerek bolan wagty üpjün etmeklerine bagly bolup durýar. Bu wagta önümçilik gimnastikasy bilen meşgullanylýan wagt hem girýär.

Işiň icindäki arakesmeleriň wagty kanunçylyk taýdan bellenilip, işgärleriň kadaly dynç alyşyny üpjün etmelidir. Ol kärhanalaryň isine baglylykda dürli-dürli bolup biler.

Zähmet predmetine görä iş wagtynyň toparlara bölünişi aşakdaky şekilde görkezilýär:

**Zähmet predmetine görä iş wagtynyň sarp edilişi**



Enjamyň ulanylyyna görä, iş wagtynyň sarp edilişi aşakdaky şekilde görkezilýär:




Iş wagtynyň ulanylyşyny öwrenmek zähmet proseslerini kadalaşdyrmak üçin başlangyç maglumatlary almaklyga mümkinçilik berýär. Iş wagtyny öwrenmeklik aşakdaky esasy wezipeleri çözmek üçin geçirilýär:

1. Iş wagtynyň düzümini kesgitlemek;
2. Iş wagtynyň öndürjiliksiz ulanylyşynyň sebäplerini kesgitlemek;

3. Zahmet proseslerini kadalaşdyrmak üçin başlangyç maglumatlary almak we zähmet baradaky normallary, normatiwleri işläp düzmek;

Iş wagty we enjamlaryň ulanylşynyň wagty 2-usul arkaly öwrenilýär:

1. Göni ölçemek usuly;
2. Pursatlaýyn gözegçilik usuly;

Göni ölçemek usuly şulara mümkinçilik berýär:

- zähmet proseslerini we enjamlaryň ulanylyşyny doly öwrenmeklige;
- zähmet prosesleriniň we enjamlaryň ulanylyşynyň dowamlylygy barada dogry maglumat almaklyga;
- dynç alyş wagtyny we normallary dogry hasaplamaga;

Iş wagtynyň ulanylyşyny öwrenmegiň esasy usullarynyň biri hem hronometraž geçirmekdir. Hronometraž geçirmegiň tertibi aşakdaky döwürlere bölünýär:

1. Gözegçilige taýýarlyk;
2. Gözegçiligi geçirmek;
3. Gözegçiligiň netijelerini seljermek we özleşdirmek;
4. Degişli çözgüt kabul etmek we çäreleri işläp taýýarlamak;

Gözegçilige taýýarlyk tapgyrynyň maksady gözegçiligiň obektini kesgitlemekden, amallary böleklere bölmekden, gözegçilik nokatlaryny we sanyny kesgitlemekden ybaratdyr. Işine gözegçilik edilýan işçi hronometražyň maksadyna görä saýlanylyp alynýar.

Eger-de hronometražyň maksady normalary işläp düzmek ýa-da hereket edýän normalara gaýtadan seretmek bolsa, onda ortaça zähmet öndürijlikli işçi gözegçiligiň obekti hökminde saýlanylyp alynýar.

Mysal üçin, 9 sany işçi bellenilen tabşyrygy aşakdaky ýaly ýerine ýetirýär diýip hasap edeýliň:

***130; 122; 118; 116; 115; 112; 107; 100; 96; %***

Işçileriň normalarynyň ortaça ýerine ýetirilişi hasaplananda normany 100%-den aşak ýerine ýetiren işçiler göz öňünde tutulmaýar. Şeýlelikde, bu ýerde normanyň ortaça ýerine ýetirilişi ***115%-e*** deň bolýar.

***[(130+122+118+116+115+112+107+100):8 ]=115%;***

Normany ortaça we iň ýokary ýerine ýetiren işçileriň aralygy bolsa ***122,5%-e*** deň, ýagny ***[(115+130)]:2=122,5% .*** Şeýlelikde, normasyny ***122%*** ýerine ýetirýän işçini gözegçilik etmeli bolýar.

Gözegçilik usuly esasan aşakdaky görnuşlerde geçirilýär:

1. Hronometraž;
2. Iş wagtynyň fotografiýasy;
3. Fotohronometraž;

Hronometraž zähmetiň usulyny seljermek we amallaryň gaýtalanýan bölekleriniň uzynlygyny kesgitlemek üçin ulanylýar. Hronometraž esasan kinokameralaryň üsti bilen geçirilýär. Eger kinokamera bolmasa, onda sekundamer ulanylýar.

Hronometraž geçirmegiň esasy maksady şulardan ybarat:

1. Normalary işläp düzmek;
2. Zähmetiň öňdebaryjy usullaryny öwrenmek;
3. Hereket edýän normalaryň hilini barlamak;
4. Normalaryň ýerine ýetirilmezliginiň sebäplerini anyklamak;
5. Işleriň aýratyn bölekleriniň ýerine ýetirilişiniň yzygiderliligi barada maglumat almak;
6. Gözegçiligiň dowamynda iş wagtynyň hakyky sarp edilişini hasaba almak;

Hronometraž geçirilende bir ýa-da birnäçe aýyň işine gözegçilik edilýär. Gözegçilik iş başlandan 1-sagatdan soň we iş tamamlanmazdan 1,5-2-sagat öň geçirilýär. Bu işçiniň işe ukyplylygynyň günüň dowamynda üýtgeýändigini göz öňünde tutulyp şeýle edilýär.

Iş wagtyny gönüden-göni ölçemekligiň aşakdaky ýaly görnüşleri bolýar:

1. Tutuşlaýyn;

2. Saýlanan;
3. Döwürleýin;

Iş wagty tutuşlaýyn öwrenilende hakyky sarp edilen, ýitirilen wagtyň ululygy we olaryň sebäpleri barada maglymat alynýar.

Iş wagtyny öwrenmegiň saýlanan usuly amallaryň aýratyn böleklerini öwrenmek, esasan hem, köp stanokly işleriň şertlerinde kömekçi işçileriň wagtyny kesgitlemek üçin ulanylýar.

Döwürleýin ölçemek usulynda uly bolmadyk işler we hereketler öwrenilýar. Başgaça aýdanymyzda, normalar ýerine ýetirilmän işlenmegiň wagtyny gönden-göni kesgitlap bolmaýan ýagdaýlarda ulanylýar.

Iş wagtynyň gönden-göni ölçemek usulynyň birnäçe kemçilikleri bar. Mysal üçin, gözegçilik geçirmek uzak wagty talap edýär. Şeýle hem, bir gezek gözegçilik edilmegi bilen belli bir wagtda birnäçe işçileriň iş wagtyny öwrenmek mümkinçiligi pes bolýar.

Gözegçilik edilýän işci saýlanylyp alnandan soň, öwreniljek amal böleklere bölünip, bellik nokatlary kesgitlenilýär. Bellik nokatlaryny dogry kesgitlemek gözegçiniň işini ýeňilleşdirýär we amallaryň dowamlylygyny dogry kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Taýýarlyk işleri tamamlanandan soň gözegçiligi geçirmek döwri başlanylýar. Gözegçilik sahypasy hronokartalara görnüşinde düzülýär. Hronokarta düzülende hronohatarlarda bolup biläýjek ýalňyşlyklary aradan aýyrmak boýunça işler geçirilýär. Soňra amallaryň her bir bölekginiň ortaça dowamlylygy kesgitlenilýär.

Hronometražyň gözegçilik sahypasynyň doldurylan görnüşi aşakdaky tablisada getirilýär. Sanlar şertleýin alyndy.

## Hronometražyň gözegçilik sahypasy

| T № | Operasiýanyň bölekleri | Bellik nokatlary işiň başy: çig mala eliň degmeli | Gözegçilik belgisi | | | | | Hataryň durnuk-lylyk normatiw koeffisiýenti |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | |
| 1 | Patrony ýasal-jak detalyň materialyna oturtmak | Işledilýän düwmäniň şyrkyldysy | 9 | 2-03 | 3-59 | 5-44 | 6-40 | 1,1 |
| 2 | Stanogy işledip, kesgiji gönükdir-mek | Ýonutgynyň emele gelmegi | 15 | 2-10 | 4-04 | 5-50 | 6-45 | 1,2 |
| 3 | Detaly ýonmak | Ýonutgynyň çykmagynyň kesilmegi | 1-36 | 3-30 | 5-20 | 6-10 | 8-00 | 1,1 |
| 4 | Kesgiji aýryp, stanogy öçürmek | Açaryň patrona degmeginiň sesi | 1-48 | 3-45 | 5-32 | 6-26 | 8-12 | 1,1 |
| 5 | Detaly aýyrmak | Detalyň gaba salnandaky sesi | 1-53 | 3-50 | 5-36 | 6-31 | 8-17 | 1,2 |

Gözegçilik sahypasy doldurylandan soňra ol işlenilip taýýarlanylýar. Gözegçilik sahypasyny işläp taýýarlamak hronometraž hatarlaryny düzmekden başlanýar. Hronometraž hatarlary düzülenden soň ony ýalňyş ölçeglerden arassalap, durnuklylygyna seljerme berilýär. Hronometraž hatarlaryň durnuklylygynyň hakyky koeffisiýenti wagty ölçemegiň maksimal ululygynyň minimal ululygyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenýär:

$$\mathbf{Kdur = Tmaks : Tmin;}$$

Hronometraž hatarlarynyň durnuklylygynyň normatiw koeffisiýentiniň hasaplanylyşy aşakdaky şekilde getirilýär.

**Hronometraž hatarlaryň durnuklylygynyň normatiw koeffisiýenti**

| t № | Önümçiligiň görnüşi | Bölekleriň dowamlylygy (sek) | Durnuklylygyň normatiw koeffisiýenti | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | Awtomatlaş-dyrylan iş | El-enjam işi | El işi |
| 1 | Köpçülikleýin | 6-a çenli<br>6-18 aralygynda<br>18-den köp | 1,2<br>1,1<br>1,1 | 1,5<br>1,3<br>1,2 | 2,0<br>1,7<br>1,5 |
| 2 | Köpseriýaly | 6-a çenli<br>6-18-aralagynda<br>18-den köp | 1,2<br>1,1<br>1,1 | 1,8<br>1,5<br>1,3 | 2,3<br>2,0<br>1,7 |
| 3 | Seriýalaýyn | 6-a çenli we ondan köp | 1,2<br>1,1 | 2,0<br>1,7 | 2,5<br>2,3 |
| 4 | Az seriýaly we ýekelikdäki | islendik | 1,3 | 2,0 | 3,0 |

Hatarlaryň durnuklylygyna göz ýetirilenden soň amalyň her bir böleginiň dowamlylygynyň ortaça hasaby çykarylýar. Amalyň her boleginiň ortaça dowamlylygyny hronohatarlaryň işe ýaramly ölçegleriniň arifmetiki ululygy bilen ölçenilýär:

$$To = \frac{T1 + T2 + T3 + ... + Tp}{P};$$

To - bölekleriň ýerine ýetirilişiniň ortaça dowamlylygy (sek,min);
T1,T2,T3....bolekleriň her ölçegi boýunça ýerine ýetirilişiniň dowamlylygy (sek,min);
P- işe ýaramly ölçegleriň sany;
Amalyň ýerine ýetirilişiniň umumy dowamlylygy şeýle hasaplanylýar:

$$Top\ To_1 + To_2 + To_3 + .... + To_p;$$

Soňra birlikleýin wagtyň normasy kesgitlenýär:

$$Tb = Top(1+\frac{K}{100}); \quad \text{bu ýerde,}$$

K- dynç almaga we şahsy maksatlar üçin sarp etmegiň, iş ýerine hyzmat etmegiň normatiw koeffisiýenti;

Birlikleýin-kalkulasion wagtyň normasyny şu formulanyň üsti bilen hasaplap bolar:

$$Tb.k. = Tb + \frac{Ttj}{P}; \quad \text{bu ýerde}$$

P-tapgyrda öndürilmeli detalyň sany.

Önümiň tapgyryna sarp etmeli wagtyň normasy:

Tp=Tb.k.xP;

ýa-da,

Tp=Tb.k.xP+Ttj

8-sagatlyk çalşykda önüm öndürmegiň normasy şeýle kesgitlenýär:

$$Nö.ön = \frac{Tsm}{Tb.k.} \cdot 100;$$

Iş wagtynyň fotografiýasy günüň dowamynda ýa-da onuň belli bir böleginde iş wagtynyň sarp edilişini öwrenýär.

Iş wagtynyň fotografiýasy üznüksiz, saýlama we pursatlaýyn usullarynyň üsti bilen geçirilýär.

Fotografiýanyň esasy maksady iş wagtynyň sarp edilişini we ýitgileriň sebäbini öwrenmek bolup durýar. Alnan netijeler taýýarlaýyş-jemleýji wagtyň, iş ýerine hyzmat etmegiň, dynç almaga we şahsy maksatlar üçin sarp sarp edilýän wagtyň normatiwini hasaplamak üçin peýdalanylýar.

Fotografiýanyň maksady we gözegçilik ediljek işçi kesgitlenilenden soň işiň şertleri we iş ýerleri bilen tanyşylýar.

Iş gününiň indiwidual fotografiýasynyň üznüksiz usulyň üsti bilen geçirilişine aşakdaky mysalda seredeliň.

**Iş wagtynyň indiwidual fotografiýasynyň gözegçilik sahypasy**

| t № | *Iş wagtyny sarp etmegiň ady* | *Hasaba alynan wagt (sek,min)* | *Dowamlylygy min.* | *Indeks* |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | Gözegçiligiň başlanyşy | 7-00 | - | - |
| 1 | Iş ýerine gelmek | 7-04 | 4 | DBSA |
| 2 | Tabşyryk we çyzgy almak | 7-11 | 7 | TJ |
| 3 | Tabşyryk we çyzgy bilen tanyşmak | 7-14 | 3 | TJ |
| 4 | Gural almak | 7-22 | 8 | TJ |
| 5 | Kesiji guraly taýýarlamak | 7-25 | 3 | TJ |
| 6 | Operatiw iş | 8-06 | 41 | OP |
| 7 | Gural çalyşmak | 8-09 | 3 | IEHE |
| 8 | Enjama gözegçilik etmek we ony ýaglamak | 8-17 | 8 | IEHE |
| 9 | Dynç almak | 8-25 | 8 | DAA |
| 10 | Operatiw iş | 9-10 | 45 | OP |
| 11 | Kärdeşiň bilen gürleşmek (hususy gürrüň) | 9-15 | 5 | DBSA |
| 12 | Öz işiň bilen gitmek | 9-25 | 10 | DAA |
| 13 | Operatiw iş | 10-21 | 56 | OP |
| 14 | Boş durma (tok ýok) | 10-51 | 30 | GTA |
| 15 | Ussa bilen gürrüň (iş hakda) | 10-55 | 4 | TJ |
| 16 | Täze tabşyryk almak | 11-00 | 5 | TJ |
| 17 | Arakesmä gitmek (nahara) | 11-00 | - | - |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 18 | Arakesmeden gelmek | 12-06 | 6 | DBSA |
| 19 | Kesiji guraly täzeden oturmak | 12-09 | 3 | TJ |
| 20 | Çig mal almak | 12-14 | 5 | TJ |
| 21 | Operatiw iş | 13-20 | 66 | OP |
| 22 | Dynç almak | 13-25 | 5 | DAA |
| 23 | Operatiw iş | 14-07 | 42 | OP |
| 24 | Boş durma (enjam bozuldy) | 14-30 | 23 | GTA |
| 25 | Operatiw iş | 15-45 | 75 | OP |
| 26 | Önümi taýýar önümler jaýyna tabşyrmak | 15-50 | 5 | TJ |
| 27 | Iş ýerini ýygnamak | 15-53 | 3 | IEHE |
| 28 | Guraly ýygnamak | 15-55 | 2 | TJ |
| 29 | Işden gaýtmak | 16-00 | 5 | DBSA |

***Ýokardaky tablisada getirilen şertli belgiler:***

DBSA- zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy sebäpli arakesmeler;

TJ- taýýarlaýyş-jemleýji wagt;

OP -operatiw wagt;

IEHE-iş ýerine hyzmat etmek üçin sarp edilýän wagt;

DAA-dynç almak üçin arakesme;

GTA-guramaçylyk we tehniki sebäplere görä arakesmeler.

Gözegçilik sahypasy doldurylyp bolandan soň ol işlenilip taýýarlanylýar. Gözegçilik sahypasyny işläp taýýralamak öwrenilýän bölegiň görkezýän wagtyndan geçen bölegiň görkezen wagtyny aýyrmakdan başlanýar. Şeýlelikde, işiň her bir böleginiň dowamlylygy tapylýar. Şoňra işiň birmeňzeş indeksli böleklerini toparlara birikdirip, adybir sarp etmeleriň sanawy düzülýär.

## Adybir wagt sarp etmeleriň
## S A N A W Y

| t/p № | Gözegçilik sahypasy boýunça setirleriň belgisi | Wagt sarp etmeleriň ady | Dowam-lylygy (min.) | Indeksi |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1 | 2 | Tabşyryk we çyzgy almak | 7 | TJ |
| 2 | 3 | Tabşyryk we çyzgy bilen tanyşmak | 3 | TJ |
| 3 | 4 | Gural almak | 8 | TJ |
| 4 | 5 | Kesiji guraly taýýarlamak | 3 | TJ |
| 5 | 16 | Täze tabşyryk almak | 5 | TJ |
| 6 | 15 | Ussa bilen gürrüň (iş hakda) | 4 | TJ |
| 7 | 19 | Kesiji guraly täzeden oturtmak | 3 | TJ |
| 8 | 20 | Çig mal almak | 3 | TJ |
| 9 | 26 | Taýýar önümi tabşyrmak | 5 | TJ |
| 10 | 28 | Guraly ýygnamak | 2 | TJ |
| **Jemi** | | | **43** | |
| 11 | - | Taýýarlaýyş-jemleýji wagt | 45 | TJ |
| 12 | 6,10,13,21,23,25 | Operatiw iş | 325 | OP |
| 13 | 7,8 | Guraly çalyşmak | 3 | IEHE |
| | | Enjama gözegçilik etmek we ony ýaglamak | 8 | IEHE |
| 14 | 27 | Iş ýerini ýygnaşdyrmak | 3 | IEHE |
| **Jemi** | | | **384** | |
| 15 | - | Iş ýerini hyzmat etmek | 14 | IEHE |
| 16 | 12 | Öz işiň boýunça gitmek | 10 | DAA |
| 17 | 9 | Dynç alyş | 8 | DAA |
| 18 | 22 | Dynç alyş | 5 | DAA |
| **Jemi** | | | **37** | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 19 | - | Dynç almak we şahsy maksatlar üçin sarp edýän wagt | 23 | DAA |
| 20 | 14 | Boş durma (tok ýok) | 30 | GTA |
| 21 | 24 | Boş durma (enjam bozuldy) | 23 | GTA |
| **Jemi** | | | **76** | |
| 22 | - | Guramaçylyk-tehniki sebäplere görä boş durmalar. | 53 | GTA |
| 23 | 1,18,29 | Işe giç gelip, işden ir gitmek | 15 | DBSA |
| 24 | 11 | Artykmaç gürrüň etmek | 5 | DBSA |
| **Jemi** | | | **73** | |
| 25 | - | Iş düzgünini bozup boş durmak | 20 | DBSA |
| **Jemi** | | | **20** | |
| 26 | - | Adybir sarp etmeleriň sanawy boýunça jemi wagt | **480** | - |

Alnan netijelere görä iş wagtynyň hakyky balansy adybir iş wagtyny sarp etmegiň sanawynyň jemleýji setirleri boýunça düzülýär.

## Iş wagtynyň hakyky balansy

| t/p № | Iş wagtyny sarp etmeleriň sanawy | Dowam-lylygy (min) | Indeksi |
|---|---|---|---|
| 1 | Taýýarlaýyş-jemleýji | 45 | TJ |
| 2 | Operatiw iş | 325 | OP |
| 3 | Iş ýerine hyzmat etmek | 14 | IEHE |
| 4 | Dynç almak we özüne sarp etmek | 23 | DAA |
| 5 | Guramaçylyk we tehniki sebäplere görä boş durmalar | 53 | GTA |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 6 | Iş düzgüniniň bozulmagy sebäpli boş durmalar | 20 | DBSA |
| 7 | Balansyň jemi | 480 | |

Iş wagtynyň hakyky balansy iş gününiň peýdalanylyşyny, arakesmeleriň we ýitgileriň ululygyny görkezýär.

Ilki bilen aşakdaky formula bilen iş gününiň peýdalanylyşynyň koeffisiýenti hasaplanylýar:

$$K\,\text{peý}. = \frac{TJ + OP + IEHE + DAA}{Tsm};$$

Kpeý.- iş wagtynyň peýdalanylyşynyň koeffisiýenti.

Iş wagtynyň peýdalanylyşynyň, guramaçylyk we tehniki sebäplere boş durmalaryň we iş düzgüniniň bozulmagyna görä ýitirilen wagtyň koeffisiýenti hasaplanylýar:

$$K\,\text{peý} = \frac{45 + 325 + 14 + 16}{480} = \frac{400}{480} = 0{,}833$$

ýa-da 83,3 %;

Guramaçylyk we tehniki sebäplere görä boş durmalar:

$$Kgta = \frac{Tgta}{Tsm} = \frac{53}{480} = 0.110$$

ýa-da 11,0 %;

Iş gününiň bozulmagy sebäpli ýitgiler şeýle hasaplanylýar:

$$K_{DBSA} = \frac{DBSA + (DAAx - DAAn)}{Tsm} = 0.057$$

ýa-da 5,7 %;

Alnan netijeleri jemlemek arkaly barlanylýar:

Kpeý+Kgta+Kdbsa=100%;

83,3+11,0+5,7=100%;

Önümiň öndürilişini ýokarlandyrmagyň mümkinçilikleri iş wagtynyň gönüden-göni ýitirilmeginiň azaldylan şertlerinde kesgitlenýär. Biziň mysalymyzda bu görkeziji 80 %-e deň.

$$\text{Öýo}=\frac{GTA + DBSA + (DAAx - DAAn) \cdot Ky}{OP};$$

$$\text{Öýo} = \frac{53 + 20 + (23 - 16) \cdot 0{,}8}{325} = 19{,}7\ \%;$$

Iş wagtynyň ýitirilmegi doly ýok edilende zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak mümkinçiligi 24,6%-e deňdir:

$$\text{Öýo} = \frac{53 + 20 + (23 - 16) \cdot 100}{325} = 24{,}6\,\%;$$

Iş gününiň normatiw balansy aşakdaky tertipde düzülýär. Ilki bilen aşakdaky formula boýunça operatiw wagtyň normatiwi kesgitlenýär:

$$To_{(n)} = \frac{Tom - TJ}{1 + \frac{K}{100}};$$

$$To_{(n)} = \frac{480 - 20}{1 + \frac{5 + 7}{100}} = 410\ \text{minut};$$

Biziň mysalymyzda, $To_{(n)} = 410$ minuda deň.

Ähli sarp edilen wagtyň jemi ululygy iş gününiň dowamlylygyna deň bolýar.

Tsm=Ttj+Top+Tiehe+Tdaa;

480=20+410+29+21

Iş gününiň hakyky ýitgisi normatiw bilen deňeşdirilýär. Netijede hakyky wagtyň normatiw wagtdan aratapawudy ýüze çykarylýar.

**Iş wagtynyň hakyky we normatiw balansy**

| Iş wagtynyň ýitigisiniň indeksi | Sarp edilen wagt, (minut) | | Aratapawut, (minut) | |
|---|---|---|---|---|
| | normatiw | hakykatda | artykmaç | ýetmezçilik |
| TJ | 20 | 45 | 25 | - |
| OP | 410 | 325 | - | 85 |
| IEHE | 29 | 14 | - | 15 |
| DAA | 21 | 23 | 2 | - |
| GTA | - | 53 | 53 | - |
| DBSA | - | 20 | 20 | - |
| Jemi: | 480 | 480 | 100 | 100 |

Iş wagtynyň artykmaç sarp edilmeleriniň aradan aýrylan ýagdaýyndaky zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň maksimal mümkinçilikleri hasaplanylýar.

$$\text{Öýo} = \frac{To - To(k)}{To_j} x100\,\%;$$

$$\text{Öýo} = \frac{410 - 325}{325} x100 = 26\,\%;$$

Soňra iş wagtynyň göni ýitigileriniň we artykmaç sarp edilmeginiň çäreleri işlenilip düzülýär.

Gözegçiniň bellän tötänleýin we aýlanyş ölçegleri aradan aýrylýar. Biziň mysalymyzda şeýle ölçegler 5 sany**:**

1.1-nji setir 10-njy ölçeg-(işçiniň açary elinden gaçyrmagy);
2.2-nji setir 8-nji ölçeg-(detalyň ýere gaçmagy);
3.3-nji setir 7-nji ölceg-(toguň peselmegi);
4.4-nji setir 4-nji we 10-njy ölçegler-(işçiniň açaryny ýitirmegi);

Hronohatarlaryň durnuklylygynyň hakyky koeffisienti iş wagtynyň hakyky balansynyň kadalary bilen ölçenilýär.

| Amallaryň bölekeri | Khd. | Knd. | Netije |
|---|---|---|---|

| | | | |
|---|---|---|---|
| Detaly patrona oturtmak | 12:8 =15 | 1,5 | durnukly |
| Stanogy işletmeli kesgiji gönükdirmek | 7:4=1,75 | 1,8 | durnukly |
| Detaly ýonmak | 119:99 =1,20 | 1,3 | durnukly |
| Kesgiji aýryp, stanogy öçürmek | 7:4 =1,75 | 2,0 | durnukly |
| Detaly aýryp , gyra goýmak | 9:4 =2,25 | 2,5 | durnukly |

Ýalňyş ölçegleri hasapdan aýyrandan soň hronohatarlaryň durnuklydygy ýokardaky tablisada görkezilýär.

Soňra her bir amalyň böleklериniň ortaça dowamyllygy hronohatarlaryň işe ýaramly ölçegleriň arifmetiki ululygy bilen ölçenilýär.

$$To= \frac{T1+T2+T3+.....Tp}{n}$$

bu ýerde,

**To-**amalyň bölekleriniň ýerine ýetirilişiniň ortaça dowamlylygy;

**T1,T2,T3…Tp**-hemme ölçegler boýunça ýerine ýetirilişiniň ortaça dowamlylygy;

**n**-işe ýaramly ölçegleriň sany.

Şeýlelikde, her bölek boýunça dowamlylyk:

To1=(8+10+10+9+9+12+9+9+10):9=9,5 sekunt;
To2=(5+6+6+7+5+6+5+4+5):9=5,4 sekunt;
To3=(113+113+115+110+119+104+103+99+108):9=109,3 sekunt;
To4=(6+5+7+5+5+6+5+4):8=5,4 sekunt;
To5=(7+6+7+6+8+9+7+6+6+4):10=6,6 sekunt;

Ähli amallaryň ýerine ýetirilişinin umumy dowamlylygy Ton=19,5+5,4+ +109,3 +5,4+6,61=136,2 sekunt ýa-da 2,27 minut.

Soňra birlikleýin wagtyň normasyny kesgitleýäris:

Tb=Top x / I__k___/ =2,27 min x 1,12= 2,54 min.

100

Birlikleýin – kalkulýasion wagtyň normasy aşakdaky ýaly kesgitlenilýär.

Tb.k=Tb+ Tt j__= 2,54 + 10_ =3,04 min

P 20

Önümleriň hemmesine wagtyň normasy:

Tp = Tb.k.x P=3,04min x 20=60,8 min.

Tp=Ttb x p + Tta= 2,54 min x 20+10=60,8 min.

Sekiz sagatlyk smenada önüm öndürmegiň normasy:

No.ön.= T cm___= 480 =158 detal.

Tb.k. 3,04

## XVI-bap. Zähmet baradaky normatiwleriň ulgamyny işläp düzmekligiň usulyýeti

Önümçilik prosesinde taýýarlanylýan önümiň häsiýetleri, ulanylýan materiallar, enjamlar, tehnologiýalar, zähmet şertleri we ş.m. ölçegler boýunça düýpli tapawutlanýanlygy üçin obýektiw normalary hasaplamagyň ulgamyny öwrenmekligiň zerurlygy ýüze çykýar.

Zerur zähmet harajatlaryny kesgitlemek üçin normatiwler öndürilýän önümiň we önümçilik prosesleriniň düzüminiň bölekleriniň hemmesinde goýlup biler. Mysal üçin, zähmet hereketiniň bölekleriniň ýerine ýetiriliş wagtynyň, detallaryň ýokarky gatlagyny işlemekligiň, maşynlary we olaryň detallaryny ýygnamagyň normalary, şeýle hem işleriň görnüşleri we tutuş önümçilik boýunça zähmet talap edijiligiň normatiwleri işlenilip düzülýär.

Häzirki wagtda pudaklaryň arasynda normatiwleriň ulamynyň doly düzülen pudagy maşyn gurluşygy we metal işläp bejerýän senagat hasap edilýär. Bu pudakda esasy wagty kadalaşdyrmak üçin stanokda işlemekligiň maşyn gurluşyk normatiwleri işlenip düzülýär. Şeýle hem, bu pudakda kömekçi wagtyň, iş ýerine hyzmat etmekligiň wagtynyň, taýýarlaýyş

jemleýji wagtyň normatiwleri hereket edýär. Şu normatiwler esasynda tehnologiki geçişleriň we detalyň ýokary gatlagyny işlemek üçin aýratyn amallaryň, şonuň ýaly-da detaly doly taýýarlamagyň normatiwleri hereket edýär.

Normatiwleriň ulgamyny işläp düzmekde iň çylşyrymly wezipe ulanyljak normatiwleriň amatly derejesini saýlamakdyr.

Bu wezipäni çözmek üçin 2 ugry hasaba almaly bolýar:

1. Norma hasaplamaklyga harajat näçe az bolsa, şonça-da normatiwleriň ulanyş derejesi ýokary bolýar;
2. Normatiwleriň ulanyş derejesi näçe ýokary bosa, önümçilik prosesleri içgin seljermegiň mümkinçiligi, hasaplaryň dogrylygy peselýär we ş.m;

Muňa garamazdan, häzirki wagtda normatiwleriň birligi hereket edýär. Normatiwleriň birligi aşakdaky esasy ugurlary üpjün etmelidir:

1. Önümçilik prosesleri we önümçiligiň bölekleri boýunça normatiwleriň birikdirilmegini;
2. Önümçiligiň görnüşini;
3. Normatiwleriň dogrulygyny;
4. Normatiwleriň ululygyna täsir edýän faktorlary;
5. Işleriň özleşdiriş derejesini;

Zähmet baradaky normatiw materiallar aşakdaky ýörelgeler esasynda işlenilip taýýarlanylýar:

1. Toplumlaýynlyk;
2. Netijelilik;
3. Progressiwlik;
4. Takyklyk;
5. Zähmete umumylykda çemeleşmeklik;

Normatiwler hasaplananda esaslandyrmalaryň obýekti bolup, olaryň ulanyljak gurşawy hyzmat ediýär. Normatiwleriň optimallygynyň ululyk ölçegi olary işläp düzmekligiň we ulanmaklygyň iň minimal harajatlarynyň jemidir.

Düzülen normatiwler aşakdaky talaplary kanagatlandyrmalydyr:

1. Normatiwleriň we normalaryň takyklyk derejesini üpjün etmeli;
2. Kadalaşdyrylýan işleriň ýerine ýetiriliş şertleriniň dürli görnüşlerini hasaba almaly;
3. Ulanmaklyga amatly bolmaly.

Normatiwleri işläp düzmeklik aşkdaky tapgyrlardan ybarat bolýar:

***I-tapgyr – Taýýarlaýyş işleri.*** Bu tapgyrda normatiwleri işläp düzüljek işleriň görnüşleri anyklanylýar, zähmet we tehnologiki prosesleriň synag geçiriljek kärhanalary, sehleri we bölümleri kesgitlenýär, zerur usuly we normatiw resminamalar (enjamlaryň pasporty, tehnologiki kartalar, GOST-r, OST-r, zähmeti guramagyň kartalary we ş.m.) saýlanylýar, öňünden iş ýerleri we önümçilik prosesleri öwrenilýär. Gözegçiligiň obýektiniň saýlanmaklygy esaslandyrylýar. Birinji tapgyr usuly maksatnamany düzmek bilen gutarýar.

***II-tapgyr – Önümçilik işlerini barlamaklyk.*** Bu tapgyr esasan aşakdakylardan ybarat:

- zerur zähmet harajatlary hakynda başlangyç maglumatlary ýygnamakdan;
- geçirilen gözegçiligiň we synaglaryň üsti bilen almakdan;
- tehnologiki we zähmet prosesleriniň amatly görnüşlerini saýlamakdan.

***III-tapgyr – Normatiw arabaglanyşygy kesgitlemek we normatiwler ýygyndysynyň taslamasyny işläp düzmek.*** Bu tapgyrda geçirilen gözegçilikleriň we synaglaryň esasynda zerur zähmet harajatlary we olara täsir edýän faktorlaryň arasyndaky arabaglanyşyk kesgitlenýär. Bu ýerde şekiller we seljerme usullary ulanylýar. Normatiw arabaglanyşyk tablisa görkezilip, beýan edilýär. Maglumatlar esasynda normatiwler ýygyndysy düzülýär. Normatiwler ýygyndysynda kadalaşdyrmak işleriniň ýazgysy, olaryň ýerine ýetiriliş şertleri, normalary kesgitlemek üçin usuly görkezmeler jemlenýär.

***IV-tapgyr. Önümçilik şertlerinde normatiwleri barlamak.*** Bu tapgyra normatiw ýygyndynyň taslamasy normatiwleriň ulanyljak önümçilik bölümlerinde tejribede barlanylyp görülýär. Synag ýörite düzülen usuly maksatnamanyň esasynda amala aşyrylýar. Maksatnamada barlagy geçirmek üçin kärhananyň göwrümi, düzümi geçiriljek taslamanyň we hakyky guramaçylyk-tehniki şertleriň tertibi esaslandyrylandyrlýar.

***V-tapgyr. Barlagyň netijesinde normatiwleri deňeşdirmek, ylalaşmak we tassyklamak.*** Bu tapgyrda geçirilen synagyň netijesi esasynda normatiw ýygyndynyň taslamasyna zerur bolan üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilýär. Kärdeşler arkalaşygy bilen ylalaşylandan soň bolsa, normatiw ýygyndy önümçilikde ulanylmaga degişli hasap edilýär we tassyklanylýar.

Zähmet prosseslerini doly häsiýetlendirmek üçin zähmet harajatlarynyň we zähmetiň netijeleriniň normalaryny tapawutlandyrmak hökmandyr.

Zähmet harajatlarynyň iki görnüşi hereket edýär:

1. Iş wagtynyň harajatlary. Iş wagtynyň harajatlarynyň normalary işiň birligini bir ýa-da birnäçe işgäriň ýerine ýetirmek üçin zerur wagty kesgitleýär;
2. Işçi güýjüniň harajatlary. Ol işgäriň fiziki we nerw energiýalarynyň harajatlaryny aňladýar.

Iş wagtynyň harajatlarynyň normalaryna aşakdakylar degişlidir:

1. Işleri ýerine ýetirmegiň dowamlylygynyň normasy;
2. Wagtyň we işgärleriň sanynyň normasy.

Işleriň dowamlylygynyň normasy bir stanokda ýa-da bir iş ýerinde işleriň birligini ýerine ýetirmegiň wagtyny kesgitleýär. Eger-de, bir işçi ýa-da topar birnäçe enjama hyzmat edýän bolsa, onda enjamlar hem-de işçiler üçin işiň dowamlylygynyň normalaryny kesgitlemek gerek. Bu ýerde aşakdaky formula ulanylýar:

$$Nd. = \frac{Nd.o}{No} \qquad (1)$$

Nd.-işiň dowamlylygynyň normasy;
Nde.-enjamlar üçin işleriň dowamlylygynyň normasy;

Nh.-hyzmat etmekligiň normasy;

Wagtyň normasy bir işçiniň ýa-da toparyň işiniň birligini ýerine ýetirmeklige sarp etmeli wagtynyň harajatlaryny adam-sagatda kesgitleýär. Bu harajatlar diňe bir amalyň dowamlylygyna bagly bolman, eýsem ony ýerine ýetirýän işgärleriň sanyna hem bagly bolup durýar.

Bu ýerde aşakdaky formula ulanylýar:

$$Nw. = Nd.\ X\ Ni.; \qquad (2)$$

Nw.- wagtyň normasy;

Ni.-işgärleriň sanynyň normasy;

Köp stanokly işlerde birinji we ikinji formulalaryň arabaglanyşygy hasaba alnyp wagtyň normasy aşakdaky ýaly kesgitlenýär.

$$Nw. = \frac{N\,s}{Nh}.\ X\ Nd.; \qquad (3)$$

Eger-de, bir işçi bir stanoga hyzmat edýän bolsa, onda wagtyň normasy şeýle hasaplanylýar:

$$Nw.= Hd.X\ Nde.; \qquad (4)$$

Iş wagtynyň harajatlarynyň normalaryna garanda işgärleriň fiziki we nerw energiýalarynyň harajatlarynyň normalary az öwrenilendir. Bu normalar işleriň depgini, iş bilen meşgullygyň derejesi, ýadawlygyň görkezijileri bilen häsiýtlendirilýär.

Häzirki hereket edýän normatiw resminamalara laýyklykda işgärleriň fiziki we nerw energiýalarynyň normalaryna baha bermek üçin zähmetiň agyrlyk normasy ualnylýar.

Zähmetiň agyrlygy diýip, zähmet proseslериniň hemme faktorlarynyň adam organizmine umumylykda edýän tasirine aýdylýar.

Zähmetiň agyrlygy, esasan, önümçilik gurşawynyň ýagdaýyna (sanitariýa, gigiena, zähmet we ş.m. şert.) bagly bolýar.

Zähmetiň agyrlygynyň normasy işleýänleriň organizmine ýol bererlik agyrlygyny kesgitleýär. Şoňa görä-de, zähmetiň agyrlygy dynç alyşyň wagtyny, şeýle hem oňaýsyz iş şertlerine koeffisientleri kesgitlemek üçin ulanylýar.

Zähmet normalaryny kesgitlemek üçin öňünden işlenilip düzülen maglumat almak üçin soraglar we normatiw resminamalar ulanylýar. Maglumat almak üçin sorag resminamalaryna esasan şu aşakdakylar degişlidir:

1. Enjamlaryň we gurallaryň häsiýetnamasy;
2. Taýýarlaýyşyň we ulanmaklygyň häsiýetnamasy;
3. Gurnama we tehnologiki resminamalar.

Normatiw materiallara bolsa zerur zähmet harajatlarynyň ululygynyň we oňa täsir edýän faktorlaryň arasyndaky baglanyşyk formulalarda, şekillerde we tablisalarda aňladylyp bilner.

Adatça, normatiw resminamallary 2-ä bölýärler:

1. Normatiwler toplumy (wagtyň normalarynyň esasy bölegini we işgärleriň sanyny kesgitlemek üçin normatiw baglanyşygy aňladýar);
2. Bimeňzeş görnüşli normalar (normalaryň ululygynyň we olara täsir edýän faktorlaryň arasyndaky hökmany baglanyşygy aňladýar).

Normatiw materiallar aşakdaky häsiýetler boýunça toparlara bölünýär:




1. Mazmyny boýunça:
   - enjamlaryň işleýiş düzgüniniň normalary;
   - hyzmat etmegiň normatiwleri we bitewi normasy;
   - işgarleriň sanynyň normatiwleri;
   - normatiwler we wagtyň biyewi normasy;
   - işiň depgininiň normasy.
2. Iş wagtynyň harajatlarynyň görnüşleri boýunça:

- esasy wagtyň normatiwleri;
- kömekçi wagtyň normatiwleri;
- iş ýerine hyzmat etmegiň normatiwleri;
- dynç alyşa we şahsy maksatlar üçin gerek bolan wagtyň normatiwleri;
- toparyň, jemleýji wagtyň normatiwleri.

3. Işgärleriň toparlary boýunça:
   - işçiniň normatiwleri;
   - gullukçylaryň normatiwleri;
   - beýleki toparlardaky işgärleriň normatiwleri.
4. Umumylaşdyrylan gurşawlary boýunça:
   - pudagara normatiwler;
   - pudaklaýyn normatiwler;
   - ýerli normatiwler.
5. Birikdirliş derejesi boýunça:
   - diferensirlenen normatiwler;
   - birikdirilen normatiwler;
6. Zähmet harajatlarynyň ululygynyň we oňa täsir edýän faktorlary boýunça:
   - tablisalaýyn normatiwler;
   - şekil görnüşinde berilen normatiwler;
   - seljermek üçin normatiwler;

Zähmet normalary kesgitlenende birnäçe faktorlar hasaba alynýar. Olaryň arasynda tehniki, ykdysady, psiho-fiziologiki, sanitar-gigieniki, sosial we hukuk faktorlary esasylar hasaplanylýar. Faktorlar özara baglanyşyklydyr.

Soňky wagtlara çenli zähmeti kadalaşdyrmakda tehniki faktorlara, ýagny tehnologiki prosesleriň, enjamlaryň häsiýetine, öndürilýän önümiň hili barada tehniki talaplara esasy üns berildi.

Ykdysady faktorlara, köplenç halatlarda, enjamyň we işçiniň wagtynyň ulanyş derejesi, materiallaryň sarp edilşi ş.m. degişlidir.

Psiho-fiziologiki faktorlar zähmet prosesinde işgäriň organizmine edilýän täsiri häsiýtlendirýän görkezijilere degişlidir. Mysal üçin, işleriň depgini, çalşygyň dowamynda işgäriň iş bilen

meşgulluk derejesi, zähmetiň we dynç alyşyň düzgüni we ş.m. degişlidir.

Sanitar gigieniki faktorlar önümçilik gurşawynyň şertlerini kesgitleýär. Mysal üçin, ýagtylygyň, çyglylygyň, galmagalyň derejesi, ys, tozan we ş.m.

Sosial faktorlara işgariň işe bolan höwesi, zähmet kollektiwindäki özara gatnaşyklar, işgärleriň özbaşdaklygy we ş.m. degişlidir.

Hukuk faktorlara iş gününiň dowamlylygy, arakesmeleriň wagty, işgäriň we iş berijiniň özara gatnaşyklary we ş.m. degişlidir.

Kadalaşdyrmagyň usuly diýen düşünje zähmetiň normalaryny kesgitlemägi, seljemegi, tehnologiýanyň taslamalary düzmegi, zähmeti guramagy we normalaryň hasabyny ýoretmegi öz içine alýan usullaryň köplügini aňladýar.

Zähmeti kadalaşdyrmagyň usullary normalaşdyrylýan işleriň häsiýetine we olaryň ýerine ýetiriliş şertlerine görä kesgitlenilýär.

Zähmeti proseslerini kadalaşdyrmagyň usullary aşakdaky şekilde görkezilýär.



Seljerme usulynda wagtyň normasy aşakdaky tertipde kesgitlenýär:

1. Amal birnäçe böleklere bölünýär;
2. Her bölekde ýerine ýetirilen işiň dowamlygyna täsir edýän faktorlar kesgitleniýär we is ýerleriniň önümçilik mümkinçiligi seljerilýär;
3. Amalyň ýerine ýetirijiniň psiho-fiziologiki aýratynlyklary we daşky gurşawa amatsyz faktorlaryň täsiri hasaba alynýar;
4. Amalyň düzümi we onuň bölekleriniň ýerine ýetiriliş yzygiderligi taslanylýar;
5. Taslamada görkezilen işleriň ýerine ýetirilişiniň teribini üpjün edýän guramaçylyk-tehniki çäreler işlenilip düzülýär;
6. Amalyň we onuň bölekleriniň dowamlylygy hasaplanylýar.

Umumylaşdyrylan usullarda wagt normasy tutuş amal boýunça kesgitlenýär, ýagny, önüme ýa-da detala normalar böleklere bölmezden goýulýar.

## XVII-bap. Hyzmat etmegiň, işgärleriň sanynyň we toparlaýyn zähmetiň normalarynyň hasaplanylyşy

Önümçiligiň mehanizmleşdiriliş we awtomatlaşdyrylyş derejesiniň ýokarlanmagy bilen işçileriň umumy sanynda köp stanokda işleýänleriň, enjamlary düzüjileriň, slesarlaryň, elektromontýorlaryň paýy artýar. Şoňa görä-de, olaryň zähmetini kadalaşdyrmakda hyzmat etmegiň, işgärleriň sanynyň normalaryny esaslandyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Hyzmat etmegiň we işgärleriň sanynyň normasy işçileriň sany bilen olaryň hyzmat edýän enjamlarynyň sanynyň arasyndaky amatly gatnasygy kesgitleýär.

Hyzmat edişiň normasy-munuň özi bir işçiniň ýa-da işçileriň çalşygyň dowamynda hyzmat edip biljek enjamlarynyň sanydyr. Hyzmat etmegiň normalaryny kesgitlemek üçin, ilki bilen, hyzmat

etmegiň wagtynyň normalaryny kesgitlemelidir. Işleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça hyzmat etmegiň wagtynyň normasy gollanmalarda we beýleki normatiw resminamalarda berilýär.

Hyzmat etmegiň normalaryny aşakdaky formulalar bilen kesgitlenilýär:

$$\mathbf{Nh=\frac{Tsm}{Nhe.}=\frac{Tsm}{Ngxpxk}=}$$

bu ýerde,

Nh- hyzmat etmegiň normasy;

Nhe-enjamlaryň birnäçesine hyzmat etmegiň wagt normasy;

Ng-işleriň göwrüminiň normasy;

p - çalşygyň ýa-da aýyň dowamynda ýerine ýetiriljek işleriň biriniň möçberi;

k-wagtyň normasynda hasaba alynmadyk goşmaça işleri ýerine ýetirmegi göz

öňünde tutýan koeffisent;

Tsm-çalşygyň dowamlylygy.

Mysal üçin, düzüji çalşygyň dowamynda her stanokda bir düzümi ýerine ýetiriýär. Düzüm üçin wagtyň normasy 40 minut, ýarym düzüm üçin bolsa 10 minut. Goşmaça wagt sarp etmegiň koeffisenti 1,14. Bu ýagdaýda bir stanoga hyzmat etmekligiň wagtynyň normasy 68,4 minuda deň bolýar. (40+10x2)x1,14; Hyzmat etmegiň normasy bolsa 7 stanok bolýar (480minut:68,4=7).

Käbir önümçilikde hyzmat etmegiň normasy enjamlaryň birligine ýa-da agregata hyzmat etmek üçin zerur bolan işçileriň sanyny görkezýär. Seýle  normalar isçileriň topary belli bir ýere hyzmat edende kesgitlenýär.

Şeýle hem, zähmet prosesini kadalaşdyrmakda işgärleriň sanynyň normatiwi____bilen işleýanleriň normasyny tapawutlandyrýarlar. Işgärleriň sanynyň normatiwi- munuň özi aýratyn alnan işiň birligini ýerien ýetirmek ýa-da kesgitli obýekte öňünden hasaplanan işçileriň sanydyr.

Işleýänleriň normasy diýip, önümçilik tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin gerek bolan hünärli işgärleriň sanyna düşünilýär.

Önümçilige hyzmat etmek bilen meşgullanýan işçileriň sany aşakdaky formula arkaly hasaplanylýar:

$$Nis. = \frac{Qh}{Nh} \quad ýa\text{-}da, \quad His. = \frac{QxNw.}{Tsm.}$$

Nis.-işgärleriň sanynyň normasy;

Qh-enjamlaryň birine hyzmat etmekligiň umumy möçberi;

Nh-hyzmat etmegiň normasy;

Tsm-çalşygyň dowamlylygy.

Sehde 70 stanok bar. Bir stanoga hyzmat etmegiň wagt normasy 68,4 minut, hyzmat etmegiň normasy bolsa 7 stanok. Düzüjileriň sanyny kesgitlemeli.

$$Nh = \frac{70x68{,}4 \quad =10}{480}$$

Kärhanada toparlaýyn zähmeti kadalaşdyrmagyň aýratynlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Toparlaýyn zähmetde indiwidual zähmete garaňda zähmet normalarynyň düzümi giňelýär.
2. Toparyň zähmetini kadalaşdyrmagyň obýekti bolup toparlaýyn zähmet prosesi çykyş edýär.
3. Toparlaýyn zähmet şertlerinde toparyň zähmetiniň netijesi we netijeliligi hasaba alynýar.

Kollektiw zähmet prossesiniň dowamynda esasy we kömekçi wagt aýratyn kadalaşdyrylýar.

Kollektiw zähmet ptrosesiniň dowamynda kömekçi wagt tehnologiki prosesiň kämilleşmegi esasynda üýtgäp biler.

Iş ýerine hyzmat etmekligiň wagty kollektiw zähmet prosesiniň şertlerinde gysgaldylyp ýa-da düýbünden aýrylyp bilner. Munuň esasy sebäbi bolsa, bu işleri kömekçi işçileriň görnüşine girizilip bolýanlygydyr.

Kollektiwleýin zähmete norma kesgitlemek şu aşakdaky tertipde geçirilýär:

1. Normalar hereket edýän indiwidual normalar esasynda goýulýar.

2. Kollektiw normatiwler täze önümçiligiň ornaşdyrylyşy, hem-de guramaçylyk tehniki şertleriň üýtgemegi bilen bagly hasaplanyp bilner.

Toparlaýyn şertlerde amal bir işçi tarapyndan ýerine ýetirilýän bolsa, onda şu formula ulanylýar:

$$\boldsymbol{Ntb = \sum_{R=1}^{n}.\ Ntr = \sum_{R=1}^{n} Ngk}$$

Ntb- topar üçin zähmet talap edijiligiň normasy;
Ntr we Ngk- R -amalyň dowamlylygynyň we zähmet talap edijiligiň normasy;
n- topara berkidilen amalyň möcberi;

Birnäçe amallary birnäçe işçiler ýerine ýetirýän bolsa, onda şu formula ulanylýar:

$$\boldsymbol{Ntb = \sum_{R=1}^{n} Ngk\ x\ Nzr.}$$

Nzr- R- amaly ýerine ýtirýän işçileriň sanynyň normasy.

Bir wagtyň dowamynda birnäçe önüm öndürilýän bolsa, onda aşakdaky formula ulanylýar:

$$\boldsymbol{Ntb = \frac{\sum_{R=1}^{n} NgRxNzR}{q}}$$

q - wagtyň belli bir böleginde öndürilýän önümiň möçberi.

Köp stanokly işleri kadalaşdyrmak üçin aşakdaky wezipeleri çözmek gerek:

1. Operatorlar we düzüjiler üçin hyzmat etmegiň we işgärleriň sanynyň amatly normalaryny tapmak;
2. Bir stanokda öndürilýän önümiň taýýarlanyşynyň aýlanyşynyň dowamlylygyny kesgitlemek;
3. Hyzmat etmegiň, işgärleriň sanynyň we amallaryň dowamlylygynyň normalarynyň esasynda her topar üçin önüm birligine wagtyň normasyny kesgitlemek.

Bu ýerde, esasan, 2 ululyk ulanylýar:

a) Işçi täsir bolmazdan stanogyň işleýän (arakesmesiz) maşyn wagty (Tm);
b) Işçiniň stanokda bir gezek iş bilen meşgullanýan wagty (Tmeş.);

Köp stanokly işleri kadalaşdyrdyrmak üçin aşakdaky formulalar ulanylýar:

$$Tm = Tmeş\,(Nh - 1)$$

$$Nh1 = \frac{Tm}{Tmeş.} + 1$$

$$Nr.o. : Nr.n = Poto : Pntn.$$

$$Nt = \frac{Nr}{No} \times Ngo.$$

Apparaturalaýyn zähmet prosesleri ýöriteleşdirilen apparatlarda (peçlerde, reaktorlarda, wannalarda we ş.m.) amala aşyrylýar.

Apparaturalaýyn zähmet proseslerini kadalaşdyrmak üçin esasan aşakdaky formulalar ulanylýar:

***Ts (X) ≤ Ts.n.*** → ***Önümiň tabşyrylan göwrümini çykarmaklyga niýetlenen tehnologiki aýlawyň dowamlylygy***

↓

***Işgärleriň sanynyň normalaryna baglylykda tehnologiki aýlawyň dowamlylygy.***

Kabir apparatura önümçiliginde işgärleriň sanynyň normasy aşakdaky formulada hem hasaplanylýar:

$$Nç > Yz = Yrg + Ynr + Ydon$$

$$Yrç = \frac{Trg}{Tsm}$$

Yz - zähmet amallarynyň hemme görnüşlerini ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan işçileriň sany;

Yrg we Ynr- reglamentirlenen we reglamentirilenmedik amallary ýerine ýetirýän işçileriň ortaça sany;

Ydon- goşmaça funksiýalary ýerine ýetirýän işçileriň sany;

Trg - çalşygyň dowamynda hemme reglamentirlenen zähmet amallarynyň ýerine ýetirilişiniň wagty.

## XVIII-bap. Zähmet proseslerini kadalaşdyrmagyň ýagdaýynyň we hiliniň seljermesi

Kärhanada zähmet proseslerini kadalaşdyrmagyň ýagdaýynyň we hiliniň seljermesiniň esasy wezipesi hereket edýän normatiw resminamalara we olaryň ulanylyş derejesine baha bermekden ybaratdyr.

Her bir kärhanada normatiw resminamalar aşakdaky toparlara bölünýär:

1. Normalar we normatiwler;
2. Işleriň ýerine ýetiriliş düzgüni;
3. Talaplar we çäklendirmeler.

Normalar we normatiwler, öz gezeginde, tehniki-tehnologiki hem-de zähmet normalaryna we normatiwlerine bölünýärler. Tehniki-tehnologiki normalara we normatiwlere birmeňzeş enjamlaryň pasport maglumatlary, amallar boýunça tehnologiki kartalar, şeýle hem, aýratyn prosesleri tapawutlandyrýan toplumlaýyn resminamalar degişlidir. Pasport maglumatlar normatiwleriň esasy bölegini düzýär. Enjamlaryň pasport maglumatlary olaryň iş düzgünini kesgitlemekde ulanylýar. Enjamlar kamilleşdirilende, abatlananda olaryň başlangyç häsiýetleri üýtgeýär. Şol sebäpli, normatiwler seljerilende enjamlaryň häsiýetleriniň üýtgemegi pasportda öz wagtynda bellik edilmelidir.

Zähmet normalaryna we normatiwlerine enjamlaryň işleýiş düzgüniniň normalary, bölümleriň işgäleriniň wagtynyň balansy, umumy zähmet talap edijiligiň kartalary, şeyle hem topar ýolbaşçylary üçin işgärleriň sanynyň normalary, gullukçylar üçin bolsa dolandyryşyň normalary degişlidir.

Enjamlaryň işleýiş düzgüniniň we wagtyň normatiwleri esasy bölege degişlidir.

Normatiwleri seljermek normatiw materiallaryň toplumyny kesgitlemekden başlanýar. Işleriň hemme görnüşleri pudaklaýyn

we pudaklara normatiwler esasynda kadalaşdyrylýar. Käbir ýagdaýlarda, birnäçe işlere hakyky zähmet görkezijileri pudaklaýyn we pudakara normatiwlerden tapawutly (kiçi ýa-da uly) gelýär. Bu bolsa normatiwleriň könelendigini aňladýar.

Pudaklaýyn we pudagara normalar we normatiwler tassyklananda, olaryň hereket etmeli möhleti we haýsy häsiýetli önümçilige degişlidigi (5 ýyldan uzak bolmaly däl) kesgitlenilýär. Täze normatiwleriň güýje girýän wagty kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen kesgitlenilýär. Normatiwleriň ulanylyş möhletiniň gutarmagyna 1 ýyl galanda olaryň barlanylmagy hökmanydyr.

Işleriň ýerine ýetiriliş düzgüni normatiwler toplumynyň ikinji bölegine degişlidir. Işleriň ýerine ýetirilişi guramaçylyk we tehniki düzgünlere bölünýärler. Işleriň ýerine ýetirilişiniň guramaçylyk düzgünlerine işleriň reglamenti, zähmetiň guramaçylyk görnüşleri, howpsuzlygyň düzgünleri, zähmetiň we dynç alyşyň düzgünleri we ş.m. degişlidir.

Işleriň ýerine ýetirilişiniň tehniki düzgünlerine önümi işlemekdäki tehniki arakesmeler, ýörite gorag serişdeleriniň ulanylyş düzgünleri we ş.m. degişlidir.

Normatiwler toplumynyň üçünji bölegine talaplar we çäklendirmeler degişlidir. Talaplar we çäklendirmeler psiho-fiziologiki we sosial toparlara bölünýär. Psiho-fiziologiki talaplara sanitar-gigienikia normalary (galmagal, ýagtylyk, yslar, tozan, gaz we ş.m.) degişlidir. Sosial talaplara we çäklendirmelere 18 ýaşa yetmediklere, aýallara we pensionerlere peseldilen normalary bellemeklik degişlidir.




Zähmet normalaryny seljermegiň esasy ugurlarynyň biri hem normalaşdyrylan işleri ýa-da işçileri kesgitlemekdir. Seljermäniň dowamynda şu aşakdaky görkezijiler kesgitlenilýär:

1. Zähmeti kadalaşdyrmak üçin bar bolan normatiwlere görä işçileriň sany;
2. Kärhanada zähmeti hakyky normalaşdyrylýan işçileriň sany, şol sanda pudakara, pudaklaýyn we ýerli normalar we normatiwler esasynda zähmet normalary kesgitlenen işçileriň sany;

Seljeriş işleriň ýa-da işçileriň görnüşleri boýunça geçirilýär. Işçiler potratlaýyn hem-de wagta görä hak tölenilýän işçilere bölünýär. Adatça, potratlaýyn zähmet haky tölenýän işleriň hemmesi kadalaşdyrylýar. Önümçilige hyzmat edýän işçilere, gullukçylara wagta görä hak tölenilýär.

Şeýle hem, sehler, hünärler boýunça işçileriň görnüşleri kesgitlenilýär. Zähmetiň hakyky görkezijileri geçen 2-3 ýylyň

görkezijileri bilen deňeşdirilýär. Bu hasaplamalary geçirmek üçin №4-T görnüsli statistiki hasabat ulanylýar.

Normalaşdyrylan işleriň paýyny kesgitlemek üçin aşakdaky formulalar ulanylýar:

$$dni = \frac{Tni \times 100}{Tu} \quad \text{ýa-da,} \quad dni = \frac{Yni \times 100}{Yu}$$

bu ýerde,
Tni -normalaşdyrylan işlerde işlenen wagt;
Tu-işlenen wagtyň umumy ululygy;
Yni-zähmeti normalaşdyryýlan işçileriň sany;
Yu.- işçileriň umumy sany.

Zähmet normalary seljerilende, hökmany suratda, normalaryň düzümindäki üýtgeşmeler hem kesgitlenilýär. Normalaryň düzümi 2 ölçeg boýunça seljerilýär:



Normalaryň esaslandyrylyşyna baha bermek iň çylşyrymly meseleleriň biridir. Normalaryň esaslandyrylyşyna baha berlende, ilki bilen, taýýarlaýyş-jemleýji wagtyň paýy kesgitlenilýär. Taýýarlaýyş-jemleýji wagtyň ululygy we düzümi önümçiligiň gornüsine, zähmet prosesleriniň guralyşynyň aýratynlyklaryna, şeýle hem işleriň häsiýetine bagly bolýar.

Soňra operatiw wagtyň düzümi, ýagny esasy we goşmaça wagtyň paýy seljerilýär. Eger, goşmaça wagtyň paýy ýokarlanýan bolsa, onda onuň sebäpleri anyklanylýar.

Dynç almaklyga berilýän wagt seljerilende arakesmeleriň umumy dowamlylygynyň, mümkin boldugyça, 10 minutdan geçmezligine üns bermeli.

Kärhanalarda zähmet normalarynyň ýagdaýyna baha berilende hereket edýän normalaryň hiline üns berilýär. Normalaryň hili, esasan, aşakdaky ýaly häsiýetlendirilýär:

1. Zähmet harajatlarynyň ululygynyň önümleriň (işleriň) birligine laýyk gelmegi bilen;
2. Normalaryň hasaby üçin ýeke-täk binýadyň bolmagy bilen;
3. Işleriň göwrüminiň ýa-da amallaryň ölçeg birlikleriniň laýyk gelmegi bilen;
4. Zähmet normalarynyň çylşyrymlylygynyň deňligi bilen;

Zähmet normalarynyň çylşyrymlylygynyň koeffisienti aşakdaky formulada hasaplanylýar:

$$K_{nç.} = \frac{T_n}{N_f}$$

bu ýerde,

Tn- işleriň birligini ýerine ýetirmek üçin wagtyň zerur harajatlary;

Nh- kärhanada hereket edýän norma boýunça wagtyň harajatlary.

Eger-de, koeffisient 1,0 deň bolsa normanyň çylşyrymlylygy amatly hasaplanylýar.

3. Zähmet normasy ýerine ýetiriji üçin hemme taraplaýyn düşnükli bolmalydyr.

Kärhanalarda hereket edýän normalara belli bir wagtdan soň gaýtadan seretmek zerurlygy ýüze çykýar. Normalara gaýtadan

seretmekligiň obýektiw zerurlygyny kesgitleýän faktorlary aşakdaky toparlara bölmek bolar:

1. Önümçiligiň guramaçylyk-tehniki we sanitar-gigieniki şertleri bilen baglanyşykly faktorlar;
2. Işçileriň kär derejesiniň we ýöriteleşen başarnyklarynyň ösmegi bilen baglanyşykly faktorlar;
3. Kesgitlenende kemçilikler goýberilen normalaryň ýüze çykarylan şertleri bilen baglanyşykly faktorlar.

Normalara gaýtadan seretmekligiň seljermesi aýry-aýry bölümler we tutuş kärhana boýunça geçirilýär. Normalaryň ýerine ýetiriliş % aşakdaky formulada kesgitlenilýär:

$$П\acute{y}e = \frac{\sum qtн}{Tф}$$

bu ýerde,
q - önüm birliginiň sany;
Tn-önüm birligine wagtyň normasy, (norma-sagat);
Th-hakyky işlenen wagt, (adam-sagat);

# IV-BÖLÜM. ZÄHMETIŇ ŞERTLERINI WE GORAGLYLYNY GURAMAK

## XIX-bap. Zähmet şertlerini we goraglylygyny guramaklygyň mazmuny we wezipeleri

Kärhanada zähmeti guramak diýip, iş ýerinde janly zähmet bilen önümçilik serişdesiniň gös-göni özara baglanyşygyny üpjün edýän prosese düşünilýär. Zähmet şertlerini we goraglylygyny guramak ylmynyň predmeti kärhanada işgärleriň zähmetini netijeli peýdalanmagyň kanunalaýyklyklaryny öwrenmekdir.

Zähmet şertlerini we goraglylygyny guramak ylmy 3 sany özara bagly wezipäni öňde goýýar:

1. Ykdysady wezipe. Zähmetiň ylmy guralyşyny önümçilige ornaşdyrmak, bir tarapdan, çig maly, materiallary, tehnikany we ş.m. has doly peýdalanmaga ýardam berýär, geçen zähmetiň sarp edilişini gowlandyrýar, ikinji tarapdan, janly zähmetiň netijeliligini gowlandyrmagy üpjün edýär;
2. Psihofiziologik wezipe. Bu zähmet prosesinde adamyň saglygyny we işe ukyplylygyny saklamaklygy üpjün edýän amatly önümçilik şertlerini döretmekden ybaratdyr.
3. Sosial wezipe. Bu zähmet prosesinde ýüze çykýan sosial hadysalary düzgünleşdirmekden, zähmeti adamyň ilkinji durmuş islegine öwürmekden ybaratdyr.

Zähmetiň ylmy guralyşynyň esasy ugurlary şu aşakdakylardan ybarat:

1. Zähmetiň bölünşiginiň we birleşmeginiň netijeli görnüslerini işläp taýýarlamak we önümçilige ornaşdyrmak;
2. Kadrlary seçip almak, taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmagy guramagy gowlandyrmak;
3. Iş ýerine hyzmat etmegi we guramagy kämilleşdirmek;
4. Öňdebaryjy zähmet usullaryny we ýörelgelerini ornaşdyrmak, zähmet prosesini kämilleşdirmek;
5. Zähmetiň kadalaşdyrylyşyny kämilleşdirmek;

6. Maddy we ruhy höweslendirmegiň netijeli usullaryny we görnüşlerini ornaşdyrmak;
7. Zähmetiň şertlerini gowlandyrmak;
8. Zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmak;

Zähmeti guramaklyk işçi güýjiniň netijeli peýdalanmagyny üpjün edýän çäreleriň toplumyndan ybaratdyr. Başgaça, olara zähmeti guramagyň bölekleri diýilýär. Zähmeti guramagyň bölekleri şu aşakdakylardan durýar:

1. Zähmet bölünşigi we birleşmegi;
2. Zähmet haky we zähmeti kadalaşdyrmak;
3. Işgärleri taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak;
4. Zähmet düzgün-nyzamy;
5. Iş ýerlerini guramak we olara hyzmat etmek;
6. Zähmet şertleri we zähmeti goramak.

Zähmet bölünşigi we birleşmegi ony guramagyň esasyny düzýär. Olar her bir işgäriň zähmet prosesindäki ornyny, onuň funksiýasyny, borçlaryny, şeýle hem, zähmetiň hiline we işgärleriň hünärine bolan talaplaryny kesgitleýärler. Bu bölek zähmet prosesiniň oňaýly geçmegini üpjün edýän tehniki we tehnologiki serişdelere baglydyr. Sebäbi, olar zähmet bölünşiginiň esasyny emele getirýärler we dürli önümçilik prosesleriniň böleklere bölünmegiň ýa-da birleşmeginiň ususllaryny ýüze çykarýar. Şeýle-de, işi ýerine ýetirmegiň yzygiderlikde alynyp barylmagyna getirýär. Tehnikanyň we önümçilik tehnologiýasynyň kämilleşmegi bilen işgärleriň hünärlerine bolan talaplar artýar. Şu sebäbli, işgärleri taýýarlamak zähmeti guramagyň esasy bölekleriniň biri bolup durýar. Zähmeti guramaklyk diňe belli bir kärdäki we hünärli adamlaryň önümçilik üçin zerur bolan sanyny kesgitlemek bilen çäklenmän, eýsem, olary önümçilikde ýerleşdirmek, ýerine ýetirýän işleriniň wagtynda edilmegini gazanmak ýaly çäreleri öz içine alýar. Şeýlelik-de, zähmet düzgün-nyzamy zähmeti guramakda ähmiýetli bolekleriň biridir.

Zähmet şertlerini we goraglylygyny guramak ylmy zähmetiň ykdysadyýeti, zähmet proseslerini kadalaşdyrmak, zähmetiň sosiologiýasy, zähmetiň gigiýenasy, fiziologiýasy, psihologiýasy, ergonomika, pudaklaýyn ykdysady ylymlar we ş.m. arabaglanyşyklydyr.

Önümçilik amallary we prosesleri diňe bir hil taýdan häsiýetlendirilmän, eýsem, möçber taýdan hem häsiýetlendirilýär. Ol zähmet prosesiniň ýa-da amalynyň wagtyny kesgitlemekden ybaratdyr. Bu funksiýany, esasanam, zähmet proseslerini kadalaşdyrmak ýerine ýetirýär. Zähmet proseslerini kadalaşlaşdyrmak, bir tarapdan, her bir amaly ýerine ýetirmek üçin gerek bolan wagty kesgitleýär, beýleki tarapdan, şonuň esasynda, belli bir önümçilik maksady üçin zerur bolan işgärleriň sanyny kesgitleýär we işgärleriň arasynda zähmet funksiýalarynyň paýlanylmagyny üpjün edýär. Işgärler tarapyndan öz borçlaryny ýerine ýetirmekde az zähmeti we serişdeleri sarp edip, ýokary netijeler gazanmak iş ýeriniň guramaçylygy we olary beýleki işgärleriň arasynda ýaýratmak bilen üpjün edilýär. Bu çäreler zähmete hak tölemegiň we ruhy taýdan höweslendirmegiň netijeli görnüşlerini saýlamak arkaly ýerine ýetirilýär.

Toparlaýyn zähmetiň giňden ýaýran görnüşi önümçilik toparydyr. Munda zähmetiň birleşmegi anyk ýüze çykýar. Sebäbi, toparyň agzalarynyň işi özara baglanşykly bolýar we zähmetiň netijesi üçin deň derejede jogapkärçilik çekýärler. Zähmeti guramagyň toparlaýyn görnüşi zähmetiň manylylygyny ýokarlandyrmaga, işçiniň hünäriniň ýokarlanmagyna, iş wagtyny netijeli peýdalanmaga, zähmet öndürjiligini we önümiň hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Önümçilik toparlary birnäçe görnüşlerde bolýar.

Toparyň agzalary tarapyndan ýerine ýetirilýän tehnologik amallalaryň meňzeşligi boýunça ýöriteleşdirilen we toplumlaýyn bolýar.

Ýöriteleşdirilen toparyň düzümini birmeňzeş tehnologiki prosesi ýerine ýetirýän bir hünärli işçiler düzýär. Mysal üçin, tokarlar, agaç ussalary, suwagçylar we ş.m.

Toplumlaýyn toparyň düzümini özara bagly, emma tehnologik taýdan dürli bolan işleri ýerine ýetirýän dürli hünärli işçiler düzýär.

Zähmet bölünşiginiň derejesi boýunça toplumlaýyn toparlaryň 3 görnüşini tapawutlandyrýarlar:

1. Doly zähmet bölünşikli;
2. Bölekleýin zähmet bölünşikli;
3. Zähmet bölünişiksiz.

Önümçilik aýlanyşygynyň dowamlylygy boýunça ýöriteleşdirilen we toplumlaýyn toparlar sutkalaýyn we çalşyklaýyn bolup biler.

Çalşyklaýyn toparlar önümçilik aýlanyşygynyň dowamlylygy işçi çalşygynyň dowamlylygyna deň ýa-da ondan az bolan mahalynda döredilýär.

Sutkalaýyn toparlara şol bir enjamlarda dürli çalşyklarda işleýän işçiler girýär. Toparlara ýolbaşçylyk gös-göni brigadirler tarapyndan amala aşyrylýar. Toparyň önümçilik işindäki möhüm meseleleri bilelikde çözmek maksady bilen toparlarda hemişelik hereket edýän gurama bolan topar maslahaty döredilýär.

Toparyň maslahatynyň esasy wezipesi topary önümçilik tabşyryklaryny üstünlikli ýerine ýetirmäge gönükdirmek, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, işe döredijilikli çemeleşmäge işçileri höweslendirmek bolup durýar.

Toparyň maslahatynyň esasy funksiýasy öňdebaryjy zähmet usullaryny öwrenmekden we ýaýratmakdan, rasionalizatorçylyk teklipleri öz wagtynda önümçilige ornaşdyrmakdan ybaratdyr.

Toparyň maslahatynyň toparyň agzalarynyň aýlyk hakyny kesgitlemäge, zähmete gatnaşyk koeffisientini (ZGK) kesgitlemäge hukugy bardyr.

Toparlar hojalyk hasaplaşygynda we potratçylyk usulynda işläp bilýärler. Hojalyk hasaplaşygyndaky toparlaryň işi aşakdaky ýörelgelerden ugur alnyp guralýar:

1. Öz-özüňi ödemek;
2. Hojalyk- operatiw özbaşdaklygy;
3. Maddy taýdan höweslendirmek;
4. Maddy jogapkärçilik;

5. Öz-özüňi maliýeleşdirmek.

Topar potratçylygy şertnamasy administrasiýa bilen toparyň arasynda baglaşylýar.

## XX-bap. Zähmet prosesi we ony guramagyň esaslary

Zähmet prosesi-bu adamyň nerw we fiziki energiýasyny sarp edip, belli bir işi ýerine ýetirmek ýa-da önüm öndürmek maksady bilen zähmet predmetlerine täsir etmek prosesidir.

Tehnikanyň, tehnologiýanyň ösmegi netijesinde zähmet prosesinde düýpli özgerlişikler bolup geçýär:

1. Adamyň zähmet predmetlerine gös-göni fiziki täsir etmesi azalýar, gözegçilik, dolandyryş we barlag funksiýalary agdyklyk edip başlaýar;
2. Hasaplaýyş funksiýalarynyň we akyl zähmetiniň göwrümi, işgärleriň bilim derejesine talaplar artýar;
3. Aýry-aýry zähmet prosesini ýerine ýetirijileriň bölünşigi aradan aýrylýar, zähmet prosesinde özara kömek, özara çalyşyp bilijilik uly orun tutýar.

Önümçilik prosesinde zähmet predmetine tebigy faktorlar (tebigy guramak, himiki prosesler, deri eýlenişi we ş.m. ) hem täsir edýär. Belli bir önümi öndürmeklige gönükdirilen özara baglanyşykly zähmet we tebigy prosesleriniň köplügine önümçilik prosesi diýilýär.

Önümçilik prosesleri tehnologik, daşamak, taýýar önümi synag etmek, önümiň hilini barlamak proseslerinden durýar.

Tehnologik proses-bu zähmet predmetiniň düzüminiň, daşky görnüşiniň, fiziki-himiki häsiýetiniň üýtgemegi we ş.m.

Daşamak prosesiniň esasy maksady zähmet predmetini öz wagtynda işlenilip bejeriljek ýerine getirmekdir.

Taýýar önümi synag etmek prosesiniň esasy mazmuny önümiň zerur bolan san we hil ölçeglerine gabat gelşini kesgitlemekden ybaratdyr. Bu prosesleriň hemmesi özara baglanyşyklydyr we adamyň gös-göni gatnaşmagynda ýerine ýetirilýär. Zähmet prosesiniň esasy bölegi bolup önümçilik amaly

çykyş edýär. Önümçilik amaly diýip, işgäriň ýa-da işgärler toparynyň şol bir iş ýerinde zähmet predmetini üýtgetmek boýunça işiniň gutarnykly aýlawyna aýdylýar.

Zähmet usuly-bu zähmet tilsimleriniň we amallarynyň düzümini, ýerine ýetiriliş yzygiderliligini häsiýetlendirýän zähmet prosesleriniň amala aşyrylyş usulydyr. Zähmet usulyny öwrenmek üçin amallar birnäçe ownuk böleklere bölünýär. Mysal üçin, zähmet tilsimi, hereketi we ş.m.

Zähmet tilsimi-bu üznüksiz amalyň belli bir bölegini ýerine ýetirmek makasady bilen özara baglanşykly amala aşyrylýan zähmet hereketleriniň gutarnykly köplügidir. Mysal üçin, detaly patrona dakmak aşakdaky zähmet hereketinden durýar: “detaly almak”, “patrona dakmak”, “açar bilen berkitmek”.

Zähmet hereketi diýip, zähmet tilsiminiň belli bir bölegini ýerine ýetirmek üçin adamyň bir ýa-da birnäçe iş organlary tarapyndan ýerie ýetirýän zähmet hereketleriniň toparyna aýdylýar. Mysal üçin, “süýşüjiniň hereketini goşmak”, “eliňi goşujy ryçaga ýetirmek”, “ryçagyň sapyny tutmak”, “ryçaga basmak”. Iň ýönekeý, bölünmeýän zähmet prosesiniň bölegi-bu zähmet hereketidir. Zähmet hereketi-diýip, zähmet hereketi ýerine ýetirilýän wagtynda adam organlarynyň, ýagny, barmagynyň, eliniň, aýagynyň, göwresiniň, kellesiniň şol bir ýagdaýdan bir gezekli üýtgemegine düşünilýär.

Zähmet prosesini guramaklyga birnäçe talaplar bildirilýär. Ykdysady talaplar hemme zähmet prosesinde iş wagtynyň sarp edilişini azaltmaklyga gönükdirilendir. Olara şu aşakdakylar degişli:

1. Zähmetiň tehniki ýaraglanyşygyny ýokarlandyrmak;
2. Iş ýerini guramak we enjamlary doly peýdalanmak;
3. Has amatly tehnologiýany saýlap almak;
4. Iş wagtynyň artykmaç sarp edilişini aradan aýyrmak;
5. Işiň depginini düzgünleşdirmek.

Psihofiziologik talaplar bu işçiniň fiziki we nerw energiýasynyň sarp edilişini azaltmagy kesgitleýär:

1. Zähmetiň we dynç alyşynyň rasional düzgünlerini girizmek;

2. Maglumatlaryň göwrümini gysgaltmak;
3. Nerw dartgynlylygyny azaltmak;

Sosial talaplar ýerine ýetirjiniň işe ukyplylygy we döredijilik işjeňligi bilen kesgitlenilýär:

1. Işçiniň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak;
2. Zähmetiň manylylygyny ýokarlandyrmak;
3. Önümçiligiň gerimini giňeltmek;
4. Zähmetkeşleriň döredijilik işjeňligini ýokarlandyrmak.

Her bir işi ýerine ýetirmek üçin adamyň energiýasynyň we iş wagtynyň iň az sarp edilişi zähmet prosesleriniň guralyşynyň we taslanylyşynyň esasy görkezijileri bolup durýar.

## XXI-bap. Iş ýerini guramak, hyzmat etmek we önümçilikde amatly zähmet şertlerini döretmek

Iş ýeri-bu ýerine ýetirijä ýa-da ýerine ýetirijiler toparyna gerek bolan tehniki, kömekçi enjamlar, dürli inwentarlar bilen abzallaşdyrylan önümçilik meýdanynyň bir bölegidir. Zähmet prosesiniň özi bolsa önümçilik meýdanynyň kesgitli böleginde, ýagny iş zolagynda bolup geçýär.

Iş zolagy diýip, işçiniň zähmet hereketlerini kadaly ýerine ýetirip boljak 3 ölçegli meýdanyna düşünilýär. Şeýlelikde, iş zolagy-bu iş ýeriniň iň işjeň, ýagny zähmet serişdesiniň, predmetiniň we işçi güýjüniň jemlenýän bölegidir.

Iş ýerini abzallaşdyrmak-bu ýokary öndürijilikli iş üçin ony zerur bolan ähli zatlar bilen üpjün etmekdir. Senagat kärhanalarynda iş ýerinde abzallaşdyrmaklygyň aşakdaky görnüşleri bolýar:

1. 1. Esasy tehnologiki enjamlar: stanoklar, maşynlar, awtomatik liniýalar, agregatlar, dolandyryş pultlary we ş.m.;
2. Kömekçi enjamlar: ýygnaýjylar, kebşirleýjiler, daşaýyjylar, göteriji enjamlar, synag diwar gazetleri we ş.m.
3. Tehnologik enjamlar: gurallar (kesiji, ölçeýji), tehnologik resminamalar;

4. Guramaçylyk enjamlar:

- Gurallary saklamak we ýerleşdirmek üçin serişdeler (iş stoly, tekje, şkaf we ş.m.);
- Taýýar önüm, ýarym fabrikatlar, gallyndylar üçin önümçilik gaplary (konteýner, gutular we ş.m.);
- Önümçilik mebeli (stul, kreslo, aşagyna goýulýan stol we ş.m.);
- Resminamalary saklamak we ýerleşdirmek üçin serişdeler (planşet, aşagyna goýulýan stol, bukja, kronşteýin we ş.m.);
- Aragatnaşyk we gorag serişdeleri;
- Ýagtylandyryş serişdeleri;

Iş ýeriniň tehnologik abzallaşdyrylyşynyň derejesi $\mathbf{K_{abz}}$ bilen häsiýetlendirilýär.

$$\mathbf{K_{abz}} = \frac{\sum \mathbf{P}}{\sum \mathbf{P_1}}$$

bu ýerde,
$\sum$**P**-enjamlary ulanmak bilen ýerine ýetirilýän önümçilik amallaryndaky tilsimleriň sany;
$\sum \mathbf{P_1}$- önümçilik amallarynda tilsimleriň umumy sany;

Iş ýerine hyzmat etmek-bu önümçiligiň netijeli we gyşarnyksyz işlemegine gönükdirilen, önümçilik prosesiniň işjeň düzüm bölegidir.

Önümçiligiň mumkinçiliklerini doly ulanmaklyk üçin kärhananyň hemme bölekleri kämilleşdirilmelidir. Şeýle bolansoň, önümçilikde ýokary ykdysady görkezjilere ýetmek üçin iş ýerini meýilnamalaşdyrmak hem-de gerekli maglumatlar bilen öz wagtynda üpjün etmek zerurdyr. Şonuň üçin iş ýerine hyzmat etmek önümçilik prosesiniň esasy bolup durýar. Bu, esasan hem, kärhanada iş ýerine hyzmat etmegiň guralşyna bagly bolup durýar. Iş wagtynyň ýitgisi (50-70%), ilkinji nobatda, iş ýeriniň pes derejede guralmagy netijesinde bolýar. Seýle hem, iş wagtynyň ýitgisi önümçilige hyzmat edilşine-de baglydyr. Diýmek, iş wagtyny doly ulanmaklyk işi netijeli guramaklygy we hyzmat

etmegi kämilleşdirmekligi talap edýär. Ylmy-tehniki progressiň ösmegi bilen kärhanalarda hyzmat ediş funksiýalary artýar. Kärhanada hyzmat ediş funksiýalary şular ýaly bolup biler:

1. Merkezleşdirilen hyzmat ediş funksiýalary bir toplumda bolýar. (abatlaýjylar, daşaýjylar, elektrik bilen üpçün edijiler we ş.m.);
2. Merkezleşdirilmedik funksiýalara kärhananyň içinde iş gidýän wagty edilýän hyzmatlar degişlidir. Munda esasy hem-de kömekçi işçiler hyzmat etmegi ýerine ýetirýär;
3. Garyşyk görnüşinde hyzmat ediş funksiýasy gezekleşdirilen görnüşde bolýar. ýagny, bir ýagdaýda merkezleşdirlen hyzmat ediş peýdalanylsa, beýleki ýagdaýda merkezleşdirilmedik hyzmat ediş ulgamy ulanylýar;

Iş ýerine hyzmat etmegiň şu aşakdaky görnüşleri bolýar:

1. Nobatçylyk görnüşinde hyzmat etmek. Munda hyzmat etmek diňe önümçiligiň bir görnüşde peýdalanylýar we gerek bolan halatynda hyzmat ediji iş ýerine çagyrylýar.
2. Meýilnamaly-duýdurjy görnüşinde hyzmat etmek. Bu görnüş seriýalaýyn önümçilikde ulanylýar we ýörite düzülen meýilnama, tertip boýunça geçirilýär.
3. Standart görnüşinde hyzmat etmek. Bu görnüş yzygiderli we standart tertip boýunça hem-de uzak wagtlaýyn hyzmat edilende ulanylýar.

Kärhanada hyzmat etmegiň derejesini kesgitlemek üçin iş ýerine hyzmat etmek koeffisenti peýdalanylýar. Ol aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$\mathbf{K_h = \frac{PM_p}{PM}}$$

bu ýerde,

**PM$_p$** – esasy işçileriň iş ýeriniň we getirilýän detallaryň, gurallaryň we tehniki resminamalaryň sany;

**PM-**esasy işçileriň iş ýeriniň umumy sany.

Iş ýerine hyzmat etmegiň derejesini kömekçi işçileriň sany bilen kesgitlemek mümkin. Ol aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$K_h = 1\ \frac{S_k}{S_u}$$

bu ýerde,
$S_k$ –kömekçi işçileriň sany;
$S_u$ –şehde umumy işçileriň sany.

Iş ýerini guramagyň derejesi aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$K_{ig}^2 = \underline{N_{tip}}$$

bu ýerde,
$N_b$– birmeňzeş taslama laýyk gelýän iş ýerleriniň sany.
$N_u$ –iş ýeriniň umumy sany.

Zähmet şertleri diýip, zähmet prosesinde adamyň işe ukyplylygyna we saglygyna täsir edýän önümçilik gurşawynyň faktorlarynyň köpligine aýdylýar. Olara, esasan, aşakdakylar degişlidir:

1. Psihofiziologik faktorlar. Bu zähmet işiniň hakyky mazmuny, zähmetiň häsiýeti bilen kesgitlenilýär. Olara fiziki, nerw-psihiki agram, monotonlylyk, zähmetiň depgini degişlidir.
2. 2. Sanitar-gigienki faktorlar. Bu daşky önümçilik gurşaw ( mikrokilimat , howanyň ýagdaýy, galmagal, şöhlelenmek, ýagtylyk we ş.m.) hem-de önümçilikde sanitar-arassaçylyk hyzmatlaryň derejesi bilen kesgitlenilýär.
3. Estetiki faktorlar. Bu işgärlerde oňyn psihologik ýagdaýy emele getirmegi, iş ýeriniň bezelmegi we ş.m. ýagdaýlary aňladýar.
4. 4. Sosial-psihologik faktorlar. Bu kollektiwiň jebisligi, kollektiwdäki sosial- psihologik kilimat we ş.m. bilen kesgitlenilýär.

Zähmetiň agyrlygy diýip, önümçilik şertlerinde ýüze çykýan güýjiň (fiziki, nerw-emosional, akyl) täsiri astynda organizmiň dürli funksiýalarynyň gartgynlylygyna düşünilýär.

Isiň şerti we onuň adam organizmine we işe ukyplylygyna täsiri boýunça zähmetiň agyrlyk derejesini 6 bölege bölýärler:

**I-dereje.** Muňa has amatly zähmet şertlerindäki ýerine ýetirilýän işler degişlidir we onda adam organizmi has kadaly işleýär,ýadawlylyk iş çalşygynyň ýa-da hepdesiniň ahyrynda has ujypsyz bolýar;

**II-dereje.** Muňa amatly şertlerindäki ýerine ýetirilýän işler degişlidir. Iş döwrüniň ahyryna çenli sagdyn işçilerde işe ukyplylyk onçakly bozulmaýar;

**III-dereje.** Bu derejedäki zähmet onçakly amatly däl, ýöne rugsat bererlidir. Munda birnäçe görkezijileri bozulyp başlaýar. Esasanam, önümçilik tabşyryklaryny ýerine ýetirýän döwründe we iş gününiň ahyryna çenli merkezi nerw ulgamynyň işi ýaramazlaşýar hem-de önümçilik görkezijileri ýaramazlaşýar;

**IV-dereje.** Bu derejedäki işe amatsyz zähmet şertlerinde ýerine ýetirilýän işler degişlidir. Fiziologik görkezijiler ýaramazlaşyar, hünär kesellemeleri üçin şertler döreýär, önümçilik şikesiniň ýagdaýlary ýygylaşýar;

**V-dereje.** Muňa has amatsyz zähmet şertlerinde ýerine ýetirilýän işler degişlidir.

Bu ýagdaýda has sagdyn adamlarda hem funksional ýetmezçilikler duýulýar, merkezi nerw ulgamynyň reaksiýalary bolup geçýar, işe ukyplylygyň görkezijileri bitertip (haotik) bolýar;

**VI-dereje.** Muňa aýratyn amatsyz şertlerde ýerine ýetirilýän işler degişlidir. Bu işde adamyň ähli organlarynyň, şol sanda ýüreginiň hem işi bozulýar.

“Işiň agyrlygy”-“zähmetiň şerti”- “dynç alyşyň we zähmetiň düzgüni” ulgamy göni we garşylyklaýyn arabaglanyşyklydyr. Zähmetiň we dynç alyşyň amatly düzgünini ornaşdyrmak bilen işgärleriň zähmet şertlerini gowulandyrmak mümkin we ol hem öz gezeginde işiň agyrlygyna täsir edýär.

Zähmetiň we dynç alyşyň düzgünleri aşakdakylar ýaly bolup biler:

1. Calşygyň içindäki;
2. Sutkalaýyn;

3. Hepdelik;
4. Ýyllyk;

Çalşygyň içinde zähmetiň we dynç alyşyň tertibini taslamak işjeňliligiň ýokary derejesini saklamaga gönükdirilendir. Çalşygyň içinde zähmetiň we dynç alyşyň tertibi esaslandyrlanda kesgitlenen iş gününiň dowamlylygyndan ugur alynýar, ýagny, çalşygyň dowamynda arakesmeleleriň sany, olaryň dowamlylygy we mazmunyny kesgitlenilýär. Mikropauzalar görnüşindäki gysga wagtlaýyn arakesmeler adamyň üýtgäp durýan ýagdaýyny sazlaýjylar bolup çykyş edýär.

Mikropauzalar diýip, amallaryň bölekleriniň arasynda gysga wagtlaýyn öz-özünden döreýän arakesmelere düşünilýär. Ähli arakesmeler iş wagtynyň dowamynda 2 görnüşe bölünýär:
1. Günortanlyk nahara arakesme;
2. Iş çalşygynyň dowamynda dynç alşyň arakesmeleri.

Zähmetiň we dynç alyşyň tertibiniň netijeliligi mazmunyna we ähmiýetine baglylykda şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:
1. Passiw dynç alyş- bu dik durup ýa-da hereketde ýerine ýetirilýän, agyr, fiziki işler bilen meşgullanylýan işlerde bolup geçýär.
2. Aktiw dynç alyş-bu akyl zähmeti bilen meşgullanýanlara degişlidir.(gimnastika)

Zähmetiň agyrlyk derejesiniň doly we deňagramly bolmagyna zähmetiň intensiwlik we mehanizleşdiriliş derejeleri uly täsir edýär. Zähmetiň intensiwlik derejesini hasaplamak üçin zähmetiň intensiwlik koeffisienti ulanylýar. Ol aşakdaky ýaly hasaplanýar:

$$\mathbf{K_i = \frac{T_{Nc} \times m + T_{Np}}{T_p}}$$

**$T_{Nc}$** - potratçy işçileriň normatiw wagty;
**m** - ylmy taýdan esaslandyrylan zähmet normasy;
**$T_{Np}$** – döwürleýin ýa-da sagatlaýyn tölenýän işçileriň normatiw wagty;

$T_p$ - rasional ulanylan wagt;

Öz gezeginde rasional ulanylan wagt aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$T_p = T-(T_1+ T_2+ T_3+ T_4)$$

T –işi ýerine ýetirmäge gerek bolan iş wagtynyň fondy;
$T_1$ –işgäriň günäsi bilen işe çykmanlygy sebäpli ýitirlen wagt;
$T_2$ –administrasiýanyň rugsady bilen işe çykmanlygy sebäpli ýitirlen wagt;
$T_3$ –boş durmagy sebäpli bir günde ýitirlen wagt;
$T_4$ –başga işleri ýerine ýetirmek üçin berlen wagt.

Işçileriň zähmetiniň mehanizmleşdiriliş derejesi onuň koeffisienti bilen hasaplanylýar. Ol aşakdaky formulanyň esasynda tapylýar:

$K_m^2 = \frac{Ç_m}{Ç_o}$ – **Ç$_m$** mehanizleşdirilen zähmet bilen işleýänleriň sany.

**Ç$_o$** - umumy işçileriň sany (esasy we kömekçi işçiler degişli).

## XXII-bap. Zähmet bölünşigi we birleşmegi

Zähmet bölünişigi we birleşmegi diýip, bir derejede zähmetiň guralyşynyň görnüşini kesgitleýän önümçiligiň faktorlaryna aýdylýar. Zähmet bölünşigi diýip, bilelikdäki zähmet prosesinde adamyň işiniň aýratynlygyna düşünilýär.

Jemgyýetçilik zähmet bölünşigi jemgyýetiň ösmeginiň esasy alamatlarynyň biri bolup durýar.

Jemgyýetçilik zähmet bölünişigi kärhanalaryň tehniki binýadyna we üpjünçiligine baglydyr. Şeýle hem, önümçilikde aýry-aýry bolümleriň ýöriteleşdirilmegi ýokary derejeli tehnologiýalary ulanmaga ýardam berýär.

Jemgyýetçilik zähmet bölünşiginiň aşakdyky görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

1. Umumy jemgyýetçilik zähmet bölünşigi;
2. Hususy jemgyýetçilik zähmet bölünişigi;
3. Aýratyn jemgyýetçilik zähmet bölünişigi;

Umumy jemgyýetçilik zähmet bölünşigine halk hojalygynyň iri pudaklara bölünmegi mysal bolup biler (senagat, oba hojalygy, ulag we aragatnaşyk, söwda, hyzmatlar we ş.m.).

Hususy jemgyýetçilik zähmet bölünişigi bir pudagyň içindäki zähmet bölünşigini aňladýar. Mysal üçin, senagat pudagy nebit we gaz, himiýa, dokma, azyk, elektroenergetika we ş.m. pudaklara bölünýär.

Aýratyn jemgyýetçilik zähmet bölünişigine kärhananyň, şehleriň we bölümleriň içindäki zähmet bölünişigi degişli bolýar.

Kärhanada zähmet bölünişigi-bu bir wagtyň dowamynda her dürli işleriň ýerine ýetirilmeginiň hasabyna önümçilik çäklerini gysgaltmak maksady bilen bölek zähmet prosesleriniň tapawutlanmagydyr.

Kärhanada zahmet bölünişiginiň esasy görnüşleri şulardan ybarat:

1. Tehnologiki zähmet bölünişigi;
2. Funksional zähmet bölünişigi;
3. Kär boýunça zähmet bölünişigi;

Tehnologik zähmet bölünişigi kärhananyň önümçiliginde ulanylýan tehnologiýalar bilen baglanyşyklydyr. Tehnologiki zähmet bölünişigi öz gezeginde amallaýyn we predmetleýin bolýar.

Kär boýunça bölünişigi diýilip, dürli kärdäki işgärleriň birmeňzeş däl, çylşyrymly işleri ýerine ýetirmegine düşünilýär. Onda işçileriň kär derejesi we iş başarjaňlygy göz öňünde tutulýar.




Zähmetiň birleşmegi diýip, meňzeş ýa-da dürli, emma özara baglanşykly zähmet prosesinde işgärleriň bile we meýilnamaly gatnaşmak maksady bilen birleşmegine düşünilýär. Zähmetiň birleşmeginiň esasy wezipesi-aýry-aýry işgärleriň ýa-da

dürli zähmet funksiýalaryny ýerine ýetirýän işgärler toparlarynyň özara ýokary sazlaşygyny üpjün etmekdir.

Zähmetiň birleşmegi aşakdaky gornüşlerde bolýar:

1. Sehara zähmetiň birleşmegi kärhananyň sehlere bölünmegini aňladýar.
2. Sehiň içindäki zähmetiň birleşmegi sehleriň bölümlere bölünmegini aňladýar.
3. Bölümiň içinde zähmetiň birleşmegi bolümiň aýry-aýry toparara bolunmegini aňladýar.
4. Toparyň içinde zähmetiň birleşmegi toparyň agzalarynyň zähmetiniň aýratynlyklary bilen kesgitlenilýär.

Zähmet bölünişiginiň we birleşmeginiň çäklerini hem tapawutlandyrýarlar. Olar aşakdaky ýalydyr:

1. Ykdysady çäkler;
2. Psihologiki çäkler;
3. Sosial çäkler;

Zähmet bölünişiginiň we birleşmeginiň ykdysady çäkleri onuň näderejede önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrylmaga, zähmet öndürijiligini ösdürmäge, önümçilik, maddy, zähmet resurslaryny has oňat peýdalanmaga mümkinçilik döredýänligi bilen kesgitlenilýär.

Netijeli zähmet bölünşigi aşakdaky ýagdaýda bolýar:

$$\frac{\mathbf{OP_2}}{\mathbf{F_2}} \geq \frac{\mathbf{OP}_1}{\mathbf{F_1}}$$

**OP**$_1$-zähmet bölünişiginiň dowam edýän operatiw wagty;
**OP$_2$**-zähmet bölünişiginiň taslama wagty;
**F$_1$** -iş wagtynyň häzirki fondy;
**F$_2$** -iş wagtynyň taslama fondy;

Eger-de, aşakdaky şertler ýerine ýetýän bolsa, onda zähmet bölünişigindäki işler maksadalaýyk diýilip hasap edilýär:

$$\frac{\sum \mathbf{OP_{p.r}}}{\mathbf{F_{p.r.}}} - \frac{\sum \mathbf{OP_{s.r}}}{\mathbf{F_{p.r.}}} \geq \mathbf{0}$$

bu ýerde,

$\sum OP_{s.r}$ -hereket edýän zähmet bölünişiginde operatiw wagtyň umumy iş wagty

$F_{p.r.}$ fondundaky paýy;

$\sum OP_{p.r}$ -taslanylýan zähmet bölünişiginde operatiw wagtyň umumy iş wagty

$F_{p.r.}$ fondundaky paýy;

Zähmet bölünişiginiň we birleşmeginiň psihofiziologik çäkleri adam organizminiň kadaly işlemegi üçin bar bolan şertler bilen kesgitlenilýär. Psihofiziologiki zähmet bölünişigiň we birleşmeginiň çäkleri umumy dynç alyş wagtyna baglydyr.

Zähmet bölünişiginiň we birleşmeginiň sosial çäkleri zähmet bölünişiginiň ýeterlik derejede manyly bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Munda işgärleriň hünär derejesiniň, başarnyklarynyň, ukyplarynyň ösmegi üçin döredilen şertler, fiziki we akyl zähmetiniň funksiýalarynyň utgaşmagy esasy talaplardyr.

Zähmet bölünişiginiň we birleşmeginiň çäkleriniň görkezjileri şularda ybarat:

1. Zähmet predmetine täsir etmek üçin operatiw wagtyň sarp edilişi;
2. Ulanmadyk wagtyň ululygy (boş durmak we ş.m.);
3. Aýry-aýry işgärler tarapyndan indiwidual iş wagtyny ulanmagyň derejesi;
4. 4. Işgärleriň öz hünärine laýyklykda esasy funksiýalary ýerine ýetirmeginiň derejesi;
5. Hünärli işçi toparlarynyň gatnaşmagy;
6. Işgärleri işiň çylşyrymlylyk derejesi we kär derejesi boýunça ulanmak;
7. Zähmet funksiýalary bilen işçiniň hünäriniň gabat gelmek derejesi;
8. Önümçilik amallarynyň düzüminde fiziki we akyl zähmetiniň funksiýalarynyň gabat gelmek derejesi;
9. Işgäriň işden kanagatlanmak derejesi.

# XXIII-bap. Zähmeti taslamagyň usullary we tilsimleri

Zähmetiň usuly-bu bellenen işleri ýerine ýetirmegiň tilsimleridir. Zähmet tilsimi-bu önümçilik amalynyň bir bölegi bolup, bellenen işi tamamlamaga ýardam edýär. Zähmet prosesinde öndebaryjy tilsimleri ulanmak işi ýerine ýetirmek üçin az sanly hereket bilen işçiniň az mukdarda energiýa sarp etmegini aňladýar. Zähmet usullarynyň progressiw görkezijileri hököminde önümi çykarmaga sarp edilen wagt, işiň hili, enjamlara seredilşi, çig mallaryň, elektroenergiýanyň sarp edilşi, işgäriň fiziki, nerw we akyl dartgynlylygyny azaldylyşy, işgärlere amatly zähmet şertleriniň döredilişi çykyş edýär.

Kämil zähmet usullaryny we tilsimlerini ulanmaklyk aşakdaky ýagdaýlary göz öňünde tutýar:

1. Öňdebaryjy zähmet usullarynyň we tilsimleriniň tejribelerini işgärlere doly ýetirmek;
2. Hereket edýän tehnikanyň we tehnologiýanyň kömegi bilen zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmak;
3. Täze usullaryň esasynda işçileriň kär derejesini ýokarlandyrmak;
4. Zähmet prosesine gerek bolmadyk tilsimleri aradan aýyrmak bilen işçileriň
5. zähmetini ýeňilleşdirmek;
6. Zähmetiň manylygyny ýokarlandyrmak.

Ýokarda agzalanlar zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmaga we zähmetiň şertlerini gowlandyrmaga mümkinçilik döredýär. Olary ýerine ýetirmek üçin umumy usuly gollanmalara salgylanylýar.

Önümçiligiň öňdebaryjylarynyň we oýlap tapyjylaryň zähmeti işgäriň hünär taýýarlygyny, zähmet medeniýetini, ykdysadyýetiň esaslaryny bilmekligini, önümçilikde zähmeti guramaklygy, tehnikany, tehnologiýany netijeli ulanyp bilmekligini, iş wagtyny netijeli peýdalanmagyny, iş ýerini dogry guramaklygyny, zähmet hereketini we tilsmlerini kämilleşdirmegini häsiýetlendirýär. Seýle hem, öndebaryjy işgäriň başarjaňlygy hem-de işe bolan höwesi esasy meseledir.

Zähmetiň öňdebaryjy usullaryny we tilsimlerini önümçilige ornaşdyrmak aşakdaky tapgyrlary öz içine alýar:

1. Zähmetiň öňdebaryjy usullary we tilsimleri bolan obýekti barlag üçin saýlap almak;
2. Barlagyň usuluny saýlap almak (hronemetraž, fotohronemetraž, fotografiýa, anketalaýyn sorag we ş.m.);
3. Netijeli usullary we tilsimleri seljermek;
4. Netijeli usullary we tilsimleri ornaşdyrmak.

Ýokarda agzalan tapgyrlar doly we dogry, yzygiderlilikde ýerine ýetirlende işçiler öňdebaryjy usullary we tilsimleri dogry ornaşdyryp bilerler we ol zähmet öndürjiliginiň ýokarlandyrmagyna ýardam berer.

Öňdebaryjy usullar we tilsimler önümçilige ornaşdyrylanda birnäçe işçileriň görkezen netijelerinden has ýokary netije saýlanyly alynýar. Aşakdaky tablisada onuň mysaly görkezilýär:

| **№** | **Amallar** | **Iş wagtynyň sarp edilişi (sekunt)** | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | **I-işçi** | **II-işçi** | **III- işçi** | **Ortaça** |
| 1 | Amalyň tilsimleri | 0,92 | 0,82 | 1,45 | 1,06 |
| 2 | Amalyň tilsimleri | 2,66 | 3,4 | 6,75 | 4,28 |
| 3 | Amalyň tilsimleri | 3,83 | 3,8 | 3,92 | 3,85 |
| 4 | Amalyň tilsimleri | 2,75 | 4,5 | 2,15 | 3,13 |
| | **Jemi** | **10,16** | **12,52** | **14,27** | **12,32** |

Ýokarda görkezilen tablisanyň esasynda, öňdebaryjy usullary we tilsimleri diňe bir işçiniň görkezen ýokary netijesi boýunça almak nädogry bolar. Şonuň üçin, her bir işçiniň degişli amallardaky tilsimlerde görkezen ýokary netijelerini hem hasaba almak gerek. Mysal üçin, birinji amalda ikinji işçiniň, üçünji amalda ikinji işçiniň we dördünji amalda üçinji işçiniň we dördünji amalda üçinji işçiniň görkezen netijeleri ýokarydyr we olary ornaşdyrmak maksada laýyk hasaplanylýar.

1) 0,82+2,66+3,8+2,15=9,42

Onda zähmet öndürjiligi aşakdaky ýaly bolýar:

$$ZÖ = \frac{12.32}{9,42} X 100 = 31\%$$

Ykdysady nazaryýetde we tejribede zähmetiň tilsimlerini we usullaryny kämilleşdirilmeginiň seljermesi aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

1. El bilen ýerine ýetirilýän önümçilik amallaryň böleklerini utgaşdyrmak;
2. Işdäki hereketleri tygşytly ýerine ýetirmegiň hasabyna kömekçi wagtyň sarp edilşini azaltmak;

Agzalan ýörelgeler esasynda seljerme geçirmek öňde baryjy usullary we tilsimleri netijeli ulanmga ýardam berýär.

Zähmetiň öňdebaryjy usullary we tilsimleri seljerilende olary ornaşdyrmagyň ykdysady netijeliligi, ornaşdyrylyş çäreleriniň özüni ödemegi, ornaşdyrylan usullaryň we tilsimleriň işgärleriň saglygyna we howupsyzlygyna täsiri göz öňünde tutmalydyr. Ol esasanam zähmet hakynyň fonduny tygşytlanylyşynyň görkezijisi arkaly hasaplanylýar. Onda aşakdaky formula ulanylýar:

$$E=SKI \times (T_{şt1} - T_{şt2}) – Z$$

**E** – zähmetiň öňdebaryjy usullarynyň we tilsimleriniň ornasdyrylmagy netijesinde zähmet haky fondunyň tygşytlanylyşy;

**S -** tarif stawka;

**K** – iş ýerinde işiň gaýtalanmagy;

**I** – amaly ýerine ýetirmek üçin işleýän işçileriň sany;

$T_{şt1}$ – zähmetiň öňdebaryjy usullarynyň we tilsimleriniň ornasdyrylmanka önüm birligine berilýän wagtyň normasy;

$T_{şt2}$ – zähmetiň öňdebaryjy usullarynyň we tilsimleriniň ornasdyrylandan soň önüm birligine berilýän wagtyň normasy;

**Z** – zähmetiň öňdebaryjy usullarynyň we tilsimleriniň ornasdyrylmagyna edilen çykdaýjy.

Zähmetiň öňdebaryjy usullaryny we tilsimlerini seljermek üçin geçirilýän amallaryň dowamlylygyny bilmeli. Zähmet

prosesinde barlaglary hronometražyň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

Ol, esasanam, üç tapgyrdan durýar:

1. Gözegçilige etmäge taýýarlyn;
2. Zähmete edilen harajatlara gözegçilik etmek hem olary ölçemek;
3. Alnan maglumatlary işläp taýýarlamak.

Barlaglaryň netijesinde alnan maglumatlar ulgamlaşdyrylyp, karta geçirilýär. Kartada her bir işçiniň işi ýerine ýetirmek üçin ulanan tilsiminiň wagty görkezilýär. Soňra alnan maglumatlar seljerilp, olardan iň netijeli hem-de az wagt sarp eden işçiniň tilsimi saýlanylyp alynýar.

**Netijeli çäreleri geçirmek üçin peýdalanmaly işler**

| 1 | $Z_{sp}$ | $B_{cm}$ | J | $K_1$ | $K_2$ | $A_2$ | $N_1$ | $N_2$ | $A_3$ | $M_1$ | $M_2$ |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 187 | 6 | 40 | 0.10 | 310 | 120 | 800 | 5 | 2 | 900 | 2 | 1 |
| 186 | 7 | 50 | 0.15 | 520 | 150 | 900 | 8 | 3 | 800 | 1 | - |
| 408 | 8 | 35 | 0.20 | 630 | 180 | 850 | 12 | 4 | 700 | 3 | 2 |
| 132 | 7 | 45 | 0.12 | 460 | 140 | 800 | 7 | 2 | 680 | 4 | 1 |
| 266 | 6 | 30 | 0.16 | 380 | 130 | 950 | 8 | 3 | 750 | 2 | - |
| 312 | 8 | 40 | 0.14 | 430 | 160 | 700 | 6 | 2 | 850 | 3 | 1 |
| 275 | 9 | 50 | 0.25 | 560 | 170 | 600 | 9 | 4 | 900 | 3 | - |
| 325 | 6 | 35 | 0.15 | 510 | 195 | 750 | 4 | 2 | 800 | 4 | 2 |
| 328 | 8 | 45 | 0.16 | 550 | 210 | 850 | 7 | 2 | 750 | 1 | 1 |
| 268 | 6 | 35 | 0.15 | 485 | 190 | 900 | 5 | 1 | 700 | 3 | - |

| Görnüş | $A_4$ | $F_1$ | $F_2$ | F | $B_{god}$ | N | $B_1$ | $B_2$ | C |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 620 | 31 | 12 | 0.3 | 12.000 | 30 | 0.20 | 0.10 | 0.14 |
| 2 | 700 | 52 | 15 | 0.2 | 15.000 | 35 | 0.25 | 0.15 | 0.5 |
| 3 | 850 | 63 | 18 | 0.4 | 10.500 | 40 | 0.35 | 0.20 | 0.6 |
| 4 | 680 | 46 | 14 | 0.3 | 13500 | 45 | 0.15 | 0.10 | 0.4 |
| 5 | 380 | 38 | 13 | 0.2 | 9.000 | 35 | 0.20 | 0.15 | 0.4 |
| 6 | 470 | 43 | 16 | 0.5 | 12.000 | 40 | 0.25 | 0.20 | 0.5 |

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 7 | 650 | 56 | 17 | 0.3 | 15.000 | 30 | 0.15 | 0.10 | 0.6 |
| 8 | 520 | 37 | 12 | 0.4 | 16.500 | 50 | 0.20 | 0.10 | 0.4 |
| 9 | 490 | 51 | 21 | 0.5 | 13.500 | 35 | 0.25 | 0.15 | 0.4 |
| 10 | 740 | 55 | 19 | 0.2 | 10.500 | 45 | 0.30 | 0.20 | 0.6 |

| Ç(çykdaýjy) | K |
|---|---|
| 4000 | 6.500 |
| 8000 | 20.600 |
| 9000 | 23.000 |
| 7000 | 21.000 |
| 6.600 | 16.600 |
| 3000 | 20.000 |
| 8000 | 30.100 |
| 6000 | 6.600 |
| 7000 | 13.300 |
| 9000 | 6.700 |

**1.** $$\mathbf{P_ş = A_1 (Z_{cp} + B_{cm} x J)(1 - \frac{K_2}{K_1}) + A_2(N_1 - N_2) + A_3(M_1 - M_2)}$$

bu ýerde,

**$P_ş$** – önumçilik şikesiniň azalmagy netijesinde tygşytlanan serişde;
**$A_1$** – çäreler geçirilmäkä bir ýylky iş wagtynyň ýitgisi;
**$Z_{cp}$** – bir işçiniň ortaça gündelik zähmet haky ;
**$B_{cm}$** – bir işçiniň çalyşygyň dowamnda öndüren önümi;
**J** – bir gün kesellemegiň netijesinde önümiň ýitgisi;
**$K_1$** – çäreler geçirilmänkä zähmete ukypsyzlyk koeffisienti;
**$K_2$** – çäreler geçirilenden soň zähmete ukypsyzlyk koeffisienti;
**$A_2$,$A_3$** –önümçilik awariýasynyň netijeinde kärhananyň ýitgisi;
**$N_1$** – çäreler geçirilmänkä önümçilik awariýasynyň netijeinde maýyp bolanlaryň sany;
**$N_2$** – çäreler geçirilenden soň önümçilik awariýasynyň netijeinde maýyp bolanlaryň sany;
**$M_1$** – çäreler geçirilmänkä ölen adamlaryň sany;
**$M_1$** – çäreler geçirilenden soň ölen adamlaryň sany;

$$P_{tp}=187(6+40x0,10)(1-\frac{120}{310})+800(5-2)+900(2-1)=187x10x0.6+2400+900=4422$$

$$2.\quad P_{zab} = A_4 \times B_{cm} \times J\left(1 - \frac{£_1}{£_2}\right) £$$

**$P_k$** - önümçilik keseliniň kemelmeginiň netijesinde tygşytlanan serişde;
**$A_4$** -umumy kesellemegiň netijesinde bir ýylky iş wagtynyň ýitgisi;
**$£_1$** -çäreler geçirilmänkä kesellemegiň netijesinde bir ýylky iş wagtynyň ýitgisi;
**$£_2$** - çäreler geçirilenden soň kesellemegiň netijesinde iş wagtynyň ýitgisi;
**£** - zähmetiň şertiniň pes bolmagy sebäpi kesellemegiň netijesinde iş wagtynyň ýitgisi;

$$P_k = 620x40x0,10\left(1-\frac{31}{12}\right)x0,3 = 2480\ (-106)x\ 0,3= -1190,4$$

$$3.\quad P_{mk}= B_{ýyl}xL\ xN\left(1-\frac{B_1}{B_2}\right)C; \qquad L = 0.083$$

**$P_{gg}$** –işgärleriň geldi-geçerliginiň azalmagy netijesinde tygşytlanan serişde;
**$B_ý$** –bir işçiniň ýyllyk öndürijiligi;
**L** –önümiň bir ýylky ýitgisi;
**N** – çäreler geçirilmänkä bir ýylda işden çykanlaryň sany;
**$B_1$** – çäreler geçirilmänkä geldi-geçerligiň koeffisienti;
**$B_2$** –çäreler geçirilenden soň geldi-geçrligiň koeffisienti;
**C** –zähmet şertleriniň ýaramazlygy sebäpli işden çykanlaryň koeffisienti;

$$P_{mk} = 12000x0.083x30\left(1 - \frac{0.20}{0.10}\right)x0.4 = 28880x\ (-1)x0.4 = -11952$$

$$4.\quad P = P_ş+P_k+ P_{gg}$$

**P** – umyumy alnan ykdysady netijeler;

$$P = 4422+(-1190,4) + (-11952) = -8320,4$$

**5. $Z = Ç+E_m \times K$ ;  $E_m$ = 0,8 normatiw koeffisienti**

**Z** – umumy harajatlar;
**Ç**– çäreleri geçirmek üçin bir ýylky harajatlar;
**K** – düýpli maýa goýumlar;

$$Z = 4000+0,8x6,500 = 9200$$

$$6.\quad E_g = P - Z$$

$E_g$ – bir ýylky ykdysady girdeýji;
**P** – alnan ykdysady netijeler;
**Z** – harajatlar;

$$E_g = -832004 - 9200 = -17520.4$$

$$7.\quad E_u = \frac{P}{Z}$$

$E_u$ – umumy ykdysady girdeýjilik;

$$E_u = \frac{8320,4}{9200} = -0,9$$

$$8.\quad E_k = \frac{P-C}{K}$$

$E_k$ – çärelere maýa goýmakdan alnan umumy ykdysady girdeýji;

$$E_k = \frac{8320.4 - 4000}{6500} = \frac{-12320.4}{6500} = -1.89$$

$$9.\ T = \frac{K}{P-C}$$

T – maýa goýumynyň özüni ödemeli wagty;

$$T = \frac{6500}{-8320.4-4000} = \frac{6500}{-12320.4} = -0.52$$

## XXIV-bap. Zähmeti guramagy we onuň derejesine baha bermegi seljermek

Zahmetiň dogry guralyşyny seljermek birnäçe meseleleri öňde goýýar:

1. Takyk maglumatlaryň esasynda kollektiwiň işini öwrenmek;
2. Alnan maglumatlaryň netijesini aýdyň seljermek, dogry we doly netijeleri çykarmak.

Agzalan meseleler doly çözülende zähmeti guramagyň hili ýokarlanýar. Zähmetiň guralyşy we olaryň bölekleri zähmeti guramagyň seljermesiniň predmeti bolup durýar.

Zähmetiň guralyşy seljerilende diňe bir faktor hasaba alynman, eýsem, täsir edýän ähli faktorlar toplumlaýyn seljerilýär.

Zähmeti guramagyň ykdysady seljerilişi şu wezipeleri öňde goýýar:

1. Psihologiki talaplaryň esasynda zähmet bölünişiginiň görnüşlerine baha bermek;
2. Işçileriň hünär-kär derejesi boýunça işiň paýlanylyşyny barlamak;
3. Iş wagtynyň ýitgileriniň olaryň sebäplerini ýüze çykarmak;
4. Zähmetiň guralyşynyň bellenen normatiwlere gabat gelişini seljermek;
5. Maddy we ruhy höweslendirmegiň netijeli görnüşlerini we usullaryny tapmak.

Ýokarda agzalan wezipeleri çözmek üçin seljeriş işini guramak hem-de olary belli bir yzygiderlikde ýerine ýetirmek zerurdyr. Zähmeti guramagyň seljermesi aşakdaky tapgyrlardan ybarat:

**I-tapgyr. Maglumatlary ýygnamak we olary işläp taýýarlamak.**

-ýörite geçirilen barlaglaryň netijesinde alnan maglumatlary we hasabat maglumatlary ýygnamak;

-alnan maglumatlary ilkinji gezek işläp taýýarlamak we olary tablisa geçirmek.

**II-tapgyr. Başlangyç maglumatlary seljermek.**

-seljeriş tablisalaryny işläp taýýarlamak;

-seljermäniň predmetiniň mazmunyna gabat gelýän faktorlaryň jemini barlamak.

**III-tapgyr. Seljermäniň netijesinde alnan maglmatlary umumylaşdyrmak, netije çykarmak we teklip bermek.**

-barlaglaryň netijesi boýunça umumy netije çykarmak;

-zähmeti guramagyň ýagdaýyna baha bermek;

-zähmeti guramagy kamilleşdirmek üçin çäreleri işläp taýýarlamak

Zähmetiň guralyşynyň seljermei şu aşakdaky görnüşlerde bolýar:

1. Gündelik seljerme;
2. Detallaýyn seljerme;

Gündelik seljerme zähmeti guramagyň görkezijilerini çalt hasaba almak we baha bermek üçin geçirilýär. :

Detallaýyn seljermek-bu her bir görkezijileri aýratynlykda seljermekdir. Zähmeti guramagyň seljermesiniň çeşmesi bolup barlaglaryň netijesinde alnan hasabat maglumatlary çykyş edýär. Olara "Zähmet boýunça meýilnama" ( 2-T, 9-T) we 9-T, "Zähmetiň ylmy guralşyny ornaşdyrmak" (19-T), "Işgärleriň hünär taýýarlygy we hünärini ýokarlandyrmak" (6-T), "Önüm öndürmek, wagt normalarynyň ýerine ýetirilşi we zähmet normalarynyň ýagdaýy" (4-T), "Howanyň gyzgynlygynyň, ýagtylanyşyň we galmagalyň derejesi baradaky ykrar haty", şeýle hem iş wagtynyň fotografiýasynyň netijesi degişlidir. Zähmetiň guralyşy seljerilende indeksleýin, deňeşdirme, toparlama we balans usullary ulanylýar.

Iş ýerini guramagyň esasy görkezijisi iş wagtynyň sarp edilişidir. Iş ýeriniň guralşyna baha berilende iş wagtynyň sarp edilişiniň düzümini öwrenmegiň netijesinde zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň mümkinçilikleri tapylýar. Sarp edilen iş wagty zähmet boýunça (belli bir işi ýerine ýetirmek) we işçilere (iş wagtynyň fondy, iş güni) bolan gatnaşyk bilen hasaplanylýar. Iş wagtynyň sarp edilişi ýokarda agzalan görnüşde hasaplanylsa, onda ol iş wagtynyň netijeli ulanylyşyny hemme taraplaýyn, ylmy taýdan öwrenmäge, zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga we iş wagty fonduny doly peýdalanmaga ýardam berýär.

Zähmet öndürijiliginiň ösüşine diňe iş wagty fondunyň ulanyş derejesi täsir etmän, eýsem, iş ýeriniň ylmy taýdan guralyşy hem täsir edýär. Şonuň üçinem, tejribede iş ýeriniň guralyşynyň derejesi iş wagty fondunyň ulanylyşy bilen arabaglanşykly bolýar. Şeýlelikde, iş ýeriniň guralşynyň üýtgemegi sarp edilen wagtyň netijeli derejesine täsir edýär. Iş wagtyny netijeli ulanmak aşakdakylary öz içine alýar:

1. Işi ýerine ýetirmeklige göni sarp edilýän wagt;
2. Işdäki hereketlere sarp edilýän wagt;
3. Dynç alyş wagtlary (tehnologiki we guramaçylyk arakesmeler);

4. Fiziologik we psihologiki talaplaryň gabat gelmegi.

Ýokarda agzalanlar doly we dogry berjaý kärhanada zähmetiň şertleri ýokarlanýar we zähmet öndürijiligi 2-7 % çenli ösüp bilýär.

**Zähmeti guramagyň bölekleri bilen sarp edilen iş wagtyň gatnaşygy**

| Zähmeti guramagyň bölekleri | Gündelik iş wagty fondy | | | | | | | Çalşygyň içindäki iş wagty fondy | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Işe gelen | Işe gelmedik | Gündelik boş durmak | Jemgyýetçilik işi ýerine ýetirýän | Ýolbaşçynyň rugsat bermegi | Kesel sebäpli işe gelmdeik | Zähmetiň şertleriniň ýaramazlygy seb-äpli rugsatda bolmak | Görnýän ýitgiler | Görünmeýän ýitgiler | Gerekmejek sarp edilmeler |
| 1. Zähmet bölünişigi | + | + | + | | | + | | + | + | + |
| 2. Iş ýerine hyzmat etmek | + | | + | | | + | | + | + | + |
| 3. Öňdebaryjy usullary girizmek | | | | | | | | + | + | + |
| 4. Işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak | | | | | | | | + | + | + |
| 5. Zähmet şertlerini gowulandyrmak | + | + | + | | | + | + | + | + | + |
| 6. Zähmet başarjaňlygy we zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmek | + | + | + | + | + | | | + | + | + |
| Zähmetiň | + | + | + | + | + | + | + | + | + | + |

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| guralşynyň derejesi | | | | | | | | | | | |
| Önüm öndürmäge sarp edilen wagt degişli däl | | | | | | | | | | | |

Önümçilik kärhanalarynda önümi öndürmek üçin belli bir işçileriň sany ýa-da iş wagty fondy peýdalanylýar. Munuň üçin kalendar iş wagty fondy düzülýär. Ol aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$\mathbf{F_k = IsDP}$$

$F_k$ –kalendar iş wagty fondy;
Is –işçileriň umumy sany;
D –kalendar iş gününiň sany;
P – iş gününiň dowamlylygy;

Umumy iş wagty fondy olaryň funksiýalara bölünişi bilen baglydyr. Belli bir işi ýerine ýetirmek üçin sarp edilýän wagt köpelmegi beýleki böleklere sarp edilýän wagtyň azalmagyna getirýär. Mysal üçin, işiň dowamynda ýitirilýän wagt, artykmaç sarp edilen wagt, işe gelmezlik we ş.m.

Zähmetiň guralyşynyň derejesini ölçemek üçin birnäçe görkezijilere salgylanylýar. Şol görkezijiler zähmetiň guralyşyna täsir edýän faktorlary we öwrenilýän alamatlaryň jemini öz içine alýar. Iş wagtynyň umumy fondunyň bölekleri 2 topara bölünýär:

1. Iş wagtyny öndürijilikli ulanmak;
2. Iş wagtyny öndürijilikli ulanmagyň mümkinçiliklerini gözlemek;

Zähmeti guramagyň derejesiniň umumy görkezijisi aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$\mathbf{U_o = \frac{T}{F_p}}$$

$U_o$ - Zähmeti guramagyň derejesiniň umumy görkezijisi;
T -Iş wagtyny öndürijilikli ulanmak;
$F_p$ –Jemi iş wagty fondy;

## XXV-bap. Zähmeti goramagyň kanunçylyk esaslary

Zähmeti goramak-munuň özi zähmet işiniň barşynda işgärleriň ömrüniň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün ediş ulgamydyr. Muňa hukuk, durmuş-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitariýa-arassaçylyk, bejeriş-öňüni alyş, dikeldiş we beýleki çäreler hem-de serişdeler girýär.

Zähmet şertleri-munuň özi işgäriň işe ukyplylyk we saglyk ýagdaýyna täsir edýän önümçilik gurşawynyň we zähmet işiniň faktorlarynyň jemidir.

Zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary şulardan ybarat:

1. Işgärleriň ömrüni we saglygyny goramagyň ileri tutulýan ugurlaryny üpjün etmekden;
2. Zähmeti goramak boýunça Türkmenistanyň kanunlaryny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem zähmetiň şertlerini we ony goramagy kämilleşdirmegiň maksada laýyk maksatnamalaryny kabul etmekden we durmuşa geçirmekden;
3. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşyndan;
4. Zähmeti goramagyň talaplaryny berjaý etmegiň döwlet gözegçilik barlagyndan we gözegçiliginden;
5. Howply bolan işleri ygtyýarlylandyrmakdan, önümçilik maksatly önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) güwälendirilmeginden;
6. Zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegi üçin jemgyýetçilik gözegçiligi boýunça kärdeşler arkalaşyklary edaralaryna ýardam etmekden;
7. Önümçilikde bolan betbagtçylykly ýagdaýlaryň we hünär keselleriň derňewinden we hasabatyndan;
8. Önümçilikde bolan heläkçilikli ýagdaýlardan we hünär keseller sebäpli zyýan çeken işgärleriň, şeýle hem olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan;
9. Zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan iş üçin öwezini dolmalary bellemekden;

10. Zähmeti goramak babatda işi, daşky gurşawy gorap saklamak işini we ykdysady hem-de durmuş işiniň beýleki görnüşlerini utgaşdyrmakdan;
11. Zähmetiň şertlerini we ony goramagy kämilleşdirmek boýunça öňdebaryjy milli we daşary ýurt iş tejribesini ýaýratmakdan;
12. Zähmeti goramagyň çygrynda, ony ylmy taýdan guramakdan, täze tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmakdan, rasionalizatorlyk we oýlap tapyjylyk işini höweslendirmekden;
13. Zähmeti goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmäge döwletiň gatnaşmagyndan;
14. Zähmeti goramak boýunça hünärmenleri taýýarlamakdan we olaryň hünärini ýokarlandyrmakdan;
15. Zähmetiň şertleri hakynda, şeýle hem önümçilik şikesi, hünär keseli hakynda we olaryň maddy netijeleri barada döwlet statistik hasabaty guramakdan;
16. Zähmeti goramagyň bütewi habar beriş ulgamyny ösdürmekden we onuň işlemegini üpjün etmekden;
17. Zähmeti goramak boýunça halkara hyzmatdaşlygyndan;
18. Zähmetiň howpsuz şertlerini höweslendirýän, tehniki howpsuzlygy we tehnologiýany işläp düzmegi we ornaşdyrmagy, işgärleriň hususy we köpçülikleýin goranyş serişdeleriniň önümçiligini ýola goýmagy höweslendirýän netijeli döwlet salgyt syýasatynyň geçirilmeginden;
19. Işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri, şeýle hem sanitariýa-durmuş jaýlary we enjamlary, bejeriş-öňüni alyş serişdeleri bilen iş berijileriň serişdeleriniň hasabyna üpjün etmegiň tertibini bellemekden.

Zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny durmuşa geçirmek döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, iş berijileriň we olaryň birleşikleriniň, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň we zähmeti goramagyň meseleleri

boýunça wekilçilikli edaralarynyň beýleki ygtyýarly işgärleri bilen bilelikde ylalaşykly hereketleri bilen üpjün edilýär.

Işgäriň howpsuzlyk we arassaçylyk talaplaryna jogap berýän zähmete bolan hukugy bardyr. Bu babatda her bir işgär şu aşakdaky hukuklara eýedir:

1. Zyýanly ýa-da howply önümçilik faktorlarynyň täsirinden ýol berilýän kadalaryň goragly çäklerinde bolup biljek önümçilik heläkçiliginden, hünär keselinden ýa-da işe ukyplylygyň peselmeginden goragly iş ornuna;
2. Iş ýerinde zähmet şertleri we ony goramak barada, saglyga zyýan ýetirip biljek howply ýagdaýlar barada, şeýle hem saglyga zyýan ýetirip biljek we howply ýa-da önümçilik faktorlarynyň täsirinden goramak boýunça çäreler hakynda iş berijiden, degişli döwlet edaralaryndan we jemgyýetçilik birleşiklerinden doly we dogry maglumaty almaga;
3. Işgäriň ýa-da beýleki adamlaryň ömrüne we saglygyna howp döreýän bolsa, onda zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde şeýle howp aradan aýrylýança işleriň ýerine ýetirilmeginden ýüz öwürmäge. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa girmeýär;
4. 4.Zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna üpjün edilmegine;
5. Işiň howpsuz usullaryny we tärlerini okatmagy (gönükdirmegi) iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmaga;
6. Zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde iş orny ýatyrylan halatynda gaýtadan hünär taýdan taýýarlamagy iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmaga;
7. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi edaralary tarapyndan, zähmet şertlerine döwlet seljermesini amala aşyrýan işgärler tarapyndan, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary tarapyndan onuň iş ornunda

zähmet şertleriniň we goramagyň barlagyny geçirmek hakynda talapnama bermäge;
8. Döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, iş berijä we iş berijileriň birleşiklerine, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklaryna we zähmeti goramagyň meseleleri boýunça wekilçilikli edaralarynyň beýleki ygtyýarly işgärlerine ýüzlenmäge;
9. Iş ornunda işgäriň howpsuz zähmet sertleri bilen üpjün edilmegi bilen baglanyşykly meseleleriň seredilmegine hut onuň özi ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen onuň bilen bolup geçen önümçilikdäki betbagtçylykly ýagdaýy ýa-da hünär keseli sebäpli derňemäge gatnaşmaga;
10. Lukmançylyk gözegçiliginden (barlagyndan) geçýän wagtynda, onuň iş ýerini (wezipesini) we ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen, lukmançylyk maslahatlaryna laýyklykda nobatdan daşary lukmançylyk gözegçiligine (barlagyna);
11. Eger ol zähmetiň zyýanly, agyr şertleri bolan işlerde meşgul bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan, zähmet we köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen bellenilen öwezini dolmalara we beýleki töleglere.

Döwlet zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagy kepillendirýär. Döwlet zähmeti goramak işini guramagy üpjün edýär, zähmeti goramak boýunça talaplaryň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýar, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi belleýär. Işgärleriň zähmet şertleri zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmelidir. Zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi edaralary tarapyndan işleriň wagtlaýyn togtadylmagy, eger ol işgäriň günäsi bilen bolmadyk halatynda, onuň iş ýeri (wezipesi) we ortaça zähmet haky saklanylýar.

Işgäriň we onuň töweregindäkileriň ömrüne we saglygyna gös-göni howp dörände özüne tabşyrylan işi ýerine ýetirmekden

işgär ýüz öwren halatynda, zähmet howpsuzlygyny gös-göni üpjün edýän zerur hususy gorag serişdeleri berilmedik halatynda, gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň döwlet edaralary tarapyndan işleri geçirmek togtadylanda we gadagan edilende, bozulma aradan aýrylýança ýa-da täze iş orny döredilýänçä, işgäre bir aýa çenli möhletde onuň hünärine laýyk gelýän başga iş ýa-da onuň razylygy bilen öňki işindäki ortaça zähmet hakyndan pes bolmadyk, beýleki iş berilmelidir. Iş beriji zerur halatda öz serişdeleriniň hasabyna işgäri täze käre (hünäre) taýýarlamak döwründe oňa ortaça zähmet hakyny tölemek bilen okatmaga borçludyr.

Eger işgäre başga işiň berilmegi obýektiw sebäplere görä mümkin bolmasa, işgäriň ömri we saglygy üçin howp aradan aýrylýança, onuň işden boş duran wagty Türkmenistanyň kanuçlygyna laýyklykda iş beriji tarapyndan tölenilýär.

Işgär bellenilen kadalara laýyklykda, hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen üpjün edilmedik halatynda, iş berijiniň işgärden zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegini talap etmäge hukugy ýokdyr we ýüze çykan ýagdaý boýunça işden boş duran wagty üçin kanuna laýyklykda tölemäge borçludyr.

Zähmeti goramak talaplarynyň bozulmagy netijesinde işgäriň ömri we saglygy üçin howp dörän mahalynda işleri ýerine ýetirmekden ýa-da zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulmadyk zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işleri ýerine ýetirmekden işgäriň boýun gaçyrmagy onuň düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilmegine eltmeýär.

Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen işgäriň ömrüne we saglygyna zyýan (zelel) ýetirilen halatynda, oňa ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Zähmet şertleri sebäpli işgäriň saglyk ýagdaýynyň ýaramazlaşan halatynda, önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý ýa-da hünär keseli sebäpli onuň zähmete bolan ukybyny ýitiren ýagdaýda, iş beriji işgäri onuň razylygy boýunça, lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda iş bilen ýa-da öz serişdeleriniň hasabyna işgäriň täze kär (hünär) almak üçin okamagyny üpjün

etmäge borçludyr. Oňa gaýtadan taýýarlaýyş döwründe ortaça zähmet hakyny saklamalydyr, zerur halatda onuň saglygynyň we zähmete ukyplylygynyň dikeldilmegini göz öňünde tutulmalydyr.

Has howply önümçilik şertlerinde işleýän işgärler topary iş beriji tarapyndan önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlardan we hünär kesellerinden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hökmany şahsy ätiýaçlandyrma degişlidir.

Zyýanly, aýratyn agyr zähmet şertleri bolan işlerde işleýän işgäriň zähmetiň aýratyn şertleri bilen baglanyşykly işi üçin zähmet pensiýasyna, ýokarlandyrylan möçberde zähmet hakyna, bejeriş-öňüni alyş iýmiti, süýt ýa-da deň derejeli azyk önümleri bilen tölegsiz üpjün edilmegine, zähmet şertleri boýunça tölegli arakesmelere, gysgaldylan iş gününe, goşmaça zähmet rugsadyna, şeýle hem beýleki öwezini dolmalara hukugy bardyr. Zähmet şertleri, olaryň görnüşleri, möçberleri boýunça öwezini dolmaga hukugy bolan hünärleriň we işgärler toparynyň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Işgär zähmet şertnamasyny baglaşanda ýa-da başga işe geçirilende iş beriji tarapyndan zähmetiň şertleri hakynda, şol sanda hünär keseli we başga keseller bilen kesellemek töwekgelçiligi hakynda, şu sebäpli oňa degişli bolan ýeňillikler we öwezini dolmalar, şeýle hem hususy gorag serişdeleriniň bolmagy hakynda habardar edilmelidir. Iş beriji şeýle hem işgärleri ýa-da işgärleriň wekilçilikli edaralaryny anyk iş orunlarynda we önümçilikde zähmeti goramagyň ýagdaýy hakynda habardar etmäge borçludyr.

Kärhanada zähmeti goramagy üpjün etmek boýunça borçlar iş berijiniň üstüne ýüklenilýär. Bu babatda iş beriji şulary üpjün etmäge borçludyr:

1. Jaýlar, binalar, maşynlar, mehanizmler, enjamlar ulanylanda, tehnologik prosesler amala aşyrylanda, şeýle hem önümçilikde gurallar, çig mal we materiallar ulanylanda işgärleriň howpsuzlygyny;
2. Işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdelerini peýdalanmagyny;

3. Her bir iş ornunda zähmeti goramagyň degişli talaplaryna laýyk gelýän iş şertleriniň bolmagyny;
4. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärleriň zähmet we dynç alşynyň düzgünini;
5. Öz hususy serişdeleriniň hasabyna, zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde, şeýle hem hapalanmak bilen baglanyşykly aýratyn temperatura şertlerinde ýerine ýetirilýän işlerde işleýänlere bellenilen kadalara laýyklykda ýörite egin-eşigiň, ýörite aýakgabynyň we beýleki hususy gorag serişdeleriniň, ýagny ýuwýan we zyýansyzlandyrýan ýa-da ýokançsyzlandyrýan serişdeleriň alynmagyny we olara berilmegini;
6. Zähmeti goramak boýunça işleriň howpsuz usullaryny we işi ýerine ýetirmegiň tärlerini okatmak we önümçilikde döreýän betbagtçylykly ýagdaýlarda ilkinji kömegi bermek, zähmeti goramak boýunça gözükdirmek, iş ornunda tälim alşyny we zähmeti goramagyň talaplary boýunça bilimleri barlamagy, işleri ýerine ýetirmegiň howpsuz usullaryny we tärlerini;
7. Bellenilen tertipde zähmeti goramak boýunça okuw we gözükdirme geçmedik, tälim alşy we zähmeti goramagyň talaplary boýunça bilim barlagyny geçmedik adamlaryň işe goýberilmezligini;
8. Iş orunlarynda zähmet şertleriniň ýagdaýyna, şeýle hem hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň işgärler tarapyndan dogry peýdalanylyşyna gözegçiligi guramagy;
9. Iş orunlaryna hünär synagynyň (attestasiýasynyň), zähmeti goramak boýunça kadalaryna we düzgünlerine laýyklygyny geçirmegi;
10. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda öz hususy serişdeleriniň hasabyna hökmany deslapky (işe giren halatynda) we döwürleýin (zähmet işiniň dowamynda) lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny), işgärleriň haýyşy boýunça nobatdan daşary lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny) guramaga, şunda ýokarda görkezilen lukmançylyk taýdan gözegçiligi (barlagy)

geçirilen wagtynda olara iş ýeriniň (wezipesiniň) we ortaça aýlyk hakynyň saklanylmagyny;

11. Sanawy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen hünärler boýunça hökmany lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny) geçmedik işgärleri, şeýle hem lukmançylyk taýdan olara garşy gelýän halatlarda zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge goýbermezlige;
12. Iş ýerlerinde işgärlere zähmet şertleri we onuň goralyşy hakynda, saglyga zeper ýetirýän töwekgelçilik hakynda we olara degişli bolan öwezini dolmalar we hususy hem-de köpçülikleýin gorag serişdeleri hakynda işgärleriň habardar edilmegini;
13. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş edaralaryna, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi edaralaryna, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralarynyň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan resminamalaryň we maglumatlaryň berilmegini;
14. Işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamak üçin heläkçilikli ýagdaýlaryň öňüni almak boýunça, şeýle ýagdaýlar dörän halatynda, şol sanda heläkçilik çekenlere ilkinji kömegi bermek boýunça çäreleriň kabul edilmegini;
15. Türkmenistanyň kanunçylygnda bellenilen tertipde önümçilikde betbagtçylykly halatlary we hünär kesellerini derňemegi, hasaba almagy we seljermegi ejir çekene, ol aradan çykan mahalynda bolsa-aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzasyna), kanuny wekiline betbagtçylykly halat hakyndaky ykrarnamanyň tassyklanan nusgasyny derňew gutarandan soň üç günden gijä galman bermäge;
16. Zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda işgärlere sanitariýa-durmuş we bejeriş-öňüni alyş taýdan hyzmat etmegi;
17. Barlaglar we derňewler geçirmek üçin Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş, döwlet gözegçilik barlagy we gözegçilik,

jemgyýetçilik gözegçiligi edaralarynyň wezipeli adamlarynyň päsgelçiliksiz goýberilmegini;

18. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçilik edaralarynyň wezipeli adamlarynyň tabşyryknamalarynyň ýerine ýetirilmegini we jemgyýetçilik gözegçiligi edaralarynyň tabşyryknamalarynyň bellenilen tertipde seredilmegini;
19. Işgärleriň iş ýerinde zähmet howpsuzlygy we arassaçylygy boýunça zerur resminamalar bilen tanyşmagy;
20. Işgärler üçin kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki ygtyýarly guramasynyň pikirini göz öňünde tutmak bilen zähmeti goramak boýunça gollanmalaryň işlenilmegini we tassyklanylmagyny;
21. Zähmet işinde işgärleriň beden we psihologik ýadawlygyny aýyrmak üçin ylmy taýdan esaslandyrylan we praktiki taýdan amala aşyrylýan ähli çäreleriň kabul edilmegini;
22. Işgärlere gutulgysyz howply hasaplanýan amallary ýerine ýetirmegiň gadagan edilmegini;
23. Önümçilikde betbagtçylykly hadysalar we awariýa hakynda degişli edaralara öz wagtynda habar berilmegini;
24. Kärhananyň işiniň aýratynlygyna laýyklykda, zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bolmagyny we olar bilen işgärleriň tanyşdyrylmagyny.

Ähli kärhanalarda howpsuzlygyň we arassaçylygyň talaplaryna laýyk gelýän zähmet şertleri döredilmelidir. Şeýle şertleriň döredilmegi iş berijiniň borjuna girýär. Zähmeti goramak boýunça talaplar Türkmenistanyň Zähmet kodeksi, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem tehniki standartlar bilen bellenilýär. Iş beriji Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagyna jogapkärçilik çekýär.

Zähmet işiniň barşynda işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamaga gönükdirilen zähmeti goramagyň döwlet

kadalaşdyryjy talaplary kadalar, düzgünler we ölçegler bilen bellenilýär.

Zähmeti goramagyň talaplary işiň islendik görnüşleri amala aşyrylanda, şol sanda obýektler taslanylanda, olaryň gurluşygynda (durky täzelenende) we ulanylanda, maşynlar, mehanizmler we beýleki enjamlar konstruirlenende, tehnologik prosesler işlenip düzülende, önümçilik we zähmet guralanda edara görnüşindäki we şahsy taraplaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmanydyr.

Zähmeti goramak boýunça işlere laýyk gelýän güwänama (howpsuzlyk güwänamasy)-munuň özi kärhanada zähmeti goramak boýunça geçirilýän işleriň zähmeti goramagyň döwlet tarapyndan bellenen kadalaşdyryjy talaplara laýyk gelýändigini tassyklaýan resminamadyr. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşy zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny durmuşa geçirmekde, zähmeti goramak babatda kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp düzmekde, şeýle hem işgärlere zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerini üpjün edýän önümçiligiň serişdelerine, tehnologiýasyna we zähmeti guramaga bolan talaplary özünde jemleýär. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar.

Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralary "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy we zähmeti goramak babatda işi amala aşyrýan beýleki döwlet edaralary hasaplanylýar. "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

1. Zähmeti goramagyň döwlet toplumlaýyn dolandyryşyny üpjün edýär, zähmeti goramak boýunça pudagara işi utgaşdyrýar;
2. Zähmeti goramak boýunça döwlet maksatnamalaryny işläp düzmegi guraýar we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;
3. Kärhanalarda zähmet howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ylmy esaslarda esaslandyrylan standartlaryň, düzgünleriň we kadalaryň zerur talaplaryny belleýär. Kadalaşdyryjy hukuk

namalary Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan kepilliklerden pes bolmadyk derejede işgärleriň ömrüni we saglygyny goramak baradaky hukugyny üpjün etmelidir;
4. Zähmeti goramak boýunça döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrýar we zähmet şertlerine döwlet seljermesini geçirýär;
5. Bellenilen tertipde önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary we heläkçilikleri derňeýär;

Zähmeti goramak çygrynda "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugynyň kararlary ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we kärhanalaryň ählisi üçin hökmanydyr. Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1. Kärhana islendik wagty päsgelçiliksiz baryp görmäge, ministrliklerden, pudaklaýyn dolandyryş we kärhanalardan zerur maglumaty almaga;
2. Kärhanalaryň ýolbaşçylaryna we beýleki wezipeli adamlaryna ýerine ýetirmek üçin hökmany tabşyryknamalary bermäge;
3. Zähmeti goramagyň talaplary bozulan halatynda kärhanalaryň, aýry-aýry önümçilikleriň, sehleriň, uçastoklaryň, iş ýerliriniň we enjamlaryň ulanylyşyny togtatmaga (gadagan etmäge);
4. Kärhanalaryň ýolbaşçylaryna, wezipeli adamalaryna, işgärlerine zähmeti goramak boýunça kanunçylygyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bozulandygy üçin jerime salmaga, görkezilen adamlary eýeleýän wezipesinden boşatmak hakynda teklipnama girizmäge, zerur halatlarda materiallary prokuratura edaralaryna bermäge.

Iş beriji zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň wekillerine öz üstüne ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin ähli zerur şertleri üpjün edýär.

Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň bellenilen ygtyýarly adamlary öz ygtyýarlyklarynyň çäginden çykanlygy we esassyz idinleri ulanandygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

Zähmeti goramak babatda ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we dolandyryşyň beýleki edaralarynyň şu aşakdaky ygtyýarlyklary bar:

1. Zähmeti goramak çygrynda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny durmuşa geçirýärler;
2. Standartlary, düzgünleri, gollanmalary we beýleki kadalaşdyryjy namalary işläp düzýärler, gurluşygyň taslamalarynyň tehniki seljermesini we obýektleriň durkuny täzelemegi, täze tehnologik prosesleri we enjamlary zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda durmuşa geçirýärler;
3. Zähmeti goramagyň kadalary we düzgünleri boýunça kärhanalaryň ýolbaşçy işgärlerini we hünärmenlerini bellenilen tertipde okatmagy guraýarlar;
4. Zähmeti goramagyň ýagdaýy üçin içki edara gözegçiligini amala aşyrýarlar;

Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary welaýatlarda, etraplarda we şäherlerde, şeýle hem geňeşliklerde zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýärler.

Önümçilik işini amala aşyrýan işgärleriniň sany 50-den köp bolan her bir kärhanada zähmeti goramagyň talaplaryny berjaý etmegi üpjün etmek, şolaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen kärhananyň zähmeti goramak gullugy döredilýär ýa-da şol çygyrda zähmeti goramak boýunça degişli taýýarlygy ýa-da iş tejribesi bolan hünärmeniň wezipesi girizilýär. Zähmeti goramak gullugy öz derejesi boýunça kärhananyň esasy önümçilik gulluklaryna deňeşdirilýär we kärhananyň ýolbaşçysyna tabynlykda durýar. Zähmeti goramak gullugynyň işgärlerine olara mahsus bolmadyk wezipeleri ýüklemek gadagan edilýär.

Kärhanalarda iş berijiniň başlangyjy, şeýle hem işgärleriň ýa-da kärdeşler arkalaşygynyň we (ýa-da) işgärleriň beýleki

wekilçilikli guramasynyň başlangyjy boýunça zähmeti goramak baradaky toparlar döredilýär. Olaryň düzümine deň esasynda iş berijileriň, kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň wekilleri girýärler. Zähmeti goramak baradaky toparlar hakynda birkysmy düzgünnama “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy tarapyndan işlenilýär we tassyklanylýar.

Zähmeti goramak baradaky topar iş berijiniň we zähmeti goramagyň talaplaryny üpjün etmek boýunça işgärleriň bilelikdäki hereketi netijesinde önümçilik şikesiniň we hünär keselleriniň öňüni almak boýunça, şeýle hem iş ýerlerinde zähmeti goramagyň şertleriniň barlaglarynyň geçirilmegini guraýar we işgärleri görkezilen barlaglaryň netijeleri bilen tanyşdyrýar, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) zähmeti goramak hakyndaky bölümine dahylly teklipleri toplaýar.

Iş beriji özüniň hususy serişdeleriniň hasabyna işgärleriň deslapky (zähmet şertnamasy baglaşylanda) we döwürleýin (işiň barşynda) lukmançylyk gözegçiligini guramaga borçludyr. Oňa şu aşakdakylar degişlidir:

1. 18 ýaşyna ýetmedikler;
2. 62 ýaşa ýeten erkek adamlar, 57 ýaşa ýeten aýallar;
3. Maýyplar;
4. Amatsyz zähmet şertleri bolan işlerde, gijeki işlerde, şeýle hem ulagyň hereketi bilen baglanyşykly işlerde işleýänler;
5. Saglygy goraýyş we derman senagatynyň, azyk senagatynyň işlerinde, söwdada we ilata gös-göni hyzmat edýän beýleki pudaklarda işleýänler;
6. Umumy bilim berýän mekdepleriň we mekdebe çenli edaralaryň we gös-göni çagalary okatmak we terbiýelemek bilen meşgullanýan beýleki edaralaryň mugallymlary we beýleki işgärleri;

Amatsyz zähmet şertleri bolan we beýleki işlerde deslapky we döwürleýin lukmançylyk gözegçiligi geçimegiň tertibi we şol işleriň sanawy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

Lukmançylyk gözegçiliginden geçmeklige degişli bolan işgärleriň lukmançylyk gözegçiliginden geçmekden boýun gaçyrmaga haky ýokdur. Lukmançylyk gözegçiliginden geçmekden boýun gaçyran işgärleri ýa-da lukmanlar toparlary tarapyndan barlaglaryň netijesi boýunça olaryň beren maslahatlaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwren işgärleri iş berijiniň işe goýbermezlige haky bardyr. Saglyk ýagdaýy boýunça ýaramazlyk görkezijisi bolan işlerde işgärleriň zähmetiniň peýdalanylmagyna ýol berilmeýär. Işgäriň şulara hukugy bardyr:

1. Eger işgär iş şertleri bilen baglanyşykly özüniň saglyk ýagdaýy ýaramazlaşýar diýip hasap etse, nobatdan daşary lukmançylyk gözegçiligiň geçirilmegini talap etmäge;
2. Işe girende deslapky we zähmet işiniň dowamynda döwürleýin lukmançylyk gözegçiligi geçirilende şolaryň netijeleri boýunça özüniň saglyk ýagdaýy barada gelnen netije hakynda maglumat almaga.

Işgärler iş bilen baglanysykly lukmançylyk gözegçiliginden geçmek üçin  çykdajylary tölemeýärler.

Zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde, şeýle hem hapalanmak bilen baglanyşykly ýa-da aýratyn ýokary temperaturalarda ýerine ýetirilýän işlerde işleýän işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylýan kadalara laýyklykda ýuwup aýyrýan we zyýansyzlandyrýan ýa-da hapalandyrmaýan, ýokuşdyrmaýan hususy goragyň güwälendirilen serişdeleri berilýär.

Işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri hökmünde zyýanly ýa-da howply önümçilik faktorlarynyň täsiriniň öňüni almak we (ýa-da) azltmak üçin, şeýle hem hapalanmakdan goranmak üçin ulanylýan tehniki we beýleki serişdelere düşülnilýär.

Işgärleriň hususy gorag serişdelerini edinmegi, saklamagy, ýuwmagy, arassalamagy, abatlanmagy, dezinfeksiýasy we olaryň zyýansyzlandyrylmagy iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Iş beriji işgärlere ýörite eşigiň bellenilen kadalara laýyklykda, ýörite aýakgaby we hususy goragyň beýleki serişdelerini goramagy, ýuwmagy, guratmagy, dezinfeksiýany, degazasiýany, dezaktiwizasiýany we abatlygy üpjün etmäge borçludyr.

Işgärlere ýörite geýime we ýörite aýakgaba derek olary edinmek üçin, şeýle hem şolary taýýarlamak üçin materiallary edinmäge pul serişdeleriniň berilmegine rugsat berilmeýär.

Aýratyn halatlarda, haçanda ýörite geýim we ýörite aýakgap öz möhletinde berilmedik bolsa we şonuň netijesinde olar işgär tarapyndan edinilen bolsa, iş beriji şol geýimi we aýakgaby edinmek üçin harç edilen çykdajylary olara tölemäge borçludyr.

Zähmetiň amatsyz şertleri bolan işlerde işleýän işgärler bellenen kadalara boýunça şu aşakdakylar bilen mugt üpjün edilýär:

1. Süýt ýa-da deň derejeli beýleki azyk önümleri bilen;
2. Bejeriş-öňüni alyş iýmiti bilen;
3. Gazlaşdyrylan duzly suw (gyzgyn sehlerde işleýän adamlar üçin), çaý bilen;
4. Hususy gorag we arassaçylyk serişdeleri bilen.

Kärhanalaryň işgärlerini zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda, sanitariýa-durmuş we bejeriş-öňüni alyş taýdan hyzmat etmegi üpjün etmek iş berijiniň üstüne ýüklenilýär. Şu maksatlar bilen kärhanada bellenilen kadalara laýyklykda sanitariýa-durmuş otaglary, naharlanmak üçin otaglar, lukmançylyk kömegini bermek üçin otaglar, iş wagtynda dynç alyş üçin we psihologik taýdan halyny ýeňletmek üçin otaglar enjamlaşdyrylýar, dermanhanajykly sanitariýa nokatlary döredilýär. Olar dermanlyk serişdeleriniň toplumyndan we ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin üsti ýetirilen toplumdan ybaratdyr. Gyzgyn sehlerdäki we uçastoklardaky işgärleri gazlaşdyrylan duzly suw we beýlekiler bilen üpjün etmek üçin abzallar (enjamlar) oturdylýar.

Önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlardan we professional kesellerden heläkçilik çeken, şeýle hem lukmançylyk taýdan

görkezijileri bolan işgärler kärhananyň ulag serişdeleri bilen ýa-da olaryň ýaşaýan ýerine äkidilýär.

Iş beriji işe ýerleşdirmek tertibinde iş bilen üpjün edýär ýerli edara tarapyndan iberilen maýyplary bellenilen möçberiň hasabyna iş orunlaryna işe kabul etmäge borçludyr. Hemaýata matäçligi anyklaýyş toparynyň doly däl iş wagtynyň düzgüni, maýyplaryň iş ýüküniň peseldilmegi we beýleki şertleri hakyndaky maslahatlarynyň iş beriji tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmandyr.

Maýyplary gijeki wagtdaky işlere, şeýle hem iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilýän işlere we dynç güni işe çekmäge, şeýle işlere olara lukmançylyk netijenamalary boýunça gadagan edilmedik şertlerinde diňe olaryň razylygy bilen ýol berilýär.

Işgär zähmeti goramak babatda şu aşakdakylara borçludyr:

1. Zähmeti goramagyň Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem zähmeti goramak boýunça düzgünler we gollanmalar tarapyndan bellenilen talaplaryny berjaý etmäge;
2. Zähmeti goramak boýunça degişli gollanmalaryň, düzgünleriň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny berjaý etmäge, maşynlary, enjamlary we önümçiligiň beýleki serişdelerini howpsuz ulanmagyň, şeýle hem kärhananyň, önümçilik, kömekçi we durmuş jaýlarynyň çäginde alyp baryş kadalaryny berjaý etmäge;
3. Köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) esasynda zähmeti goramak boýunça kadalary hem borçnamalary we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip nyzamyny ýerine ýetirmäge;
4. Hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň dogry ulanylmagyna, olaryň ýok halatlarynda gös-göni ýolbaşça haýal etmän habar bermäge;
5. Zähmeti goramak boýunça işlerde howpsuzlyk usullaryny we tärlerini öwrenmäge, önümçilikde betbagtçylykly hadysalarda ilkinji kömegi bermäge, zähmeti goramak boýunça gözükdirmäni, iş ýerinde tälim alşyny, zähmeti

goramagyň talaplaryna bolan bilimleriň barlanylmagyny geçirmäge;
6. Işgär ilkinji gezek işe giren mahaly hökmany suratda deslapky we zähmet işi döwründe döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini (barlagyny) geçmäge;
7. Sagdyn we howpsuz iş şertlerini döretmäge we şeýle iş bilen üpjün etmekde iş beriji bilen hyzmatdaşlyk etmäge, önümçilikde bolup geçen betbagtçylykly hadysa hakynda, şeýle hem özi ýa-da onuň daş-töweregindäki adamlar üçin howp salýan ýagdaýlar hakynda haýal etmän gös-göni ýolbaşçysyna habar bermäge.

Iş berijiniň üstüne işgärleri tehniki howpsuzlyk, önümçilik sanitariýasy, ýangyna garşy gorag we zähmeti goramagyň beýleki düzgünleri boýunça gözükdirmäni geçirmek, şeýle hem zähmeti goramak boýunça ähli talaplaryň işgärler tarapyndan berjaý edilmegine hemişelik gözegçiligi amala aşyrmak wezipesi ýüklenilýär. Iş beriji işgärleriň zähmeti goramagyň kadalarynyň we olaryň bilimleriniň barlagyny geçirmäge borçludyr. Okuwy, gözükdirmäni geçmedik we zähmeti goramak boýunça bilimleri barlanmadyk adamlary işe goýbermek gadagandyr.

Kärhananyň ähli işgärleri, şol sanda onuň ýolbaşçysy hem zähmeti goramak boýunça okuwy we zähmeti goramagyň talaplarynyň bilimlerine bolan barlagyny geçmäge borçludyrlar.

Iş beriji ýa-da onuň ygtyýarly eden adamy işe ýerleşýän ähli adamlar, şeýle hem başga işe geçirilýän işgärleriň hemmesi üçin zähmeti goramak boýunça gözükdirme geçirmäge, işleriň howpsuz usullarynyň, tärleriniň öwredilmegini we heläkçilik çekenlere ilkinji kömegiň berilmegini guramaga borçludyr.

Iş beriji zyýanly we ýa-da howply zähmet şertleri bolan işe girýän adamlaryň işleri ýerine ýetirmekde howpsuz usullary we tärleri ulanmagy iş ýerinde tälim alşy geçmek we synaglary tabşyrmak hem-de zähmeti goramagyň yzygiderli okuwyny geçirmek we iş döwründe zähmeti goramak talaplaryna bolan bilimleriniň barlagyny üpjün edýär.

Döwlet “Zähmeti goramak” kursunyň özbaşdak ders ýa-da degişli dersiň özbaşdak bölümi hökmkünde hökmany öwrenilmegini göz öňünde tutýan Türkmenistanyň okuw mekdeplerinde zähmeti goramak boýunça okuwyň guralmagyna ýardam edýär. Döwlet orta hünärmentçilik we ýokary okuw mekdeplerinde zähmeti goramak boýunça hünärmenleriň hünär taýýarlygyny üpjün edýär.

Iş beriji saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan işiň berilmegine mätäçlik çekýän işgärleri olaryň razylygy bilen lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda wagtlaýyn ýa-da möhletsiz şonuň ýaly işe geçirmäge borçludyr.

Saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan pes aýlyk tölenýän işe geçirilende işgärlere öňki ortaça zähmet haky işe geçirilen gününden 2 hepdäniň dowamynda saklanylýar.

Iş bilen baglanyşykly maýyplyk ýa-da saglygyna zeper ýetirilmegi sebäpli wagtlaýyn pes aýlyk tölenilýän işe geçirilmegi onuň saglyk ýagdaýyna jogapkär bolan iş beriji işgäriň öňki ortaça aýlyk zähmet haky bilen häzirki täze işindäki zähmet hakynyň arasyndaky tapawudy töleýär. Şeýle tapawut işgäre onuň zähmet ukyby dikeldilýänçä ýa-da maýyplygy bellenilýänçä tölenilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygy bilen saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan pes aýlyk tölenýän işe geçirilende onuň öňki ortaça zähmet hakynyň saklanylmagy beýleki ýagdaýlarda hem göz öňünde tutulyp bilner.

Işgär iş prosesinde onuň ömrüne ýa-da saglygyna howp salýan ýagdaýlaryň dörändigi hakynda haýal etmän iş berijä habar berýär. Zähmeti goramagyň berjaý edilmegine gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýan edaralar tarapyndan şeýle ýagdaýlar tassyklanan halatynda, iş beriji şolary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görýär. Eger zerur çäreler görülmese, işgäriň öz ömrüne ýa-da saglygyna howp salýan ýagdaýlar düzedilýänçä işgär degişli işi ýerine ýetirmekden ýüz öwürmäge haklydyr. Işgäre şol döwürde onuň ortaça zähmet haky saklanýar.

Iş beriji iş (gulluk) ýerinde kesellän işgärlere ilkinji lukmançylyk kömegini bermäge gönükdirilen çäreleri görmäge borçludyr. Iş (gulluk) ýerinde kesellän işgärleri bejeriş-öňüni alyş edaralaryna äkitmek iş berijiniň hasabyna geçirilýär.

Gurluşygyň we önümçilik desgalarynyň durkuny täzeleýiş taslamalary, şeýle hem maşynlar, mehanizmler we beýleki önümçilik enjamlar, tehnologik prosesler zähmeti goramagyň standartlarynyň, düzgünleriniň we kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

Gurluşygyň we önümçilik desgalarynyň durkuny täzeleýiş taslamalarynyň zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelýändigi hakynda zähmet şertleriniň döwlet bilermen toparynyň netijenamasy bolmazdan, önümçilik desgalaryny gurmak, durkuny täzelemek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, täze tehnikany öndürmek we ornaşdyrmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak gadagandyr. Täze ýa-da durky täzelenilýän önümçilik desgalary zähmeti goramagyň talaplarynyň berjaý edilişine degişli döwlet gözegçilik edaralarynyň netijenamasy bolmasa, olar ulanylmaga kabul edilip bilinmez.

Toksikologik (sanitariýa-arassaçylyk, lukmançylyk-biologik) taýdan baha bermek geçirilmedik, metrologik gözegçiligiň usullary we serişdeleri işlenilip taýýarlanylmadyk zyýanly ýa-da howply maddalary, materiallary, önümleri (işleri, hyzmatlary) önümçilikde ulanmak gadagandyr.

Kärhanada täze ýa-da öň ulanylmadyk zyýanly ýa-da howply maddalar peýdalanylan mahalynda iş beriji görkezilen maddalary ulanmaga başlamazdan öň işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamak boýunça çäreleri işläp taýýarlamaga we olary zähmeti goramagyň talaplarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagynyň we gözegçiliginiň degişli edaralary bilen ylalaşmaga borçludyr.

Maşynlar, mehanizmler we beýleki önümçilik enjamlary, ulag serişdeleri, tehnologik prosesler, materiallar we himiki maddalar, işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri, şol sanda daşary ýurtda öndürilenler zähmeti goramagyň

talaplaryna laýyk gelmelidir we laýyk geliş güwänamalary bolmalydyr.

Kärhanada zähmeti goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek onuň hususy serişdeleriniň hasabyna, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we býujetden daşary gaznalaryň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Zähmeti goramak üçin berilýän serişdeleriň möçberi howpsuz we sagdyn durmuş şertlerini has doly üpjün etmekden ugur alnyp köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär.

Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş edaralary kärhanalar bilen bilelikde Zähmetiň howpsuzlygy we hili baradaky gaznany döredip bilerler, ony döretmegiň we peýdalanmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary derňemek we olary hasaba almak babatda iş beriji şu aşakdakylara borçludyr:

1. Önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalaryň öz wagtynda derňewini we hasaba almagy geçirmäge;
2. Derňewiň gutaran gününden başlap üç günden gijä galman betbagtçylyk ýagdaý hakyndaky ykrarnamany heläkçilik çekene, ol aradan çykan mahalynda bolsa- aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzalaryna), kanuny wekiline bermäge.

Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemek we hasaba almak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde geçirilýär.

Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemek, resmileşdirmek we ony hasaba almak boýunça meseleler barada gapma-garşylyk, iş beriji (onuň ygtyýarlandyrylan wekili) tarapyndan betbagtçylykly hadysanyň ykrar edilmezligi, betbagtçylykly hadysanyň derňewini geçirmekden hem degişli namany düzmekden ýüz öwrülmegi we heläkçilik çekeniň ýa-da onuň ynanylan adamynyň şol namanyň mazmuny bilen ylalaşmazlygy zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşyna degişli edaralary, kärdeşler arkalaşygy tarapyndan seredilýär. Olaryň kararlary kazyýete şikaýat edilip biner. Şeýle halatlarda şikaýat

edilmegi iş beriji (onuň ygtyýarlandyrylan wekili) tarapyndan bu edaralaryň kararlarynyň ýerine ýetirilmezligi üçin esas bolup bilmeýär.

Zähmeti goramagyň ýagdaýyna döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi ygtyýarly döwlet edaralary amala aşyrýarlar. Zähmeti goramak boýunça kadalaryň we düzgünleriň berjaý edilişine jemgyýetçilik gözegçiligini kärdeşler arkalaşyklary we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralary amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň zähmeti goramak boýunça kanunçylygynyň bozulmagyna günäkär wezipeli we beýleki adamlar, şeýle hem işgärler Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde maddy, düzgün-nyzam, dolandyryş we jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.

Zähmeti goramak boýunça kadalaryň we düzgünleriň bozulyp, önümçilik serişdeleriniň, tehnologiýalarynyň taslamalarynyň işlenip taýýarlanandygy üçin taslama-konstruktorçylyk guramalary bu düzgün bozmalary we olaryň netijelerini düzetmek üçin harajatlary buýruja doly tölemäge borçludyrlar.

Zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmeýän, önümçilik maksatly önümleri öndürýän we iberýän kärhanalar Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýän tertipde we şertlerde sarp edijilere ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolýarlar.

Zähmeti goramak boýunça standartlaryň, düzgünleriň we kadalaryň bellenilen talaplaryna laýyk gelmeýän önümçilik maksatly önümi öndürmek, mahabatlandyrmak we satmak, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşarda satyn alnanlary bikanun hasaplanylýar. Kärhanalar tarapyndan şeýle iş netijesinde alnan peýda bellenilen tertipde alnyp, Türkmenistanyň döwlet býujetine geçirilmäge degişlidir.

# EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat. 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan-sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I-nji tom. Aşgabat, 2008.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II-nji tom. Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
8. "Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli Maksatnamasy – „Türkmenistan" gazeti, 2003-nji ýylyň awgust aýynyň 27-si.
9. "Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy". Aşgabat, 2007.
10. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň mejlisi. „Türkmenistan" gazeti, 2007-nji ýylyň mart aýynyň 31-i.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). „Türkmenistan" gazeti, 2009-njy ýylyň mart aýynyň 9-y.
12. Türkmenistanyň kanuny. Eýeçilik hakynda. "Türkmenistan" gazeti, 1993-nji ýylyň oktýabr aýynyň 22-si.
13. Türkmenistanyň kanuny. Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak hakynda (täze redaksiýada). "Türkmenistan" gazeti, 1997-nji ýylyň iýun aýynyň 30-y.

14. Türkmenistanyň kanuny. Kärhanalar hakynda. “Türkmenistan” gazeti, 2000 -nji ýylyň iýul aýynyň 31-i.
15. Durmuş üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň Kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 2007-nji ýylyň mart aýynyň 19-y.
16. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. „Türkmenistan“ gazeti, 2009-njy ýylyň maý aýynyň 1-i.
17. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy hakynda. „Türkmenistan“ gazeti, 2007-nji ýylyň iýul aýynyň 23-i.
18. Uwdiýew T.O.,Ataýew J.J., Babaýewa M.A. Zähmetiň ykdysadyýeti, Okuw gollanmasy. Aşgabat,1993ý.
19. Bakyýew I.B. we başgalar. Zähmetiň ykdysadyýeti we bazary. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 2001ý.
20. Uwdiýew T.O., Penaýew G.M., Senagatda zähmeti normalaşdyrmak. Aşgabat, 1993ý.

**M A Z M U N Y** **Sahypa**

**Giriş……………………………….………………………1**
**I-bölüm. Zähmetiň ykdysadyýeti.**
I-bap. Zähmetiň ykdysadyýeti dersiniň predmeti we mazmuny ..**2**
II-bap. Zähmet öndürijiligi: mazmuny, görkezijileri, kesgitleniş usullary, täsir edýän faktorlary we ösüş mümkinçilikleri …………………….……………….**10**
III-bap. Kärhanalarda iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň hukuk taýdan düzgünleşdirilişi …………………………………....**24**
IV-bap. Zähmete hak tölemegiň bazar mehanizmi …………….**30**
V-bap. Zähmete hak tölemegi guramagyň hukuk esaslary ……..**44**
VI-bap. Kadrlary taýýarlamagy, gaýtadan taýýarlamagy we hünärini ýokarlandyrmagy guramagyň hukuk esaslary……………………..……………………………….**58**
**II-bölüm. Zähmet görkezijileri.**
VII-bap. Zähmet görkezijileriniň ulgamy we olaryň ähmiýeti ....**66**
VIII-bap. Zähmet resurslarynyň ulanylyşynyň görkezijileri .......**68**
IX-bap. Halk hojalygynyň pudaklarynda işleýänleriň düzüminiň we sanynyň görkezijileri ……......................................................**71**
X- bap. Işgärleriň sanynyň görkezijileri ....................................**75**
XI-bap. Kärhanada işgärleriň hereketiniň görkezijileri ...............**77**
XII-bap. Zähmet görkezijileriniň seljerilişi ...............................**80**
**III-bölüm. Zähmet proseslerini kadalaşdyrmak.**
XIII-bap. Zähmet proseslerini kadalaşdyrmagyň mazmuny we düzümi.....................................................................................**85**
XIV-bap. Önümçilik prosesleri we olaryň düzüm bölekleri …..**89**
XV-bap. Iş wagtynyň harajatlarynyň toparlara bölünişi we olary öwrenmekligiň usullary ……...............................................**92**
XVI-bap. Zähmet baradaky normatiwleriň ulgamyny işläp düzmekligiň usulyýet ...........................................................**104**
XVII-bap. Hyzmat etmegiň, işgärleriň sanynyň we toparlaýyn zähmetiň normalarynyň hasaplanylyşy ..................................**111**
XVIII-bap. Zähmet proseslerini kadalaşdyrmagyň ýagdaýynyň we hiliniň seljermesi ……......……………………………**114**
**IV-bölüm. Zähmetiň şertlerini we goraglylygyny guramak.**

XIX-bap. Zähmetiň şertlerini we goraglylygyny guramaklygyň mazmuny we wezipeleri ........................................................**119**
XX-bap. Zähmet prosesi we ony guramagyň esaslary .............**122**
XXI-bap. Iş ýerini guramak, hyzmat etmek we önümçilikde amatly zähmet şertlerini döretmek ........................................**123**
XXII-bap. Zähmet bölünşigi we birleşmegi …………………..**128**
XXIII-bap. Zähmeti taslamagyň usullary we tilsimleri …........**131**
XXIV-bap. Zähmeti guramagy we onuň derejesine baha bermegi seljermek……………………………………………………...**137**
XXV-bap. Zähmeti goramagyň kanunçylyk esaslary………...**140**
**Edebiýatlar ……………………….……………………...156**